**L. Babaýewa, M. Gurbanow**

# GÜNDOGAR HALKLARYNYŇ SAZ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 378 + 78
B 20

**Babaýewa L, Gurbanow M.**

B 20 **Gündogar halklarynyň saz taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

«Gündogar halklarynyň saz taryhy» okuw kitaby ýokary okuw mekdepleri üçin niýetlenilýär. Şeýle hem bu okuw kitabyndan beýleki ýokary, orta hünär we sazçylyk, medeniýet, sungat mekdepleri hem gollanma hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDKP № 1, 2013 KBK 85.23 (3) ýa 73

© Babaýewa L, Gurbanow M., 2013



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TURKMENISTANYN DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny we baky Bitaraplygyny gazanmagy biziň döwletimiziň taryhynda täze bir taryhy eýýamy açdy. Nesilleri hemmetaraplaýyn ösdürmegi esasy strategiki wezipe edip goýan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz tagallalary we aladalary bilen ýaşlara gowy bilim bermek, olaryň netijeli okamagy we ylmy döredijiligini ýüze çykarmak, dünýä ylmynyň we medeniýetiniň genji-hazynasyna mynasyp goşant goşmaklary üçin zerur bolan ähli şertler we mümkinçilikler döredildi. Milli Liderimiziň syýasatynda türkmen halkynyň taryhy we medeni meselelerine uly orun berildi we olar bu meseleleriň ruhy maksatnamasy bolup hyzmat edýär. Asyrlar boýy däp-dessurlary bilen özara gatnaşykda bolan gündogar halklarynyň medeniýetini öwrenmeklik öz milli mirasymyzyň çuňňur gadymy kökleriniň dikeldilmegine ýardam edýär.

Her bir halk özüniň taryhynda, geçmişinde dürli wakalary başdan geçirip, müňýyllyklary özünde jemläp, öz ajaýyp saz mirasyny dilden-dile, nesilden nesle geçirip, şu günlere çenli saklap gelipdir. Gündogar halklarynyň ruhy gymmatlygynyň umumylygy, olaryň medeniýetiniň baýlygy we dürli görnüşliligi, estetiki, pelsepe we dini garaýyşlarynyň ýakynlygy – bularyň ählisini öwrenmeklik şu günki günde wajyp meseleleriň biri bolup galýar we gadymy beýik gündogar medeniýetiniň düzüm bölegi bolan türkmen medeniýetini has çuň öwrenmeklige esas döredýär. Häzir Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň okuw terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmek barada çykaran kararlaryndan ugur alyp, gadymy ruhy mirasymyzy we onuň köklerini doly dikeldip durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen,

umumy gündogar halklarynyň saz medeniýetiniň taryhy barada okuw kitabyny döretmekligiň zerurlygy ýüze çykdy.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň dürli hünär bölümleri üçin niýetlenýär. Sapagyň maksatnamalaryna laýyklykda kitap iň irki döwürlerden başlap, şu güne çenli gadymy medeniýetleriň ösüş ýoluny we emele gelşiniň esasy tapgyrlaryny, halklaryň baý döredijilik mirasyny we professional sungatynyň (raga, mugam, kuý) gelip çykyşyny yzygiderli beýan edýär.

«Gündogar halklarynyň saz taryhy» okuw kitabynda sazçylyk sungatynyň dürli görnüşiniň ösmegi bilen üznüksiz baglanyşykly Gündogaryň pelsepe ylmy, dini, tans we şahyrana döredijiliginiň käbir hadysalaryna hem seredilip geçilýär. Kitapda Merkezi Aziýanyň, Ýakyn we Uzak Gündogaryň saz gurallarynyň emele geliş we ösüş ýollaryna, olaryň aýratynlyklaryna we kybapdaşlyk meselelerine esasy orun berilýär.

Okuw kitabynda berilýän temalar gadymy we iri Gündogar döwletlerini (Eýran, Türkiýe, Hindistan, Hytaý, Ýaponiýa) öz içine alýar we okuw taglymatlarynyň yzygiderli düzülmegine, bitewi ýörelge bilen alnyp barylmagyna mümkinçilik döredýär. Aýratyn temalar Merkezi Aziýa, Kawkaz we Altaý ýurtlaryna, Owganystan, Mongoliýa we Arap ýurtlaryna bagyşlanýar. Kursuň dowamynda talyplar Gündogar halklarynyň däp-dessur folklory, halk-professional döredijiligi, saz gurallary we saz medeniýetiniň häzirki zaman ýagdaýlary bilen tanşarlar. Saz gurallarynyň toparlara bölünişigi bütin dünýäde ulanylýan, 1914-nji ýylda E. Hornbostel we K. Zaks tarapyndan hödürlenen klassifikasiýasy boýunça berilýär: Aerofonlar, Idiofonlar, Hordofonlar, Membranofonlar.

# I

# Merkezi Aziýa halklarynyň saz medeniýeti

Umumadamzat taryhynda gadymy türkileriň uly ähmiýetiniň äşgärligi, şu wagta çenli az öwrenilen çarwa dünýäsiniň taryhyna, maddy we ruhy mirasyna ýyl-ýyldan ösýän gyzyklanma, alymlaryň türki dilli halklaryň öwrenilmegine ugrukdyrylan täze usullaryň we täze pikirleriň döremegine itergi berýär. Bu ýagdaý, ilki bilen, halkyň medeni ösüşiniň esasy bolup durýan türkileriň gadymy dil görnüşlerine degişidir.

Dünýä medeniýetiniň bir bölegi bolan türki dilli halklaryň saz döredijiliginiň özboluşly we baý däp-dessurly gadymy kökleri bardyr. Bu kökler köp halklaryň umumy çeşmesi bolan dünýägaraýyşlaryň mifologiki ulgamyndan öz düýbüni tutýar. Merkezi Aziýa we Gazagystan halklarynyň saz mirasy öz köklerini çuň gadymyýetden alyp gaýdýar we biziň günlerimizde hem görnüşleriniň örän köp dürlüliginde we saz täsirliliginiň monodiýa (ýeke sesli) serişdeleriniň baýlygynda dowam edýär.

## 1. Gazaklaryň saz medeniýeti


**Gorkut atanyň şekili**

Gazak milli saz medeniýeti has irki döwürlerde döräpdir. Bu halkyň gadymy taýpa-tireleri, esasan, göçüp-gonup ýörýän maldarçylyk bilen meşgul bolup, çarwa durmuş ýagdaýy bilen Merkezi Aziýanyň sähra giňişliginde ýaşap hem öz milli saz medeniýetini – özboluşly edebi-sazçylyk däp-dessurlaryny, saz gurallaryny döredip, ençeme asyrlar dowamynda saklap, kämilleşdirip, şu günlere çenli ýetiripdirler.

Gazagystanyň sebitlerinde *Paleolit* (*Daş asyrlaryň irki döwürleri*) döwründen başlap,

medeni merkezleri örän ösen bolupdyr. Şol zamanda diwarlaryň ýüzünde çekilen surat-şekillerinde awçylaryň däp-dessurlary, her hili haýwanlaryň suratlary, kosmos belgileri, sazandarlyk edip duran, tans edip duran adamlaryň suratlary muňa şaýatlyk edýär. Mundan başga-da *Andron medeniýetiniň* şekilli ýadygärlikleri hem munuň dogrudygyna güwä geçýär.



**Saz guralyň üstündäki keýijek**

Ylmy işgärleriň soňky ýyllarda tapan ýadygärlikleri, Yssyk, Besşatyr ýaly gadymy gala-kürgenleri (şäherleri) biziň eýýamymyzdan öňki VIII–IX asyrlara degişlidir. Oňa şol ýerlerde tapylan saz gurallarynyň birnäçe görnüşleri şaýatlyk edýär. Şol saz gurallarynyň köpüsi gazak milli saz medeniýetinde şu günler hem ulanylýar – *kobyz, sybyzgy, dombra, jetygen, şerter, şan-kobyz* we başgalar.

Halkyň içinde aýdym-sazyň döreýşi barada rowaýatlar döredilipdir. Gazak milli sazy çeper edebi sözi bilen örän baglanyşykly bolupdyr, haçanda sazanda dombrasyny eline alyp, onuň kirişlerini çekip sazlandan soň, ol diňleýjileriň öňünde çalynjak küý-sazynyň döreýşi barada maglumatlary, rowaýatlary aýdyp bermegi bilen başlaýar. Gazaklaryň düşünjesine görä hakyky sazanda dilewar bolmalydyr. Gazak halkynyň içinde ýörgünli atalar sözünde şeýle diýilýär: «Öner aldy – kyzyl til» – Sungat aldy gyzyl dil.

**Saz däp-dessurlaryň ýerine ýetirijileri.** Professional sazandalara halkyň içinde uly hormat goýulýar, sazanda sowatly adam, ol halkyň medeni göreldesi bolup, halkyň ýüreklerine ornaşan adam bolmalydyr. Gazak milli saz sungatynda birnäçe özboluşly biri-birinden tapawutlanýan sazandarçylyk sungat ýollary bar. Ýagny olar: akyn, jyrau, jyrşy, küýşi.

**Akyn** – edebi sazçylyk sungatynyň ussady, edebi improwizatorçy bolup, bu sungat ýolunyň wekilleri, köplenç, edebi aýdym halk bäsleşiklerinde (aýtys, tartyslarda) çykyş edýärler. Akynlar as-dabaralaryna, toýlara we ş.m. diňleýjileriň köpçülik bilen ýygnanýan ýerlerine çagyrylýar. Akynlar gazak milletiniň aýratyn bir güýçli tiresi-

niň wekilleri hasaplanylýar. Akyn aýdym aýdyp hem özi dombra saz guralynda sazyny çalýar. Akynlaryň şägirtleri pata almak üçin durmuş dessurlary bilen baglanyşykly aýdymlary bilmelidirler.

**Jyrau.** Eger-de akynlar gazak milletiniň aýratyn bir tiresiniň däp-dessurlaryny, sungat ýollaryny ýöredýän bolsalar, onda jyrau bütin gazak halkynyň wekilleridir. Jyrau – «*jyr*» sözünden gelip çykandyr. Jyr sözi epos, rowaýat, goşgy manysyny berýär. Jyrau öz döredijiliginde epos aýtmak bilen we ony ýokary derejä ýetirmek bilen meşgullanýar. Gadymy döwürlerde jyrau harby goşunlaryň öňünde barýan adam bolupdyr. Gazaklaryň han-begleri uly hormat goýup jyraulardan maslahat sorardyrlar.

**Jyrşy.** XVIII asyrda jyraularyň ornuny jyrşylar alýarlar. Jyrşylar diňe epos aýtmagy bilen meşgullanypdyrlar («Jyr» – «jar» diýmekdir). Gazak halk aýdym aýtmak sungatynda ýene-de birnäçe özboluşly görnüşler bar. Mysal üçin, *änşi – öleňşi*. «*Än*», «*öleň*» – aýdym diýmek bolýar. Änşi – öleňşi diňe halk aýdymlaryny ýerine ýetirýärler.

**Sal** we **Sere** gazak halk medeniýetiniň arasynda belli orun tutýarlar. Ýagny bular aýdymçy, çeper okyjy, illýuzionçy, mutribaz, atçapar, pälwan hökmünde-de tomaşaçylaryň öňünde çykýarlar. Bu ýoluň wekilleri halkyň öňüne çykyp, öz köptaraply ussatlyklary bilen märekäniň ünsüni özüne çekýärler. Halk olary gowy görýär.

**Däp-dessur aýdymlary.** Däp-dessur aýdymlary özboluşly aýratynlyklary bilen giňden ulanylýar. Toýlarda, ýasda aýdylýan dessur aýdymlary diňe şol sebäp günleri bilen baglanyşykly aýdylyp, başga günlerde aýdylmaýar. Toýda aýdylýan däp-dessur aýdymlaryna *«Tanysu», «Synsu», «Toý bastar», «Betaşar», «Jar-jar»* diýen aýdymlar girýär.

«Synsy», «Tanysu» aýdymlary gelin tarapdan döredilýär. Olar gelin hossarlary bilen hoşlaşanda ýerine ýetirililýär we aýratyn däp bolup kabul edilýär.

## Synsu



Toý gelniň öýünde myhmanlar tarapyndan ýerine ýetirililýän «Toý bastar» aýdymy bilen başlanýar. Bu aýdymda öý hojasynyň sahylygy we aýdymyň ýerine ýetirijilerine beriljek sowgatlar barada beýan edilýär, şeýle-de gelniň barjak öýünde bagtly bolmagy arzuw edilýär.

## Toý bastar




Şeýle-de gelniň öýünde «Jar-jar» aýdymy ýerine ýetirilýär. Onda oglanlar we gyzlar topary gezekleşip, gelniň geljekki bagtly durmuşyny suratlandyrýarlar.

## Jar-jar




Soňra gelin geljekki adamsynyň öýüne dabaraly ugradylýar. Öýe ýetilmänkä, gelni atdan düşürip, uly ýaglyk bilen ýüzüni ýapýarlar. Öýüň gapysynda ony geljekki garyndaşlar garşylaýar. Olaryň birisi ýa-da ýörite çagyrylan akyn «Betaşar» diýen däp aýdymyny aýdýar, şondan soň gelniň ýüzüni açýarlar. Aýdym iki bölümden ybaratdyr. Onuň birinjisinde akyn gelni täze maşgalasy bilen tanyşdyrýar, gelin hersine baş egýär. «Betaşar» aýdymynyň ikinji bölüminde gelne adamsynyň öýünde ulular we kiçiler bilen özüni nähili alyp barylmalydygy barada wagyz-nesihat edilýär.

# Betaşar




Durmuşda aýdylýan aýdymlardan gazaklarda «*Kara öleň*» (on bir bogunly aýdymlar), «*Kaýym-öleň*» (oglan we gyz toparlarynyň gezekleşip ýerine ýetirilýän aýdymlary), «*Boket-öleň*» (toýlarda degişme improwizasiýa häsiýetde ýerine ýetirilýän aýdymlar), «*Jumbak-öleň*» (matal aýdymy) ýaly aýdymlar ýörgünlidir. Aýdyma başlamazdan öň, taraplar bir-birini tanyşdyrmak maksady bilen Amandasu žanry ýerine ýetirýärler.

# Amandasu




Şeýle-de Gazagystanyň ähli sebitlerinde durmuş barada wagyz-nesihatly terme aýdymlara duş gelmek bolýar («Ömir turaly», «*Byrden toksana şenli*»). Bu aýdymlar türki dilli halklaryň ählisine bellidir.

Durmuş žanrlarynyň toparyna hüwdüler we çagalar tarapyndan ýerine ýetirilýän aýdymlar girýär. Gazakça olar *Aldi-aldi, Besik jyry, Bala uatu, Bala jubatu* diýlip atlandyrylýar.

## Bala uatu




Gazak halk döredijiliginde liriki aýdymlar aýratyn orunda durýar. Olaryň mazmunynda aýal-gyzlaryň gözelligi («*Nazkonyr*»), Watana («*Tugan jer*»), tebigata («*Yapuraý*») bolan söýgi duýgulary wasp edilýär. Bu aýdymlaryň heňi labyzly, ýönekeý, uly wokal ussatlygyny talap etmeýärler. Şonuň üçin Gazagystanyň ähli künjeklerinde liriki aýdymlar söýlüp diňlenilýän we köp ýerine ýetirilýän žanrlaryň biridir.



**Kyl-kobyz**

**Epik döredijiligi.** Epos – halk döredijiligiň iň uly göwrümli žanrlarynyň biridir. Gazagystanda eposy ýerine ýetirijilerden ýüzden köp epos-rowaýat ýazylyp alnypdyr. Her bir epos müňe golaý şygyr setirlerinden ybaratdyr. Gazak eposlarynyň iki görnüşi bardyr:

**1.** Gahrymançylykly epos (Batyrlar jyry),

**2.** Söýgi-liriki ýa-da sosial durmuş bilen baglanyşykly eposlar.

Gahrymançylyk ýa-da batyrlar jyry halkyň içinde ilkinji orunda durýar. Bu eposlaryň sýužetleri başdan soňuna çenli halk gahrymanlarynyň edermenligini, paýhaslylygyny, kuwatlylygyny suratlandyrýar. Halkyň kyn bolan ýagdaýlarynda gahrymanlar arka durup, öz watanyny gorajakdygyny bildirýärler. Eposlaryň sýužetlerinde gazak halkynyň taryh geçmişi görkezilýär.

«*Ýer-Torgyn*», «*Kambar*», «*Alpamys*», «*Koblandy*» ýaly eposlary halka uly täsir edipdir. Gahrymanlaryň häsiýetleri naru, şir, gaplaň ýaly güýçli, ýürekli haýwanlaryň häsiýetleri bilen deňeşdirilýär.

Eposyň ikinji görnüşi – söýgi-liriki ýa-da ýönekeý durmuş bilen baglanyşykly sýužet bilen baglanyşdyrylýar. Eposlaryň atlary, köplenç, baş gahrymanlaryň atlary bilen deň gelýär. Mysal üçin, «*Kyz-Jibek*», «*Sluşaş*», «*Makpal kyz*», «*Kozy Körpeş* we *Baýan Slu*».

Liriki eposda gahrymançylykly pursatlary hem duş gelýär. Ýöne onuň esasy temasy – wepaly söýgüdir. Bu söýgi üçin gahrymanlar öz janlaryny berip, wepat bolmaga kaýyldyrlar. *Baýan, Kozy-Körpeş, Kyz-Jibek, Tulegen* ýaly gahrymanlary päk söýgi hem-de wepalylyk häsiýetlendirýär.

Gazagystanda epos *jyrau, jyrşy* we *akynlar* tarapyndan ýerine ýetirilýär, olar özüne dombrada sazandarlyk edýärler. Halk öz epiki ýerine ýetirijilerine uly hormat goýýar: *Maýkot, Janak, Marabaý*. XIX–XX asyrlarda täze gahrymançylyk eposlar döräp ugraýar (*Kenen Azerbaýewiň* «*Aly Batyr*» eseri).

Jyrşylaryň sungaty ýerine ýetirijilerden uly ussatlygy we adatdan daşary ýatgeşligi talap edýär. Professional ussat her gezek rowaýatyň tekstini täzeden döredýär we halka ýetirýär. Şol sebäpli ol gürrüň berýän hekaýatyny uzaldyp ýa-da gysgaldyp bilýär. Onuň joşguny diňleýjilere baglydyr. Eposyň dowamynda jyrşy birnäçe heňlerden peýdalanýar, olar aýdym äheňlere meňzemän, tolgundyryjy gürrüňi ýatladýarlar.

## Koblandy-batyr








**Atyň toýnagyndan ýasalan saz gural**

**Gazak halk saz gurallarynyň toparlara bölünişi.** Halk saz gurallary barada aýtmaly bolsa, onda şol halkyň taryhy geçmişini ýatlap geçmelidir. Her bir saz guralynyň döremeginiň öz sebäbi bar bolsa gerek. Irki döwürlerde gazaklarda dörän saz gurallary ýörite aw awlamak üçin, uly açyk sesli üflenip çalynýan esbaplar bolupdyr. *Kerneý, Bugyşak, Muiz-syrnaý* ýaly gurallar awlanýan haýwanlary kowmak üçin niýetlenipdir. *Dauylpaz, Şyndauyl* kakylyp çalynýan saz gurallarynyň toparlaryna degişlidir.



**Asataýak**

Ylmy işgär professor Bolat Sarybaýew gazma işlerine gatnaşyp, gazaklarda 20-ä golaý saz gurallarynyň bardygy hakyndaky netijä gelýär[1]. Gazak halk saz gurallary üç sany esasy toparlara bölünýär: kirişli saz gurallar – çirtilip çalynýanlary *dombra, jetygen, şerter, kemençeli çalynýan kobyz, kyl kobyz*; üflenip çalynýan saz gurallar – *sybyzgy, kamys-syrnaý, kos-syrnaý, muis-syrnaý, saz-syrnaý, uzkirik, tastauk, kerneý, şan-kobyz*; kakylyp çalynýan saz gurallar – *dabyl, dangyra, kepşik, dauylpaz, şyndauyl, asataýak, konurau*.

[1] *Сарыбаев Б.Ш.* Казахские народные музыкальные инструменты. – Алма-Ата: Жалын, 1979, стр. 174.

**Instrumental sazy.** Soňky döwürlerde gazak halk saz gurallar sazy, gündogarda alymlaryň we gazak halk sazy öwrenjileriniň ünsüni çekýär. Şeýle bolansoň, halk sazandalar, küýşiler barada ençeme kitaplar çap edildi. Gazak halk saz gurallar sazy öz arasynda birnäçe toparlara bölünýärler. Kobyz, sybyzga, dombra hakyky gazak halkyna iň ýakyn saz gurallarydyr. Halk sazlaryny we küýşileriň döreden sazlaryny, saz gurallar mirasy hem öz içine alýar.

Şu günlere çenli saklanyp gelen halk nusgalary – bu gadymky folklor saz medeniýetiniň bir gatlagy bolup durýar. XV–XVII asyrlarda bu ýokary derejeli bolan sungat halkyň arasynda ykrar edilýär. Muňa *Kastugan, Dospambet, Şalkiza, Oktamberdi* ýaly jyraularyň we *Ketbugi, Asana-Kaýygy, Baýjigit* ýaly küýşileriň döredijiligi girýär. Emma gurallar sazynyň has ösen döwri XIX asyra düşýär. Şol döwürde ençeme ökde küýşiler we saz döredijiler biri-birinden tapawutlanýan sungat ýollaryny döredýärler. Olaryň döreden sazlaryndan köpüsi wagtyň geçmegi bilen hem halkyň syn etmegi bilen saýlanyp, halk saz sungatynyň altyn hazynasyna ornaşmaga mynasyp bolýarlar.

Mysal üçin, *Kurmangazynyň «Sary arka»* küýi, Döwletkereýiň «*Jiger*» sazy, Tattimbetiň «*Sarjaýlau*» atly küý-sazlary. Şeýle hem Kazangapyň «*Kökil*», *Dina Nurpeisowanyň «Asem koňur»* ýaly sazlaryny görkezmek bolýar.



**Kyl-kobyz**

**Kobyz sazlary.** Kobyz sazlary gazak halk saz gurallar sungatynda aýratyn orun tutýar. Müňlerçe ýyllardan bäri halk kobyz saz guralyny keramatly ýaly saýýar. Onuň gudratyna, güýjüne halk ynanýar. Kobyz şamançylykda porhanlaryň esasy esbaplary bolup, olaryň elinden düşmän, dellal araçy hökmünde ulanylýar.

Kobyz porhanlaryň we arwahlaryň, hemaýatly ruhlarynyň dellaly bolýar. Porhanlar kobyz saz gurallaryny edil janly jandarlar ýaly görýärler, olaryň elinde birden jadyly be-

2. Sargyt № 2977

dew ata öwrülip, mifiki dünýäsiniň syrlaryny açmak üçin, şeýle hem öz eýesine wepaly hyzmat etmegine taýýar bolýar.

Her hili guşlaryň we haýwanlaryň sesine meňzedip bilýän kobyzyň owazlary porhanyň edýän jadyly hereketlerine goşulyp, keramatly guralyň gudratly täsiri ýetýär. Porhan özünden gidip, öz hemaýatly ruhlary bilen sataşýar.

Kobyz saz guraly porhan baksylardan başga-da jyraularyň sungatynda hem ýörgünlidir. Juraularyň sungaty esgerleriň durmuşy bilen örän baglanyşyklydyr. Jyraular serkerdeleriň, han-begleriň baş maslahatçylary hökmünde bolup, dessan-eposlary ýaýradyjy hökmünde-de çykyş edipdirler.

XVIII asyrda olaryň ornuny jyrşylar alýarlar. Gadymy kobyz saz sungatyny doly saklamaga ýagdaý bolmansoň, köp sazlar ýitip gidýär. Diňe XX asyryň 30-njy ýyllarynda Gazagystanyň belli saz öwrenijisi, folklorçy, kompozitor Ahmet Jubanow gazak halk saz gurallarynyň orkestrini döredýär. Ol meşhur sazanda bolan Yhlasyň döreden sazlaryndan çalyp bilýän Dauletgereý we Japbas atly sazandalary çagyrýar. Olaryň kömegi bilen ençeme halk sazlary ýazylyp alyndy.

**Sybyzgy.** XVIII–XIX asyrlarda sybyzgy Gazagystan sebitlerinde ýörgünli bolýar. Etnografik öwrenjiler we syýahatçy alymlar şol döwürlerde Gazagystanyň çöl giňişliginde bolup, sybyzgy saz guralynyň halkyň arasynda şeýle ýörgünli bolandygy barada belläp geçýärler: «Daş görnüşi sada, gamyşdan ýasalan üflenip çalynýan saz guraly».



**Dombra**

Sybyzgy çopanlaryň saz guraly, onuň mylaýym owazyny mal bakylýan öri meýdanlarda eşidip bolýar. Sybyzgy küýleri aýratyn akym, ýol bolup, ökde sazandalaryň elinden dörän halka belli küý-sazlaryny girizipdirler. Mysal hökmünde «Böken jargak», «Jamal aý», «Koş esen bol» ýaly sazlary görkezmek bolar.

**Dombra küýleri.** Dombra – bu gazak halkynyň jany, ruhy, pähimliligi, parasatlyly-

gy. Dombra sazlary ýerine ýetirijilik usullarynda ähli özboluşlylygyny halypadan şägirde geçirmek ugry bilen nesildan-nesle geçip, şu günlere çenli saklanyp gelipdir. Dombra sazlarynda esasy iki sungatçylyk ýoly kesgitlenilýär:

**1.** *Tökpe ýoly* – Günbatar Gazagystan sebitlerini we Mangyşlak etrabyny öz içine alýar. Bu ýoluň görnükli wekili – Kurmangazy.

**2.** *Şertpe ýoly* Gazagystanyň beýleki sebitlerine giňden ýaýrapdyr. Bu ýoluň görnükli wekili Tattimbet hasaplanylýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Gazagystan sebitlerinde ilkinji medeni ojaklar haçan döredi?
**2.** Aýdym-saz däpleriniň ýerine ýetirijileri kimler?
**3.** Akyn, jyrau, sal, sere barada gürrüň beriň.
**4.** Folklor mirasyna girýän žanrlary häsiýetlendiriň.
**5.** Gazaklaryň epiki döredijiligini häsiýetlendiriň.
**6.** Gazak milli saz gurallaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz? Olary häsiýetlendiriň.
**7.** Halk professional sazynyň belli wekilleri kimler?

## 2. Gyrgyzlaryň saz medeniýeti

Gyrgyz halkynyň döreýşi barada rowaýatlar Kyrk gyzlaryň we Bäş keýikleriň şekilleri bilen baglanyşykly. Biziň eýýamymyzyň VI–XII asyrlarynda gyrgyzlar türki Kaganatynyň Türgeşeý, Garluk, Garahanid hökümetine degişli bolýar. XIII–XV asyrlaryň arasynda mongollaryň ygtyýarynda bolýarlar. Diňe XV asyryň I ýarymynda gyrgyzlar halk bolup kesgtlenýärler. XIX asyryň I ýarymynda Kakand hanlygy gyrgyzlaryň üstünden agalyk edýärler. Bu asyryň 60–70-nji ýyllarynda bolsa Gyrgyzystan Russiýanyň hökümetine goşulýar.

Gyrgyzystan Merkezi Aziýanyň demirgazyk-gündogar sebitlerinde ýerleşýär. Esasan, Týan-Şan daglarynyň günbatar taraplaryny tutýar we Pamir daglarynyň käbir ýerlerini öz üçine alýar. Şeýle hem Gyrgyzystanyň demirgazyk sebitlerinde Gazagystan, günbatarda Özbegistan, günorta-günbatarda Täjigistan, günorta-gündogarda bolsa Hytaý, Sin-Zýan Uýgur awtonom etraby bilen serhetdeş bolýar.

Gadymy döwürlerden bäri gyrgyzlar maldarçylyk bilen meşgullanyp, çarwa-durmuş ýagdaýlary bilen ýaşapdyrlar. Biziň eýýamymyzdan öň VI asyrda Týan-Şan we Ýediýap (Semireçýe) sebitlerinde dörän maldarçylyk däpleri şu döwürde-de gyrgyz halkyna häsiýetlidir.

**Gyrgyzlaryň däp-dessur aýdymlary.** Gyrgyz halkynyň durmuş aýdymlarynyň birnäçe görnüşleri bar, olar folklor döredijiliginiň esasy bölegidir. Bu žanrlarda halk özüniň ruhuny we medeni baýlyklaryny gözkezýär. Rus we daşary ýurt syýahatçy alymlar XVIII asyryň II ýarymynda bolup geçen ekspedisiýa işleriniň dowamynda ýygnanan maglumatlarynda gyrgyz halkynyň aýdym döretmekde we aýdym-sazy ýerine ýetirmekde ukyplylygyny görkezendigini belläp geçýärler.

XX asyryň başynda görnükli kompozitor, saz öwreniji *Aleksandr Zataýewiç* «*250 gyrgyz halk heňleri we instrumental sazlary*» atly ylmy işini ýazýar. Şeýlelikde, Zataýewiç *«Seketbaý», «Koşok», «Manas», «Küýgon», «Kerbez», «Jaramazan», «Bekbekeý»* ýaly aýdym žanrlaryny ýüze çykarýar.

W. S. Winogradow we M. W. Belýaýew dagy saz öwreniji, folklorçy hökmünde gyrgyz halk aýdym medeniýetini «klassifikasiýa» etmekde, ýagny žanr görnüşlerine bölmek ugrunda uly işleri edipdirler. Şeýlelikde, birnäçe toplumlar ýüze çykýar:

**1.** Halk köpçüligi bilen aýdylýan aýdymlar.

**2.** Epos.

**3.** Akynlaryň aýdym döredijiligi.

Mundan başga-da folklor aýdymlary öz arasynda *Zähmet aýdymlary, Däp-dessur aýdymlary, Hüwdüler we çagalaryň aýdymlary, Liriki aýdymlar, Ýaşlaryň seýil edýän mahalynda aýdylýan aýdymlar* ýaly žanr görnüşlerine bölünýär.

**Zähmet aýdymlary.** Zähmet diňe maddy zatlary öndürmek bilen däl-de, eýsem, adamlaryň ruhy taraplaryny hem baýlaşdyrýar. Gyrgyzlaryň gadymy döwürlerden bäri gelýän, esasan, maldarçylykda ýörgünli bolan zähmet aýdymlary bar. Olardan *«Bekbekeý», «Saksakeý», «Op-maýda»* we *«Şyryldaň»* ýaly aýdymlary ýörgünlidir.

«*Bekbekeý*» aýdymy iň gadymy maldarçylyk zähmet aýdymlaryň görnüşidir. Ata-babalardan gelýän bu aýdym çopanlaryň maşgalasynda, esasan, aýal-gyzlar tarapyndan aýdylýar. Gyzlaryň ýiti ýokary

sesleri bilen aýdylýan bu aýdymyň üýtgeşik täsiri bar. «*Bekbekeý*» aýdymynyň ýörite aýdylýan wagty we ýeri bardyr: aýal-gyzlar toparlara bölünip, mal bakylýan ýerlerde wagt-wagt daşdan eşidiler ýaly gygyryp aýtmalydyr, sebäbi möjek ýaly ýyrtyjy haýwanlardan sürini goramak üçin edilýär. «Bekbekeý» diňe tomus aýlarynda aýdylýar, sebäbi güýz, gyş, ýaz aýlary mal, köplenç, ýataklarda saklanýar. «Bekbekeý» – «bak» we «bekeý» sözlerinden bolup, bek bol diýen manyny berýär.

## Bekbekeý




«*Saksakeý*» – «*Bekbekeý*» aýdymyna ýakyn žanr, sakçy bolmak diýen manyny berýär.

«*Şyryldaň*» – at bakarlaryň arasynda aýdylýan zähmet aýdymlary. W. Winogradow, A. Zataýewiç, S. Abramzon we başga alymlaryň aýtmaklaryna görä, «At bakarlar sürini daglaryň eteginden oba tarap kowup başlanlarynda, «Şyryldaň» hökman aýdylmalydyr – sebäbi bu aýdymlaryň aýdylyşy eýgilikligini görkezýär». Parasatly hojaýynlar at bakarlara minnetdarlyk bildirýärler, olara öz tarapyndan sowgat paýlaryny iberýärler.

«*Op-maýda*» aýdymy hemişe güýz aýlary aýdylýar, şol döwür daýhanlar ýaz, tomus aýlarynyň dowamynda bolan işlerini tamamlap barýan mahaly. Hut şol wagtlarda döwek döwme işlerinde arpa, bugdaý, dary almak üçin at ýa-da öküz ýaly äpet haýwanlary ulanypdyrlar. Olar her bir aýlawy geçip, döwekleri pugta basalanar ýaly daýhan haýwana ýüzlenip, «Op-maýda» aýdymy aýdypdyr. «Op» sözi gadymy türki dilinde «daýaw, äpet, uly» manyny berýär, «maýda» – «kiçi, ownuk» diýmek.

**Durmuş we toý aýdymlary. Jaramazan.** Däp-dessur aýdymlarynyň arasynda «Koşok» diýen görnüşi zaryn aýdymlaryň biridir. Gadymy döwürlerden bäri bu aýdym ýasda ýa-da şol sebäpli belli günlerde aýdylypdyr. Bu aýdymy ýerine ýetirmek üçin, adatça, ýörite agylary ökde aýdýan aýallary çagyrypdyrlar. Olaryň zaryn aýdymlaryna wepat bolanyň garyndaşlary hem goşulýarlar. «Koşok» aýdymlary erkek adamlaryň arasynda-da aýdylýar. Olar ýatlama hökmünde ýerine ýetirilýär.

## **Koşok** (Kyz uzatuu)




Folklorçylaryň, saz öwrenjileriň ýazgylaryna görä, nika toýunyň däp-dessur aýdymlary gyrgyz halkynyň iň gowy görýän aýdymlarydyr. *«Kyz toýu», «Kelin aluu toýu», «Kuda tüýşi», «Kyz oýuny», «Toý baştar», «Kyz-jygyt», «Jar-jar»* aýdymlary şatlykly, dabaraly öwüşginleri açýarlar. Aýdymlar ýörite toý dabarasy üçin düzülýär.

Gadymy döwürlerden bäri gelýän däp-dessur aýdymlarynyň biri *Jaramazandyr*. Jaramazan «*orozo*» (Oraza) mahalynda aýdylýan däp-dessur aýdymydyr. VI asyrda araplar Merkezi Aziýada yslam dinini ýöredirdirler. Mundan başga-da XIX asyrda Kakand özbek musulman hanlary gyrgyzlara zorluk syýasaty bilen yslamy girizýärler. Diýmek, Jaramazan aýdymy şol döwürlerden bäri gelýän bolmaga çemeli.

Jaramazan aýdymy diňe öz aýdylýan wagtynda aýdylmalydyr. Şeýlelikde, Jaramazan diňe oraza aýlarynda, adatça, ir bilen daň atanda ýa-da agşam Gün ýaşyp garaňky düşen mahalynda aýdylýar. Oraza aýy gutaransoň Jaramazan aýdylmaýar. Ýaş oglanlar we erkek adamlar üýşüp ýörite zaramazançy bolup toparlara bölünip aýdym aýdyp, obalara aýlanmaga gidýärler. Jaramazançylaryň toparlary öwgüli aýdymlary aýdyp, uly hormat we minnetdarlyk gazanýarlar. Şeýle hem öý hojaýynlarynyň göwnünden tursalar, olara goýun, geçi, geýim-eşik, iýmit we şoňa meňzeş dürli sadakalar gowşurylýar. Jaramazan aýdymy, esasan, oraza aýynyň iki soňky günlerinde has köp

aýdylýar. Şol günler «Aý-başy» we «Aýt» ýaly hudaýýň günleri diýilýän dabaralar geçirilýär.

**Hüwdüler. Çagalar aýdymlary.** Maşgala durmuşynda aýdylýan däp-dessur aýdymlarynyň iň ýörgünlisi hüwdülerdir. Hüwdi aýdymlary gözelligi, abadanlygy, sapýürekliligi, mähribanlyk duýgularyny has çuňňur görkezýär. Gyrgyz halk döredijiliginde çagalar aýdymlary özboluşly görünýär. Aýdymlaryň manysy çagalaryň durmuşy bilen bagly. Aýdymlaryň esasy temasy – öý-haýwanlar bilen baglanyşyklydyr. Çagalar aýdymlary, elbetde, ulularyň dilinden aýdylýar, ýagny uly adamlar tarapyndan öwredilen oýunlar, sanawaçlar we şoňa meňzeş degişmeler görnüşde aýdymlar bolupdyr.

Folklor, saz öwrenjileriň berýän maglumatlaryna görä, geçmişde çagalaryň aýdymlary örän hereketli ritm kakuwlaryň üsti bilen ýerine ýetirilendigini görkezýär. Şeýle aýdymlaryň birnäçesi şu günlerem çagalaryň halk döredijiligine girýär. Olardan: *«Selbilek» (Bilek), «Torpagum» (Tana, göle), «Kaak-kaak kargalar» (Gargalar), «Ulagym» (Owlagym), «Serkinçek» (Hiňňildik)* we başga-da birnäçe görnüşleri bar. Çagalaryň halk aýdym döredijiliginde diňe olaryň durmuşy bilen ýakyn bolan temalar däl-de, eýsem, «Manas», «Jaramazan» ýaly uly we kiçi göwrümli, örän çuňňur pikirli improwizasiýa görnüşler hem girýär.

**Liriki aýdymlar.** Gyrgyzlaryň iň baý folklor žanrlarynyň biri – liriki aýdymlardyr. Ol tebigat, söýgi hakynda hem degişgen, gülküli, wäşi aýdymlary hem öz içine alýar. *«Seketbaý» (Ezizim), «Küýgön» (Ýanan söýgi), «Arman» (Armanly galmak)* ýaly aýdymlar halk köpçüliginiň arasynda giňden ýörgünli bolýar. Bu aýdym žanry köp taraply, köp düzgünli, dürli manyly bolanda-da, bularyň birleşdirilen umumy taraplary hem köp. Käte bir heňi peýdalanyp, birnäçe başga sözleri bilen ýazylan aýdymlar gabat gelýär.

Mysal üçin, halk aýdymy «*Oý, asyl kyz*» diýlen aýdymyň heňine başga sözleri bilen ýazylyp, «*Çaý*» diýlip atlandyrylýan aýdym bar. Şeýle mysallar halk aýdym döredijiliginde köp ýerlerde gabat gelýär.

*Liriki aýdymlar komus diýen çirtilip çalynýan saz guraly bilen çalynýar. Aýdymlar iki görmüşde bolýar:*

**1.** *Köpçülik bilen aýdylýan aýdymlar* – «Joro», «Oturyş», «Şerine» ýaly aýdymlar yzygiderli geçirilýän aýdym-sazly agşamlarda ýerine ýetirilýär.

**2.** *Ýekelikde ýerine ýetirilýän aýdymlar* – Hemişe halkyň içinde ady belli akyn (aýdymçy) ýerine ýetirýär.

Komus saz guralynda akkompanimentini çalyp, aýdymçy halkyň arasynda iň belli aýdymlary aýdýar. Olardan «Alymkan», «Küljar», «Oý, bulbul», «Ak kepder» ýaly aýdymlary görkezmek bolar.

**Dini aýdymlar.** Gyrgyzlaryň dini aýdymlary diýlip, «*bakşylar yry*» we «*diwanalar yry*» ýaly iki esasy ugry bar. Bagşy diýlip atlandyrylýan porhanlar, tebipler, dini hyzmatçylar, köplenç, jemgyýetiň üçünji, iň aşaky gatlagyna degişli bolup ornaşýarlar. Diwanalar bolsa yslam sopuçylyk dininiň ýaýradyjysy hökmünde bolup durýarlar. Öňden gelýän porhançylyk ugruna görä, yslam dininiň örän ösendigini görkezýär. Emma Gyrgyzystana yslam dini girizilensoň, ol öz tarapyndan porhançylyga garşy bolmaýar. Şol sebäpli *«Şaman-bagşy aýdymlary», «Şaman-bagşy oýunlary», «Şaman-bagşylaryň küý-sazlary»* ýaly aýratyn çeşme ýollary döreýär.

**Epik döredijiligi. Akynlar.** Halkyň içinde dilden-dile, nesilden-nesle geçýän milli döredijiliginiň däp-dessurlary bolup, uly göwrümli möhüm manyly halk eposlary giňden ýörgünli bolupdyr. Çokan Walihanowyň (1850) epos barada ýazan taglymaty barada maglumat.

*Gyrgyz milli eposlary iki görnüşde bolýar:*

**1.** Uly epos.

**2.** Kiçi epos.

*Uly epos* diýlip epos-trilogiýa «*Manas*» eserine diýilýär. Göwrümi boýunça «Manas» ýaly uly epiki eser başga hiç halkda ýokdur. Diňe bir «Manas» 400.000 goşgy setirlerini öz üçine alýar. «Manas» eposy üç bölümden ybarat: *«Manas», «Semeteý», «Seýtek»*. Epiki eserleri ýerine ýetirip bilýän sazanda manasçy, semeteýçi, seýtekçi diýilýär. «Manas» folkloryň dürli žanrlaryny – zaryn-liriki we wäşi, gülküli däp-dessur aýdymlaryny, dini we köpçülikleýin dabaralaryny özünde jemleýär.

Görnükli gazak alymy *Muhtar Auezow* «Manas» barada şeýle ýazýar: «Manas» ýerine ýetirijilik sungatynda iki aýratyn ugur bar.

Olar Yssyk-Köl we Tän-Şan diýlip atlandyrylýar. Yssyk-Köl ýolunyň baştutany *Saýakbaý Karalaýew; Tän-Şan* ýolunyň wekili bolsa *Sagymbaý Orazbakowdyr*»[2].

Gyrgyzlaryň epiki sungatynyň ikinji görnüşi Kiçi epos diýlip atlandyrylýar. Kiçi epos 25 sany halk dessanlaryndan ybarat, olaryň içinde liriki we gahrymançylykly dessanlar bar. Göwrümi boýunça Kiçi epos Uly eposdan tapawutlydyr. Emma erteki-fantastiki we mifologiki gahrymanlaryň maksatlary Kiçi eposda Uly eposa meňzeşdir.



**Kyl-kyýak**

*Kiçi eposy ýerine ýetirijilikde iki usul bar:*

**1.** *Komuz* ýa-da *kyl-kyýak* ýaly saz gurallarynyň çalynmagy bilen;

**2.** Saz guraly ulanman ýerine ýetirmeklik.

Iň belli dessanlaryň biri diýlip «Kurmanbek» dessany hasaplanylýar. Bu dessanyň birnäçe ýerine ýetiriliş görnüşleri bar, olaryň ählisinde üýtgemeýän leýtmotiw heňi bar. Ol dürli ýerine ýetirijileriň aýtmagynda birmeňzeş bolup ýaňlanýar.

Gyrgyzlaryň aýdym döredijiliginde akynlaryň sungaty aýratyn gatlag bolup durýar. Akynlar däp-dessur döredijiliginde ussat sazanda-aýdymçy, improwizator bolup tanalýar. «*Akyn*» sözi Merkezi Aziýa halklarynda öňden bäri örän ýörgünli bolandygyny görkezýär. Lingwist öwrenijileriň aýtmagyna görä, gazak, uýgur, tatar we eýran, pars dillerinde «ahun» sözi «mugallym», «alym», «akyldar» diýlip düşünilýär. Şol sözden emele gelen gyrgyzlaryň «akyny» – «aýdymçy», «aýdymsazdan tälim bermägi başarýan bilimli adam» bolýar. Akyn – aýdym döredijі, halk sazan-



**Çoor**

[2] *Дюшалиев К.* Песенная культура кыргызского народа. – Бишкек, 1993, стр. 176–177.

da, improwizatorçy, edebi aýdym-saz döretmek usullaryny bilýän adamdyr.

**Gyrgyz halk saz gurallary.** Gyrgyz halk sazy iki ýa-da üç seslidir. Halk sazlary «***Kuý***» («*Kuýu*») diýlip atlandyrylýar – uly göwrümli instrumental saz eseri. Bu eserlerde parallel kwarta-kwintaly hereketler giňden peýdalanylýar. «Botoý» («Köşek») ýörgünli instrumental kuýularyň biridir.

**Komus** – üç kirişli, çirtilip çalynýan, perdesiz saz gural. Ol halkyň içinde örän ýörgünlidir. Ýörite komusda çalynýan sazlar ençeme asyrlaryň dowamynda sazandalar tarapyndan döredilipdir.



**Şankobyz**



**Temir komuz**

**Kyl-kyýak** – kwarta düzülen, iki kirişli kemençeli saz gural. Gadymy wagtlarda bu gural porhanlaryň oýunlarynda giňden peýdalanylypdyr.

Üflenip çalynýan tüýdükleriň görnüşleri – **žygaç ooz komuz** (agaç komuz) – dilli tüýdük; **çoor** (ýa-da çopan tüýdügi diýlip atlandyrylýar) – agaçdan ýasalan üflenip çalynýan saz gural; **surnaý** – goboý görnüşli saz gural; **kerneý** – misden ýasalan saz gural.

**Temir komuz** (demir komuz) – warganyň görnüşi. Halk arasynda onuň agaçdan (bambukdan) we demirden ýasalan görnüşleri ýörgünlidir.

Kakylyp çalynýan toparyndan dabulbas we dool saz gurallaryny görkezmek bolýar.

**?** **Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Gyrgyz halkynyň gelip çykyşy haýsy asyrlara degişli?
**2.** Gyrgyz sazyny ylmy taýdan ilkinji öwrenijiler kimler?
**3.** Halk žanrlarynyň klassifikasiýasy barada gürrüň beriň.
**4.** Zähmet aýdymlaryny we toý žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**5.** Liriki aýdymlaryň haýsylaryny bilýärsiňiz? Olary häsiýetlendiriň.
**6.** Gyrgyzlaryň epik döredijiligi barada gürrüň beriň.
**7.** Gyrgyz halkynyň saz gurallaryny häsiýetlendiriň.

# 3. Özbekleriň saz medeniýeti



**Naýçy**

IX–X asyrlarda Merkezi Aziýa iň ösen feodalizm döwrüne girişýär. Güýçli, örän baý feodallaryň gatlagy döreýär, feodallaryň mülkdar, ýer eýeçilik ugry pugtalandyrylýar hem uly ösen şäherleriň arasynda kerwen ýollary açylýar. Mäkämlendirilen feodallaryň gatlagy daýhanlary eýeläp başlaýarlar. Ýurduň medeni ykdysady taraplarynyň ösüşi, örän dartgynly synpy göreş ýagdaýy bilen baglanyşykly bolup geçýär.

*Ismaýyl Samanid* (874–907) IX asyrda Mawerannahr we Horasandan güýçli döwleti döredýär. Onuň merkezi Buhara şäheri bolupdyr. Ismaýyl Samanid garaşsyzlygy, erkinligi aljak bolýan halk köpçüliginiň öňünde durýar[3]. Samanidleriň döwri bir asyryň dowamynda basybalyjylaryň zor bilen girmekliginden saklap bilipdirler. Şeýle bolansoň ýurduň medeniýet we durmuşyň ähli taraplary kämilleşdirildi. Şol döwürde ençeme şahyrlar, alymlar ýaşap geçýär.

IX asyrda matematika we astronomiýa ugrunda golýazma kitaplaryň awtory görnükli alym *al-Fergani* ýaşap geçdi. X asyrda gadymy Farap şäherinde meşhur *al-Farabi* ýaşaýar. Ol şol döwrüň diňe filosofyýa däl, eýsem görnükli sazanda, saz öwrenji bolup özüni tanadýar. Al-Farabi özüniň ylmy traktatlarynda sazyň nazaryýetine-de uly üns berýär. Merkezi Aziýanyň IX–X asyrlarda beýik *al-Biruniniň we ibn-Sinanyň* (*Awisenna*) döredijilikleri örän möhüm bolýar.

Buhara şäheri Samanid döwletiniň uly medeni merkezi bolup durýar. Ykdysady we medeniýet merkezi bolup, edebiýata we saz sungatyna uly orun berilýär. Küýzegärçilik, zergärçilik, et, ýüpden ýasalan önümleriň edaralary-kärhanalary açylýar. Olaryň hatarynda sazandalaryň, merwezleriň kärhanalary hem bolupdyr. Olaryň hersiniň özlerine mahsus bolan kadalary düzülipdir.

Ýokary derejeli *ussto* we ondan saz öwrenýän okuwçy – *şogird* (şägirt) bolupdyr. Kärhananyň başynda duran müdiri bar. Ol hemişe

[3] *Gafurow B. G.* Täjik halkynyň taryhy. I tom. – M., 1952.

iň ökde sazandalardan saýlanyp bellenýär hem *mehtorbaşy* adyna mynasyp bolýar. Saz kärhananyň başynda duran müdiri hemişe ökde sazandalardan saýlanyp bellenilýär hem «*mektarbaşy*» diýlip atlandyrylýar. Orta asyrlarda her kärhananyň özüne mahsus bolan «*resolýa*» (ustaw, düzgün, kanun) düzülýärdi. Resolýanyň ähli şertleri musulman dininiň wagyz taglymatlaryna laýyk gelýär.

**Halk sazy.** Ýerine ýetirilýän wezipeleri boýunça özbek halk sazy iki topara bölünýär:

**1.** Belli wagtda we kesgitli ýagdaýda ýerine ýetirilýän aýdymlar we instrumental sazlar. Olara maşgala däp-dessur, zähmet we hüwdi aýdymlar, şeýle hem dürli instrumental sazlar girýär.

**2.** Ähli ýerde, dürli wagtda ýerine ýetirilýän aýdymlar we instrumental sazlar. Olara *terma* (ýa-da *çublama*), *koşuk, lapar, ýalla* we *aşulla* ýaly aýdym žanrlar we şoňa meňzeş dürli instrumental sazlar girýär.

Her topary häsiýetli aýratynlyklar tapawutlandyrýar. Bellibir wagta we ýagdaýa bagly, I toparyň aýdym žanrlaryny durmuşa degişli mazmun taýdan umumylyk häsiýetlendirýär. Esasy temadan başga bu topara liriki we ahlak häsiýetli ugurlar hem degişlidir. Mysal hökmünde «Ýor-ýor» toý aýdymyna ýüzleneliň:

## Ýor-ýor




Zähmet aýdymlaryna «Maýda», «Ýozi» we başgalar girýär. «Maýda» aýdymy degirmen üwelende ýerine ýetirilýär:

## Maýda




Malyň gowy taraplaryny öwýän setirler, liriki (söýgi) mazmunly dörtlemeler bilen bilelikde, sygry («*Hüş-hüş*»), geçini («*Çiraý-çiraý*») we goýny («*Turaý-turaý*») doýýan wagtlarynda aýdylýan aýdymlara ýakyn. Ýagyş çagyrylanda, Gün tutulmagynda ýa-da Aý tutulmagynda edilýän däp-dessurlarynda aýratyn orun doga aýdymlaryna berilýär.

Ikinji toparyň aýdymlarynda durmuş wezipeleri bilen bagly bolmadyk dürli mazmunly temalara duş gelmek bolýar. Söýgi lirika, satira we ýumor, taryhy temalary, jemgyýet gapma-garşylyklar *terma* (ýa-da *çublama*), *koşuk, lapar, ýalla* we *aşulla* ýaly žanrlaryň hersiniň esasyny düzýärler. Olaryň saz mazmuny hem anyk häsiýetlidir.

*Terma* aýdymlaryň heňini reçitatiw häsiýeti, kesgitli forma we uly bolmadyk diapazon tapawutlandyrýar:

## Terma



Termanyň has çylşyrymly görnüşi professional bagşylar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

*Koşuk* – goşgynyň bir ýa-da iki setirini (köplenç, rubaýynyň dörtlemelerini) eýeleýän kiçi diapazonly aýdym žanry.

## Koşuk




Koşuk aýdymlarda gaýtalama sözleriň goşulmagy hem mümkin. Aýdymlaryň mazmuny hem dürli-dürlüdir.

*Lapar* – tans ýa-da oýun bilen gezekleşýän aýdym. Onuň liriki mazmunly goşgularyny iki sany aýdymçy gezekleşip aýdýar. Oglan bilen gyzyň arasynda geçýän dialog şol bir heňde ýerine ýetirilýär:

## Lapar




Horezmde lapar aýdymlary tans bilen bilelikde aýdylýar. Käbir welaýatlarda lapar diýlip toý-dessur aýdymlaryna diýilýär. Olaryň ýerine ýetirilmeginde unison hor hem gatnaşýar.

Unison horuň formasy ýalla diýen aýdym žanrynda uly orun tutýar. Ýalla hem tansyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär. Onuň iki görnüşi bar. Aýdymyň birinji görnüşi koşuga meňzeş, emma gaýtalamanyň girizilmegi bilen aýdylýar. Gaýtalamany unisonly hor, bentleri bolsa ýallaçy diýlip atlandyrylýan tansçy ýerine ýetirýärler:

## Ýalla




Ýallanyň ikinji görnüşi üçin heňiň ýaýbaňlandyrylmagy mahsus. Bu ýerde aýdymçydan başga ýörite tansçy hem gatnaşýar. Sazyň ösüşi aşula žanra ýakyn.

*Aşula* – heňiň ýaýbaňlandyrylmagy, giň diapazony, ritmiň sinkopirlenmegi bilen häsiýetlendirilýär. Aşulanyň esasynda barmak we aruz kadaly goşgular peýdalanylýar. Goşgularyň mazmuny dürli-dürlüdir, olaryň arasynda söýgi-liriki we filosofik pikirler agdyklyk edýär:

## Aşula




Aşulanyň ösen görnüşli nusgalary eýýäm agzeki professional saza degişlidir. Bu topara katta aşula (uly aýdym) we panys aşula (kiçi podnos (gap) bilen ýerine ýetirilýän aýdym) ýaly žanrlar hem girýär.

*Katta aşula* – 2–3 *hafizler* (aýdymçylar) tarapyndan ýerine ýetirilýär. Ony üç oktawa golaý diapazony, deklomasiýalylyk, kadasyz metr we improwisaziýa görnüşli ösüş häsiýetlendirýär.

Aýdym žanrlarynyň ählisiniň instrumental nusgalary (görnüşleri) bardyr, olarda sazyň äheň, lad we metroritmik esaslary saklanylýar. Dutar we dombra sazlaryndan başga, özbek saz mirasy, esasan, unison ugurda ösdürilýär. Heňiň özboluşlylygy onuň esasynda ýatan däne–motiwiň ösdürilmegine bagly.

**Özbek dostanlary.** Özbek halkynyň saz mirasynda epiki eserleri (dostanlary) aýratyn şaha bolup durýar. Olar mazmun taýdan dürli-dürli bolup, sýužetiň umumylygy boýunça belli toparlara bölünýärler. Şeýlelikde, meşhur «*Gorogly*» eposy özünde kyrkdan gowrak gutarnykly we özboluşly ýaýran liriki-gahrymançylyk dostanlary jemleýär. Özbegistanda iň ýaýran dostanlara «*Alpamyş*», «*Awazhon*», «*Rawşan*», «*Oşik Garip*» we başgalar degişlidir.

Dostanlary ýöredijileri – bagşy (*şairler*) – halkyň arasynda uly hormata eýe bolan professional ýerine ýetirijilerdir. Olara *Ergaş Juman-Bülbül ogly, Pulkan, Fazyl Ýuldaş, Abdulla şair* we başgalary degişlidir. Dostanda sýužetiň wakalaryny beýan edýän kyssa bölümleri gahrymanlary häsiýetlendirýän şygyr bölümleri bilen gezekleşik tertibinde berilýär. Şygyr bölümleri eserlerde saz bilen bezelen. Özbegistanyň ähli welaýatlarynda dostanlar dombranyň sazandarlyk etmeginde (diňe dostanlary häsiýetlendirýän alamat) özboluşly ses bilen reçitatiw häsiýetde ýerine ýetirilýär. Bu aýratynlyk Kaşgaderýanyň we Surhanderýanyň uly bagşylarynda has aýdyň ýüze çykýar, bu ýerde dostany ýerine ýetirijilik sungaty häzirki wagtda hem ýaýran.

**Şaşmakom toplumy.** Köp asyrlaryň dowamynda Özbegistanyň günortasynda we Täjigistanyň demirgazygynda özbekleriň we täjikleriň bile ýaşamaklary, olaryň iki dilde hem gürleşmegi, ylymda we sungatda uzak wagtyň dowamynda hyzmatdaşlyk etmekleri olaryň saz medeniýetleriniň golaý bolmaklygyna ýardam etdi. Bu halklaryň halk aýdym döredijiligi nusga ýaşaýşynyň bitewi ýörelgelerine birmeňzeş melodiki, lad we ritmiki esasda ösdi. Şonuň netijesinde, şol bir aýdymyň sazlarynyň käwagtlar hem täjik, hem özbek ýazgylary bar-

dyr. Täjigistanda ýaýran saz gurallary şol bir wagtyň özünde Özbegistanda hem ýaýrandyr. Bulardan başga-da täjikleriň halk professional saz döredijiliginiň görnüşleri we nusgalary hem olaryň özbek sazandalary bilen döredijilik gatnaşykda bolmagy netijesinde sünnälenendir.

Häzirki wagtda Özbegistanda şaşmakomlaryň bir kökden gelip çykýan sany – buhara we horezm toplumlary bardyr. Belli bolan umumylyklardan başga, olarda göze görnüp duran aýratynlyklar hem bardyr. Bu toplumlaryň her biri öz ýoly bilen ösdi, şonuň netijesinde, buhara şaşmakomlarynda bolan käbir bölümler horezm Şaşmakomlarynda ýok we tersine bolan ýagdaýlar bellenýär.

Şaşmakomyň toplumlarynyň arasyndaky tapawutlar iki hili ýagdaýda ýüze çykýarlar: 1) bölümleriň yzygiderliliginiň olaryň öz düzümleriniň gurluşyna degip geçýän daşky alamatlarynda; 2) melodikada, metro-ritmde, gurluş böleklerinde ýerine ýetirijilik ussatlygynda we ş.m. ýüze çykýan içki alamatlarda.

Şaşmakomyň *Buhara* toplumynda 6 sany makomyň her biri instrumental we wokal bölümlerden ybaratdyr. *Horezm* nusgasynda 6-njy makom bolan Irokda wokal ýokdur. Horezm sazandalary tarapyndan 7-nji makom diýlip atlandyrylýanyň instrumental bölümi döredilipdir. Ol «Pandžgoh» diýlip atlandyrylyp, «Rast» diýlip atlandyrylýan horezm makomynyň instrumental bölüminiň özboluşly nusgasy bolup durýan 8 sany instrumental pýesalardan ybaratdyr. Şonuň üçin käbir köne ýerine ýetirijiler goşmaça makomy bolan bu toplumy «Olti ýarym makom» diýip atlandyrýarlar. Horezm makomlarynyň yzygiderliligi hem buhara makomlarynyňkydan tapawutlanýar: *Rost, Buzruk, Nawo, Duhog, Segoh, Irok, Buhara* toplumynda birinji makom *Buzruk*, soňra *Rost, Nawo* we ş.m.

## Nawo



## Segoh





**Doýra**

Her bir makom instrumental («Muşkilot») we wokal-instrumental («Nasr») bölümlerden ybaratdyr. Instrumental bölümleri ansambllaýyn we solo görnüşde ýerine ýetirilýär. Makomlaryň instrumental bölümi esasynda tanbur we doýra bolan hem-de düzümiň düýpli üýtgeýşine ýol berýän saz gurallarynyň ansambly tarapyndan ýerine ýetiriliýär. Ikinji bölüm instrumental sazandalar toparynyň sazlaşykly sazandarlyk etmeginde aýdymçylar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Özleriniň içki düzümi boýunça makomlaryň instrumental bölümleri bellibir ada eýe bolan we yzygiderliligi bellibir kanunalaýyklyga eýerýän birnäçe pýesalardan ybaratdyr. Her makomda bölümleriň sany dürli-dürli bolup biler. Horezm makomlarynyň üýtgewsiz bölümleri 1-nji pýesadyr, ol makomyň ady boýunça atlandyrylýar, ýagny Rost makomy, Nawo makomy we ş.m. Ol şeýle hem «Taşe makom» diýlip hem atlandyrylýar we «makomyň esasy» diýmekligi aňladýar. Ondan soň gelýänler – peşrow, muhammas, sakil we ufar. Olar horezm makomlarynyň instrumental bölümleriniň esasyny düzýärler. Buhara şaşmakomynda instrumental bölümiň esasyny *tasnif, gardžeç, gardun, muhammas* we *sakil* bölümleri düzýärler.

Doýrada ýerine ýetirilýän ritm-metriki düzüm bolan usul her bölümiň iň bir häsiýetli düzüm bölümleriniň biri bolup durýar. Usul ol ýa-da beýleki sazyň häsiýetli taraplaryny açyp görkezýän esasy ýagdaýlaryň biridir. Dürli makomlaryň köp bölümleriniň atlarynyň meňzeşligini

göz öňünde tutýar. Mysal üçin, muhammaslaryň usullary horezm makomlarynyň altysynda hem meňzeşdir we ş.m.



**Kemençeli tanbur**

Ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça makomlaryň bölümleri *täşe makom* (esasy, başlangyç, kesgitleýji), *peşraw, sakil, muhammas* (aralyk) we *ufar* (jemleýji) görnüşlere bölünýärler. Bölümleriň yzygiderliligi makomlaryň hemmesinde birmeňzeş däldir. Şoňa görä rost makomynda 3 sany muhammas, buzrukda 3 sakil we şuňa meňzeş görnüşleri duş gelýär. Käwagtlar olar 1, 2, 3 diýlip belgilenýär, käbirlerinde goşmaça atlar goşulýar, mysal üçin, *Katta, Kile, Zanžirit*.

Makomlaryň bölümleriniň esasy bölekleri «şub'e» (arapçadan «bap» ýa-da «bölüm» diýmegi aňladýar) diýlip atlandyrylýar. Beýleki bölümler «ýasama» diýlip atlandyrylýar, olara tarona, suwora, nakş, farçed we beýlekiler degişlidir. Şab'e ýasama bölümlerden özüniň göwrümi we ösenligi bilen tapawutlanýar. Olar toplumyň merkezi bölümleri bolup durýarlar. Şub'e-niň esasyny toplumyň ýasama bölümleri düzlýärler, olar bellibir usula tabyn bolan görnüşler bolup durýarlar.

Adatça, makomlaryň teketleri hökmünde söýgi temada eser döreden nusgawy şahyrlaryň (*Rudaki, Rumy, Saady, Omar Haýýam, Hafyz, Nowaýy, Jamy, Fizuli*) aruz ulgamynda ýazylan nusgalary ulanylýar. Risolýa saz guralynyň döreýşi barada dürli rowaýatlary, çaklamalary berýär. Samanid döwründäki sazandalary makom ýerine ýetirijiler hökmünde ulanypdyrlar. Edil gapyda duran sakçylaryň, goragçylaryň wagtly-wagtynda nobat boýunça çalşyşy ýaly, makom ýerine ýetirijileri hem öz nobatlary boýunça hyzmat edipdirler.

«Saz – gije-gündiz eşidilýär. «Rahawi» atly makom Gün dogmanka ýerine ýetirilýär. Ondan soň «Huseýin» atly makom aýdylýar. Ol gündizki goragçylaryň çalyşýan wagtyna çenli ýerine ýetirilýär. Soň günorta çenli «Rast» diýlen makom aýdylýar. Ondan soň ma-

kom «Küçik». Ol gündizki goragçylaryň soňky çalyşýan wagtyna çenli gidýär. Soň «Buzlik» bilen «Uşşak» Gün ýaşýança aýdylýar. Agşamky saz «Zangulýa» makomy bilen başlanýar. Soň bolsa «Hijaz», «Buzrug», ýarygijäniň töwereklerinde «Nawo» atly makom aýdylýar. Ondan soň «Isfagan» iň soňky jemleýji makomy bolup, uly saz toplumy tamamlaýar. Şolardan soň bularyň ählisi täzeden başlanýar». [4]



**Dutar**

Makom sözi başlangyç perdäniň adyndan emele gelýär. Ol uly göwrümli aýdym-saz eseri bolup, ýekelikde we köpseslilik bilen ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da makomçylaryň *ufar, kaşkarça* we *sokinoma* ýaly bölümleri soňky döwürlerde tans hereketleri goşulmagy bilen ýerine ýetirilýär.

**Özbek milli saz gurallary.** Özbekleriň saz gurallary dürlüligi bilen tapawutlanýar. Saz gurallarynyň arasynda kirişli, üflenip we kakylyp çalynýan toparlary kesgitlemek bolýar. Olaryň köpüsi täjikleriň we Gündogaryň başga halklarynyň saz gurallaryna kybapdaşdyr.



**Tanbur**

Kirişli saz gurallarynyň toparyna çirtilip (*tanbur, dombra, dutar, owganlaryň rubaby, kaşgarlaryň rubaby*), kakylyp çalynýan (*çang*) we kemençeli görnüşler (*kobuz, gidjak, sato*) girýär.

**Tanbur** – arassa, ýiti sesli, professional sazandalaryň saz guraly. Tut agajyndan köwlüp ýasalýar, onuň uzyn sapynda 17 sany esasy perde ýerleşdirilen. Goşmaça (*hasparda*) perdeler bilen bilelikde, olar üç oktawa golaý diatoniki ses hataryny düzýärler. Tanbura üç sany misden ýasalan kiriş dakylýar. Olaryň ikeldilmegi bilen tanbur dürli

[4] *Семенов А. А.* К истории узбекской музыки. // Литература и искусство Узбекистана. – 1938-№ 3.

görnüşlere eýe bolýar: birinji kiriş ikeldilse – *çortor*, birinji we üçünji – *pänjtor*, ählisi ikeldilse – şaştor saz guraly döreýär. Tanburda ikinji barmaga dakylýan mis plektr (*nahun*) bilen ses çykarylýar.

**Dombra** – ýuwaş we ýumşak sesi eýeleýän saz gural, esasan, epiki ýerine ýetirijilerde ýa-da çopanlarda ýaýran. Tanbur ýaly, dombrada hem armyt görnüşli köwlüp ýasalan gaby bar, oňa kwarta, kwinta ýa-da oktawa düzülýän iki kiriş çekilen. Diapazony iki oktawa golaý. Ses kakuwlaryň kömegi bilen alynýar.

**Özbekleriň dutary** – uzyn saply, iki sany ýüpek kirişli, 13 perdeli lýutnýadyr. Ol tut agajyndan ýasalýar. Dutar çalmagy öwrenmek örän kyndyr. Özbek dutary, türkmeniňkä garanyňda has uzyn görnüşe eýedir. Dutaryň sesi owadan we näzik. Onuň armyt görnüşli gaby köwlüp däl-de, birnäçe agaç bölejikden ýasalýar. Dutaryň sapynda ýerleşen perdeler iki oktawa golaý hromatiki ses hataryny düzýärler. Kwarta, kwinta we unisona (oktawa) düzülýän kirişler ýüpekden ýasalýar. Ses kakuwlaryň kömegi bilen alynýar.

**Kaşgar rubaby** – onuň tegelek, agaçdan köwlüp ýasalan gaby ýokarsyndan hamly membrana bilen çekilen. Rubapda 3 sany ýüpden ýa-da içegeden ýasalan we 2 sany misden ýasalan kiriş berkidilen, olaryň düzgüni kwarta-kwintalydyr. Ses plektr bilen çykarylýar.



**Rubab**

**Çang** – kirişli kakylyp çalynýan saz gural. Onuň trapesiýa görnüşli gapda agaçdan ýasalan deka berkidilen. On dört sany kirişden diňe aşakysy bir simden ybarat, galan on üçüsi – üç simden örülen. Kirişler iki topara bölünen, çykarylýan sesler diatoniki ses hatary emele getirýärler. Çangda ses iki sany taýajyklar (tokmaklar) bilen çykarylýar. Häzirki wagtda täze kämilleşen, hromatiki görnüşli çanglar hem ulanylýar.

Kemençeli saz gurallar – *kobuz, gyjak, sato* – özleriniň gurluşy, tembr we tehniki mümkinçilikleri taýdan bir-birine ýakyn.


Kobuz

**Kobuz** – kwarta-kwinta düzülýän, atyň gylyndan ýasalan iki kirişli saz gural. Onuň diapazony uly däl – bir ýarym oktawa çenlidir. Kobuzda ýaý görnüşli kemençe bilen çalynýar. Öňler bu saz gural Özbegistanyň dürli künjeklerinde ýaýrap (Hywa, Buhara, Samarkand), häzirki günlerde ulanyşdan çykandyr.

**Gyjak** – 3–4 kirişli saz gural, öňler 6–7 kirişli görnüşleri hem bardy. Iň irki görnüşi – iki kirişli saz gural. Kwarta düzülýär, diapazony üç oktawa çenli.

**Sato** – daşyndan tanbura meňzeş saz gural. Esasy kirişleriň astynda ýaňlanýan (rezonatorly) kirişler ýerleşýär. Kirişleriň sany 3 ýa-da 4 (birinjisi ikeldilen görnüşde). Birinjisi we üçünji kirişler unisona düzülen, ikinjisi – kwarta, kwinta ýa-da sekunda. Sesler iki ýarym oktawanyň çäginde diatoniki ses hataryny düzýärler.

Samanid köşgündäki sazanda-aýdymçylar goşgy sözlerini, sazyny özleri düzmäni hökman başarmaly bolupdyrlar. Şeýle maglumatlary Al-Farabynyň golýazma kitaplarynda görmek bolýar. Tanbur we doýra makomçynyň esasy saz gurallary, soňra gyjak, sato we kobuz ýaly saz gurallary goşulýar. Makom ýerine ýetirijileri üçin ýörite beýik ýerlerde sahnalar gurlupdyr. Soňra şeýle sahnalar hökümdarlaryň köşklerinde goýlupdyr. Şeýle hem Andijan, Samarkand we Balh ýaly gadymy şäherlerde şeýle sungat ýörgünli bolýar. Sazandalaryň sahnasy *nakkarahane* diýlip atlandyrylýar. Sazanda toparynyň başynda duran ýolbaşçysy dürli deprekleri çalmany başarýan adam bolmaly edilipdir (*mehter*), şol sebäpli oňa *nakara-hany* diýlen bolara çemeli.


Sato

Üflenip çalynýan saz gurallary gamyşdan, süňkden we agaçdan ýasalýar (naý we onuň görnüşleri, sibizik, koşnaý, bulaman, surnaý). Olardan iň ýönekeýleri, çopanlaryň saz gurallary diýlip atlandyrylýan naý we koşnaýyň görnüşleridir.

**Gajyr-naý** – çölde gezýän gajyr diýen guşuň ganatyndan ýasalan uzyn fleýta. Onuň ýüz tarapyndan üç, aşagyndan bir deşigi bar. Saz guralyň seksta çägindäki diapazony bar.

**Sibizik** – 140–150 mm uzynlykda, gamyşdan ýasalan, dillije, üç deşikli saz gural. Diapazony sekstanyň çäginde.

**Naý** – Gündogar halklarynyň köpüsinde ýaýran kese fleýtanyň görnüşi. Onuň uzynlygy 450–520 mm, 6 sany deşigi bar. Gamyş, agaç ýa-da metaldan ýasalýar, onuň dürli görnüşleri bar. Diapazony iki ýarym oktawa çenli, sesi güýçli, mylaýym.



**Koşnaýçy**

**Koşnaý** – gamyşdan ýasalan saz gural, diapazony iki oktawa çenlidir. Göwrümi, düzgüni we akustiki mümkinçilikleri boýunça iki sany meňzeş trubkalardan ybarat (240–260 mm), olaryň hersinde 6–8 deşigi bar.

**Bulaman** – ses ýaňlanyşy boýunça sibizik we koşnaýa meňzeş, Emma daşky sypaty boýunça olardan tapawutlanýar. 300 mm uzynlykda, aşakda giňelýän silindrik agaçdan ýasalan trubka görnüşli saz gural, 8 deşigi bar. Diapazon oktawanyň çägindedir. Horezm we Garagalpagystanda giňden ýaýran.



**Surnaý**

**Surnaý** – Gündogar halklarynyň köpüsinde ýaýran goboýyň baştutany. 450–550 mm uzynlykda, aşagynda giňelen agaç trubkada ýüz tarapdan 7 sany,

yzky tarapdan bir deşigi bar. Trubkanyň ýokarsyna ikeldilen trost – *pişik* goýdurylýar. Diapazony – iki oktawa çägindedir.

**Karnaý** – misden ýasalan saz gural, 2 metr uzynlykda, soňy çala giňeldilen. Onuň ýiti, fanfara sesine görä, karnaý surnaý we nagara bilen bilelikdäki ansamblda, şeýle hem ýekelikde ulanylýar.

Özbekleriň kakylyp çalynýan saz gurallary hem Gündogar halklarynyň köpüsinde tanyş. Iň ýörünli saz gurallara doýra, nagora, safoil, koşik we kaýrak degişlidir. Bu saz gurallarda, köplenç, gaýtalanýan ritmik formulalar – usul – ýerine ýetirilýär.

**?** **Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Özbek halk aýdym-sazlary haýsy aýratynlyklar boýunça toparlara bölünýär?
**2.** Terma aýdymlaryň ýerine ýetirijileri kimler?
**3.** Koşuk, lapar we ýalla žanrlary barada gürrüň beriň.
**4.** Aşula žanrynyň görnüşlerini häsiýetlendiriň.
**5.** Özbek dostanlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz? Olaryň belli ýerine ýetirijileri kimler?
**6.** Şaşmakom sungaty barada gürrüň beriň.
**7.** Özbek halkynyň saz gurallaryny häsiýetlendiriň.

## 4. Garagalpaklaryň saz medeniýeti

Garagalpaklarda *kobyz* esasy saz gurallaryň biridir. Bu mukaddes saz guralyň döredijisi bolup halk arasynda *Korkut ata* hereket edýär, bu rowaýaty şahsyýet *jyraularyň* epiki ýerine ýetirijileriniň ruhy howandary hökmünde hasaplanýar. Rowaýata görä, Korkut şeýtanlaryň kömegi bilen tokaýda guran agajy saýlap (*jiýde*) saz guraly ýasaýar, onuň gabyna bolsa düýäniň hamyny alýar-da, atyň gylyndan kirişleri ýasaýar. Garagalpak belli epiki ýerine ýetirijisi *Jumabaý jyrauçynyň* aýtmagyna görä, kobyz adamlary ýokarky dünýäsi bilen baglaşdyryp, dini wezipeleri ýerine ýetirýär. Bu saz guralyň üsti bilen Hudaý ilkinji adama ruh berdi.

Garagalpak jyraularyň ulanylýan kobyzy ýaý görnüşlidir, oňa iki sany atyň gylyndan ýasalan towlanmadyk kirişler dakylýar. Kobyzyň

düýäniň ýa-da sygryň hamy bilen çekilen, aşaky bölegi *böri tumsyk* (möjek agzy) ýa-da *kus tumsyk* (guş çüňki) diýlip atlandyrylýar. Saz guralyň ýokarky açyk bölegi (*şanak* ýa-da *zerenşe*) hem-de sapy, köplenç, ussalar tarapyndan owadan şekillendirilýär. *Suu kabak* atly kädiden ýasalan eşek guralyň aşagynda ýerleşýär. Kemençe *kyl tartkyş* diýlip atlandyrylýar, aşaky kirşiň ady bam (ýogyn ses diýmek), ýokarky – *heýüj* (belent dereje). Saz guralyň uzynlygy 70–75 sm. Ol tut, erik ýa-da garaman agaçlardan ýasalýar.



**Jyrauçy**

Kobyz Garagalpagistandan başga Özbegistanyň Horezm, Buhara, Samarkant we Nowaýy welaýatlarynda hem ýörgünlidir. Ussalaryň aýtmagyna görä, gowy saz guralyň sesi geçiniň ýa-da gazyň sesini ýatlatmalydyr. Garagalpaklaryň kobyzy kwarta ($e^1$-$a$)[1] düzülýär, onuň ses hatary: *e-fis-g-a-h-cis-d*, ulanylýan diapazony kiçi septima deňdir.

Kobyz saz guralynyň gelip çykyşy we kämilleşişi halkyň epiki sungaty bilen baglydyr. Bu saz guralyň esasy ýerine ýetirijileri jyraulardyr, arassa *kobyzçy* häzirki günlerde seýrek ýagdaýda duş gelýär. Geçmişde örän ýörgünli bolan kobyz instrumental sungaty XX asyrda *baksylar* tarapyndan dutarda ýerine ýetirilýän *romantiki eposlar* bilen çalyşdy. Häzirki wagtda ýerine ýetirilýän kobyz küýleri jyrauçylaryň wokal aýdymlarynyň (*namalaryň*) ösdürilmegi esasynda döredildi. Olaryň atlarynda-da epiki aýdymlaryň atlary ýatyr. Bu küýleri epiki däbiň aýratynlyklary (äheň we emosional düzgüni) häsiýetlendirýär.

Şertli ýagdaýda kobyz küýleri 5 sany topara bölünýär. Olaryň birinjisini belli jyrauçylaryň atlary tapawutlandyrýar: «*Peleke jyrau namasy*», «*Turymbet jyrau namasy*», «*Ýerman tolgaýy*», «*Izimbet joly*» we başgalar. Ikinji toparyndaky sazlaryň atlarynda şygyrlaryň belli bogunlary jemlenen: «*Ýar-ýar namasy*», «*Jan-jan namasy*», «*Heý-ýar*», «*Ýabbar*» we başgalar. Üçünji toparda epiki aýdymlaryň atlary tutulýar: «*Terme namasy*», «*Tolgaý namasy*», «*Kelte tolgaý*», «*Uly tolgaý*», «*Beýit*». Dördünji toparyň sazlarynda desanlaryň bel-

li şekilleri beýan edilen: «*Ylgal namasy*», «*Köz aýdyn*», «*Tolkyn*», «*Ýagly bähär*», «*Müňly namasy*». Bu topara «*Jeti asyrym*», «*Şöl askan*», «*Ygbal*», «*Synsuý*» ýaly sazlar hem degişlidir. Bäşinji toparyň sazlarynda dessanlaryň belli epizodlary suratlandyrylýar: «*At şabar*», «*Köse kaşkan*», «*Ýer şora*», «*Heýjar*» («*Alpamys*» dessandan), «*Şabys*», «*Jortyýly*» («*Maspatşa*» dessandan). Dessanlaryň bu epizodlary kobyz sazlaryň programmasy bolup durýar.

Kobyz sazlaryň esasynda köp gezek baş äheňi gaýtalaýan bent formasy ýatyr. Şoňa görä-de küýleriň sazy ösdürilýär. Wokal çeşmeleri bilen deňeşdirilende, instrumental sazlaryň dili has anyk we melizmatika taýdan baýlaşdyrylandyr. Aýdymlaryň esasynda instrumental sazlary döretmek däbi özbek we türkmen sazandalaryna-da mahsusdyr. Özbek alymy *F. Karomatowyň* bellemegine görä, «Bu sazlar dombraçylaryň repertuarynda esasy orun tutup, «*Bagşy küý*» diýlip atlandyrylýar»[5].

Kobyz küýleriniň ýene-de bir gyzykly tarapy bar. Jumabaý jyrau «*Şankaý*» küýüň çalmagy bilen dessan aýtmagyny başlaýar ekeni. Dessan ýerine ýetirilende bu küý dürli improwizasiýa çalyşmalara sezewar bolýar. Dessan aýdylýarka arakesme ýüze çyksa, küýüň ýerine ýetirilmegi bilen jyrauçy diňleýjileri gerekli emosional derejä ýetirýär.

Jyraularyň aýdymlarynda kobyz partiýasy diňe akkompaniment bolman, ansamblyň doly gatnaşyjysy hökmünde çykyş edýär. Forma tarapdan ýönekeý bolsa-da, instrumental sazy aýdymlardan aýyrmak mümkin däldir. Instrumental girişler bolsa aýdymyň häsiýetini berip, onuň tempini, ritmini we ladyny kesgitleýärler. Käbir ýagdaýlarda jyrau aýdymlaryndaky instrumental giriş özboluşly bölüm bolup düzülýär hem-de aýdymyň wokal partiýasy gapma-garşylaşýar (mysal üçin, *Şamurat jyrauçynyň* «*Asyrym*», «*Tolkyn*» aýdymlarynyň giriş bölümleri). Şeýlelikde, jyrau aýdymlarynda ösdürilen girişleriň bardygy bu sungatyň ýokary derejeli ösmegini tassyklaýar.

Garagalpak kobyz küýleriniň ilkinji nota nusgalary 1870-nji ýylda *Awgust Eýhorn* tarapyndan ýerine ýetirildi. Awstriýadan ge-

[5] *Кароматов Ф.* Узбекская инструментальная музыка (Наследие). – Ташкент, 1972, стр. 121; Успенский В., Беляев В. Туркменская музыка. Т.1. – Ашхабад: Туркменистан, 1979, стр. 45–60.

lip çykan Eýhorn 1870–1883-nji ýyllarda Daşkentde harby kapelmeýsteri (horuň ýolbaşçysy) bolup işleýärdi. Ol küýüň bir bölegini özüniň kobyz baradaky makalasynda ýerleşdirdi. Soňra 60-njy ýyllardan başlap, belli jyrauçylardan magnitofona ýazylyp alnan kobyz sazlaryň nota ýazgylary Özbegistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Garagalpagystanyň filialynyň işgärleri tarapyndan edildi. Şeýlelikde, kompozitor we baksy *Ansatbaý Haýratdinow* öz kakasy *Kiýas Haýratdinowdan* 30 sany küýleri ýazyp alyp, olary 1986-njy ýylda «Kobyz namalary» atly ýygyndyda çap etdi. 1991-nji ýylda kompozitor *M. Jiýemuratow* «*Jyrau namalary*» atly ýygyndyda birnäçe epiki aýdymlaryň kobyz üçin küýlerini çap etdi.

? **Soraglar we ýumuşlar:**

1. Garagalpak sazynyň gelip çykyşy bilen bagly rowaýatlardan haýsylaryny bilýärsiňiz?
2. Kobyz küýlerini ilkinji bolup nota geçiren kim?
3. Kobyz küýleriniň klassifikasiýasy barada gürrüň beriň.
4. Garagalpaklaryň epik sungatyny häsiýetlendiriň.
5. Belli garagalpak jyrauçylardan kimleri bilýärsiňiz?
6. Halk küýleriniň gurluş aýratynlyklary barada gürrüň beriň.

## 5. Tatarlaryň saz medeniýeti

Geçen asyrda tatarlaryň saz medeniýetinde, esasan, aýdym žanrlary ýörgünli bolupdyr: *Takmaklar, Uýen köýläre* (oýun aýdymlar), *Ozyn we Kyska köýlär* (uzyn we gysga aýdymlar), *Awyl köýläre* (oba aýdymlary). Halk aýdymlarynyň mazmuny durmuşyň ähli taraplaryny özünde jemläpdir. *Ozyň küýleriniň* (ýekelikde aýdylýan liriki aýdymlary) görnüşleri aýratyn häsiýetlere eýedir. Olaryň sazyna heňiň tolkun hereketi, üýtgäp durýan metr, ritm taýdan erkinlik, gurluşyň assimetriýasy mahsusdyr. Aýdymçynyň improwizasiýa häsiýetli melizmatika bezegleri uly ähmiýete eýedir. Umuman, heň aksentsiz, giň dem alyşda, asuda, saldamly geçirilýär.

**Folklor žanrlary.** *Kyska küýleri* we *takmak* žanrlary üçin (oýun görnüşli, çalt depginli aýdymlary) metroritmiň takyk düzülişi, kiçi diapazon, bezeg nagyşlaryň ulanmazlygy we sazyň inedördül gurluş-

lary häsiýetli. Olardan başga obalarda *Awyl küýe*, şäherlerde bolsa *Şäher küýe* ýaly halk aýdymlary giňden ýörgünli bolupdyr. *Baýitlar* diýlip atlandyrylan reçitatiw häsiýetli gadymy taryhy aýdymlaryny aram depgin hem-de kadaly ritm pulsasiýasy tapawutlandyrýar.

Tatar folklorynda *beýt* (Baýet) žanry aýratyn orun eýeleýär. Tatar halk aýdym-saz sungatynda beýtler – gadymy nusgalaryň biridir. Arap dilinde beýt – iki setirli goşgudyr. Tatar halk döredijiliginde bolsa beýt diňe goşgynyň gurluşyny däl-de, dürli häsiýetli kesgitli gurluşly aýdymy hem aňladýar. Bu žanr, köplenç, ýaşy uly adamlaryň arasynda ýaýran. Beýtleri, esasan, şygyr tekstleri düzýän *baýetçe* – ussat kyssaçylar ýerine ýetirýärler. Beýtleriň mazmuny dürli-dürlüdir: taryhy, gahrymançylykly tekstlerden başlap liriki, fantastiki we wäşi sýužetlere çenlidir.

Beýtlerde tekstiň ähmiýeti sazdan güýçli bolansoň, olary epiki ýa-da lirik-epiki žanr hökmünde kesgitlemek bolýar. Şonuň üçin beýtler aýdym (*žyrlau*) görnüşde däl-de, kyssa görnüşde ýerine ýetirilýär (*baýet aýtu*). Beýtleriň heňi, saz tarapdan ýönekeý bolup we eserde ritmiki goltgy berip, dürli mazmunly tekstlere esas bolup durýar. Bu sazlaryň esasy wezipesi – eserde «gürrüňdeşlik» häsiýetini saklamak. Şonuň üçin olaryň gurluşy we depginleri durnukly bolup, köp wagtyň dowamynda üýtgedilmän galýar. Beýtler üçin iki bölümli gurluşlar häsiýetlidir: AB, $ABB^1$, $AA^1BB^1$.

«*Sak-Sok*» beýtiň döreýşi, alymlaryň pikirine görä, Bulgar döwletiniň häkimlik sürýän döwrüne degişlidir. Bu eserde tatar halkynyň arhaik pikirleri beýan edildi. Eser enesiniň günäsinden gorkma, ekizlere baş egme, adamlary guşlara we haýwanlara öwürýän gadymy totem motiwlerden düzülendir.

## Sak-Sok




Wagtyň geçmegi bilen, yslamyň girizilmeginiň netijesinde eseriň mazmun taýdan aksentleri üýtgedilip, şygyr gurluşyň üýtgemegi-

ne hem getirdi. Beýt mifologik-fantastiki mazmunly ballada žanryna ýakynlaşdy. Dürli sebitlerde (Ural, Sibir, Powolžýe) ýaşaýan tatarlaryň arasynda bu eseriň ýaýradylyşy galan eserlerden agdyklyk edýär. Halkyň arasynda taryhy we durmuş mazmunly beýtlerden «Sak-Sok» eseri iň ýörgünli we söýgüli eserleriň biridir. Onuň ýörgünliligi şu wagta çenli hem saklanýar. Umuman, tatarlaryň saz-epiki däbinde «Sak-Sok» beýtiň tutýan wezipesi özboluşlydyr. Sýužet we kompozisiýa taýdan ol galan beýtlerden tapawutlanýar. Has gyzykly tarapynyň biri, bu eseriň başgyrt we çuwaş halklarda hem ýaýramagydyr.

Tatar aýdymlary angimeton pentatonika lada esaslanýarlar. Adaty aýdymlar bir sesli saz guralsyz ýerine ýetirilýär. Käbir ýagdaýlarda aýdymçylar sazandarlyk edýän saz gural hökmünde baýan peýdalanýarlar. Belli aýdymçylardan we sazandalardan G. Suleýmanowanyň, R. Waganowyň, I. Şakirowyň, F. Tuişewiň atlaryny tutmak bolar.

**Halk saz gurallary.** Saz gurallary barada iň gadymy ýatlamalary X asyryň ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýär. Mahmyt Kaşgarlynyň taglymatynda sanalýan türki halklarda ýaýran saz gurallar görnüşleriniň 11 sanysyndan tatar leksikasynda 5-si häzirki wagta çenli ulanylýar: *kubyz, sybyzgy, byrgy, çaň* we *tomruk*.

**Kubyz** – wargan toparyna girýän saz guraldyr, onuň dürli görnüşleri bar.

**Sybyzgy** – toýdan we gamyşdan ýasalýan, awçylykda haýwanlary özüne çekmek üçin ulanylýan saz gurallar hataryna girýär.

**Byrgy** – agaçdan ýa-da misden ýasalýan, çopanlaryň konus görnüşli üflenip çalynýan saz guralydyr. Çaň göni manyda «jaň» diýmekdir.



**Kubyz**

**Tomruk** – dep görnüşli saz gural.

1724-nji ýylda Peterburgda dörän Ylymlar Akademiýasynyň alymlary Russiýanyň durmuşyny öwrenmek maksady göz öňüne tutupdyrlar. Şeýlelikde, S.Gmelin, G.Miller, P.Pallas, I.Lepehin ýaly alymlar tatarlarda wolynka, surnaý, kuraý, ýatagan, gusli, skripka ýaly saz gurallarynyň bardygyny belläpdirler.



**Garmonika**

Häzirki wagtda tatarlarda ýaýran halk saz gurallaryndan *kuraý* (üflenip çalynýan), *kubyz* (wargan görnüşli), *garmonika, skripka, mandolina, domra, baraban, gusli* ýaly görnüşleri ýatlamak bolar.

Tatar halkynyň düzümi dürli toparlara bölünýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Umuman, tatarlaryň sazly-däp mirasy epiki, folklor žanrlary, liriki aýdymlary we instrumental sazlary bilen beýan edilen. Huşawaz we Jyr – nogaý eposynyň esasy žanr görnüşleridir. Öňler Huşawaz *ýurtly*, Jyr bolsa *karagaşly* tatar taýpalara mahsusdy. Häzirki wagtda bu iki žanryň tapawutlary ýitip, olar birmeňzeş heňde ýaňlanyp, ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça hem ýakynlaşýarlar. Bu žanrlar maşgala we oba baýramçylyklarda gojalar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Huşawazlar ata-babalaryň wagyz-nesihatlaryny beýan edýärler. Olarda ulanylýan tekstler bir-biri bilen baglanyşykly däldir, tekstleriň sany we olaryň ýerine ýetirilýän wagty hem çäksizdir. Jyrlar, tersine, bir tema ýa-da sýužet bilen baglanyşykly. Bu žanrda halkyň hakyky bolup geçen wajyp pursatlary şöhlelendirilendir. Epiki eserler dombra saz guralynyň kömegi bilen ýerine ýetirilipdir.

## Kaztugan batyryň jyry




«*Kaztugan batyryň jyry*» nogaý-gazak gahrymançylykly eposa degişli bolup, kyrk nogaýly batyrlar baradaky köp sanly poemalary öz içine alýan uly epiki esere girýär. Batyrlaryň baştutany hökmünde *gyzylordaly Idige* (*Ýedige*) hasaplanylýar. Batyr Kaztugan

W. Žirmunskiý tarapyndan bellenen *Musahan* baradaky poemanyň gahrymanydyr[6]. Häsiýeti boýunça bu gahryman türkmenleriň Görogluşyna mahsusdyr. Ähli türki dilli halklara belli bolan bu gahrymanyň şekili tatar folklorynda hem öz ornuny tapdy.

## Kirugly bäýete




Tatarlaryň däp-dessur folklory ýüzlerçe žanr görnüşlerinden ybaratdyr. Olardan iň ýörgünlileri toý aýdymlary we sazlarydyr. Karagaşlaryň saz folklorynda şu wagta çenli *Ýar-ýar* žanry saklanyp galypdyr. Onuň nusgalary degişme görnüşde oglan we gyz taraplary gezekleşip ýerine ýetirilýär. Bendiň soňunda gaýtalama hökmünde «ýar-ýar» sözler aýdylýar.

## Ýar-ýar




Şeýle-de tatarlaryň belli toý žanrlara «*Kiýausyy*» (oglana hormat), «*Akçatyr*» (ak öý), «*Kyz ozatu*» (gelniň hoşlaşmagy), «*Jylau koýe*» (gelniň aýdymy), «*Şarka-Barka*» (kalmyklaryň tansy), «*Betaşar*» (ýüzüni açmagy), «*Kaýtaga*» we «*Zaly*» ýaly aýdymlar girýär.

[6] *Жирмунский В. М.* Тюркский героический эпос. // Избранные труды. – Л., 1974, стр. 397–399.

Olaryň ählisi üç paýly (triol ritmleriň peýdalanmagy bilen), tans hereketli, çalt depginde ýerine ýetirilýär. Stil taýdan bu aýdymlar kawkaz we galmyk sazlaryna ýakyndyr. Olar, köplenç, sazda (garmon saz guraly) we *kawalda* (dep) ýerine ýetirilýär.

Saz atly garmonlar öňler gyzlar tarapdan ýerine ýetirilerdi, onda çalmany gyzlar ýaşlykdan öwrenerdiler. Däp boýunça, bu saz gural toýda gelinleriň joralaryna sowgat berlerdi. Häzirki wagtda bu sazda ýaşy uly aýallar çalýarlar. *Kawalda*, köplenç, erkekler çalýarlar. Saz ýekelikde-de ulanylýan bolsa, kawal esasan, saz bilen ansambllarda peýdalanylýar.

Toý däplere *Sazda söýläşü* (Sazda gürrüň bermek) diýen žanr hem degişlidir. Ol, köplenç, astrahan tatarlarynda köp duş gelýär. Sazda ýerine ýetirilýän bu žanryň üsti bilen oglanlar gyzlara duşuşyk wagtyny aýdyp bilýän ekenler. Häzirki wagtda bu žanr seýrek ýagdaýda duş gelýär.

?

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Tatar halkynyň folklor žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**2.** Beýt žanrynyň gurluş aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
**3.** «Sak-Sok» baýtiň sýužeti haýsy motiwlerden düzülen?
**4.** Tatar halkynyň saz gurallaryny häsiýetlendiriň.
**5.** Haýsy saz gural aýratyn orun eýeleýär?
**6.** Epiki eserler haýsy saz guralyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär?
**7.** Tatarlaryň folklor aýdymlary barada gürrüň beriň.

## 6. Başgyrtlaryň saz medeniýeti

**Başgyrtlaryň saz folklory** gadymy pikirleniş däplerini öz içine alýan ruhy medeniýetiniň ýadygärligidir. Däp-dessur hereketlerinde adamlaryň tebigat bilen gatnaşygynda dörän häsiýetler, usullar ähmiýetlidir. Saz folklorynyň žanrlary: instrumental sazlary, toý we däp-dessur aýdymlary, dabaraly alkyşlar, sene aýdymlary, tanslar. Halkyň taryhy ösüşinde asyrlar boýy bolup geçýän durmuş şertleriniň üýtgedilmegi käbir saz gurallarynyň kämilleşmegine, başgalaryň ulanyşdan çykyp gitmegine getirdi. Bu žanrlar ýylyň belli pasyllarynda ýerine ýetirilýär. Olardan başga ýyl pasyllary bilen baglanyşykly

bolmadyk žanrlara dürli tans äheňleri, dabaraly, şatlykly heňler (*«Zafira», «Perowskiý», «Baik»*), şeýle hem liriki we epiki aýdymlarynyň sazlary girýär (*«Agsak at», «Buranbaý», «Bulbul»*).

**Halk saz gurallary.** Başgyrtlaryň saz gurallary halkyň taryhy bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Başgyrtlaryň instrumental sazlarynyň hatarynda sene, toý, tans žanrlar bilen bilelikde öýkünme häsiýetli programmalyk sazlar hem bar (*«Ikatýok», «Durnanyň aýdymy», «Toý sowgatlary»*). Epiki we liriki aýdymlaryň sazlary («*Ozon küýleri*») kuraý halk saz guralynda ýerine ýetirilýär. «*Kyska küý*» we «*Halmak küý*» žanr görnüşleri kuraýdan başga *kubyz, mandolina, dumbra, baýan* ýaly saz gurallary ýerine ýetirýärler. Bu halk saz gurallarynyň hatarynda kuraý – iň ýörgünli we söýgüli gurallarynyň biridir.



**Kuraýçy**



**Kuraý ösümlik**

**Kuraý** – dikligine çalynýan gamyş fleýtasynyň görnüşidir. Bu saz guralyň ady kuraý diýlip atlandyrylan ösümlikden gelip çykýar. 1914-nji ýylda E. Hornbostel we K. Zaksyň hödürlenen klassifikasiýasy boýunça kuraý aerofonlaryň toparyna degişlidir, emma ol beýleki türki dilli halklaryň meňzeş bolan saz gurallaryndan (meselem, gazaklaryň *sybyzgy*, türkmenleriň *gargy tüýdüginden*) düýpli tapawutlanýar. Tatarlaryň adybir saz guralynyň görnüşi hem sygyrylyp çalynýan fleýta degişlidir. Kuraý ýekelikde we ansambllarda köp ulanylýar.

Ol gadymy saz gurallara degişlidir. Başgyrtlaryň *«Akbuzat», «Kara ýurga», «Zaýatulýak we Hyuhylyu»* ýaly epiki eserlerinde, «*Akdaş*» baradaky rowaýatynda kuraýyň ady tutulýar. Bu saz guralyň gelip çykyşy barada başgyrtlaryň arasynda köp rowaýatlar ýyg-

4. Sargyt № 2977

nalypdyr (Bir ýigit ýaňlanýan näzik seslere tarap ýöräp, şemalda owadan owazy berýän ösümlige duş gelýär. Oglan bu gamşy ýolýar-da, dodaklaryna ýetirip, saz çalmaga başlaýar).

Kuraýda belli ýerine ýetirijiler: *Salawat Ýulaýew, Talgat Zaripow, Kahym-ture, Işmulla Dilmuhammetow, Gata Suleýmanow, Gaýfulla Sarbaýew, Azat Aitkulow, Işmurat Ilbakow* we başgalar.

Bu saz guralda 4 sany ýokardan, bir deşik aşakdan ýerleşdirilen. Kuraýyň belli ussalary *Şugaýupow Wakil Şakirowiç* we *Ýangužin Ansar* saz guralyň alty sany ölçegini oýlap tapyp, saz durmuşyna girizipdirler. Olaryň esasylary: *Gysga kuraý, Orta* we *Uzyn kuraý*. Bu görnüşleriň ählisi saz guralda dürli tonallygy almaga mümkinçilik berýär. 1987-nji ýylda kuraýçy Işmurat Ilbakow «*Işkuraý*» atly hromatiki saz guraly ýasapdyr.

Ussat kuraýçylar öz çykyşlarynda däp bolan usullardan başga «*Uzlýau*» ýa-da «*Tamak-kuraý*» (bokurdak aýdymy) ýaly usullardan peýdalanýarlar. Bu tehnika diňe başgyrtlarda däl-de, tuwa we altaý halklarda-da ýörgünlidir. Uzlýauda kuraýçy saz guraly çalanda bokurdagy bilen ikinji sesi ýerine ýetirýär we iki seslilik usulyny gazanýar. Burdon berýän sesinde döşden (*Kara-uzlýau* ýa-da *Týuben uzlýau*), burundan we maňlaý derejelerinde (*Ýugary-uzlýau*) çykýan sesler bar. Çaga ýa-da aýal tarapyndan ýerine ýetirilýän bokurdak aýdymy *Bala-uzlýau* ýa-da *Katyn-uzlýau* diýlip atlandyrylýar. Bu usul öz köklerini porhançylyk tejribesinden alyp gaýdýar.

Kuraýda heň bezeglerden doly improwizasiýa görnüşli *Uzun-kýuýler*, haýal depginli bent gurluşly *Halmak-kýuýler* hem-de tans häsiýetli *Kyska-kýuýler* ýerine ýetirilýär.

Arheologik gazuwlar gadymy saz gurallar hökmünde başgyrtlarda üflenip çalynýan, malyň şahasyndan ýasalýan *Hornaý* (*Sornaý*), agaçdan ýasalýan *Borgo* hem-de *Kamyş-kuraý* (fleýta Panyň görnüşi) ýaly esbaplaryň bardygyny görkezdiler. Emma bu saz gurallaryň ýerine ýetirijilik häsiýetnamasy we repertuary barada hiç-hili maglumatlar saklanylmandyr.

Umumy **Garmonika** diýlip atlandyrylýan *Garmon* we *Baýan* saz gurallary başgyrtlaryň halk saz döredijiliginde ýaňy-ýakynda emele

geldi. Horbostel-Zaksyň ulgamynda bu gurallar *dillije aerofonlaryň* toparyna degişlidir.

Garmonyň ady ilkinji gezek XIX asyrda emele gelýär. Onuň başga atlary: *rus garmony, talýanka* (*talýan-garmun*), *minorka, Baraksin* (*Waraksin* dinastiýasynyň ussalarynyň atlary boýunça) we başgalar. Gurluş sebäpli garmonlarda başgyrtlaryň Uzun-kýuýlaryny ýerine ýetirip bolanok. Bu saz guralda, esasan, «Halmak-kýuý» we «Kyska-kýuý» ýaly ýönekeý inedördül gurluşlar ýerine ýetirilýär. Şeýle-de garmonikada başgyrtlaryň haýal depginli ýörişde peýdalanýan özboluşly «*Aýyl-kýuý*» (oba küýi) we «*Uram-kýuý*» (köçe küýi) diýen sazlar ýerine ýetirilýär.



**Timer-kubyzlar**

Başgyrtlaryň wargan görnüşli **kubyz** Idiofonlar toparyna degişlidir. Başkorlarda bu saz guralyň agaçdan ýasalan «*Agas-kubyz*» hem-de polatdan ýasalan «*Timer-kubyz*» diýen görnüşleri ýörgünlidir. Bu saz guralyň görnüşleri dünýäniň ähli künjeklerinde ýaýrandyr.

Bu saz guralda ýerine ýetirijiniň agzy ses berýän rezonator bolup durýar. Kubyzda baý akkustiki sesleriniň we oberton ses hatarynyň barlygy sebäpli, köp sanly ses meňzetmelerini gazanmak mümkin. Saz guralynyň yrgyldaýan diljagazy özboluşly burdon sesini berýär. Başgyrt kubyzy üçin ýörite döredilen repertuary bar.

Halk arasynda ýaýran rowaýatlara görä, öňki döwürlerde başgyrtlarda *Käbe, Sybyrtky, Täýme, Şakyldak,* şeýle-de *Ýankyl-kubyz* ýa-da *Jäýa-kubyz* ýaly idiofonlar hem bardy.

*Hordofonlar.* Kirişli saz gurallarynyň hataryna başgyrtlarda **Mandolina** we **Skripka** girýär. Bu saz gurallar halkyň durmuşynda we toý dabaralarynda giňden ýaýrandyr. Mandolinada we skripkada ýekelikde ýerine ýetirijilik däp ýörgünli, şeýle-de olar kuraý, kubyz, baýan we kakylyp çalynýan saz gurallar bilen bilelikde ansambl toparlarynda-da peýdalanylýar.

1985-nji ýyldan başlap başgyrtlarda **Dumbyranyň** (mandolinadan öň dörän) hem-de kemençeli **Kyl-kubyzyň** (dikligine tutulýan skripkanyň görnüşi) dikeldiş işleri alnyp barylýar. Şu wagta çenli



**Dumbyra**



**Kyl-kubyzçy**

olaryň ýerine ýetirijilik repertuary dikeldilen, ol, esasan, taryhy we mistiki mazmunly aýdymlaryň (*Kubaira, Harnau, Har-harnau*) akkompanimentinden ybaratdyr. Öňler hordofonlaryň toparynda *Gäzle* (*Güsle*) we *Ýatagan* (tsitranyň görnüşi) ýaly çirtilip çalynýan saz gurallar hem bardy.

*Membranofonlar.* Köp asyrlaryň dowamynda başgyrtlar aýdymlara we tanslara sazandarlyk etmek üçin kakylyp çalynýan saz gurallary hökmünde agaç tagtalardan ýa-da mis bedrelerden peýdalanypdyrlar. **Dongore** (*Kabak*) saz guraly agaçdan ýasalyp, iki sany ýüpde asylýardy. Ses iki sany taýajyk bilen kakylyp çykarylýardy. Agaç karkasa çekilen ham *Dongor* diýlip atlandyrylýardy, bu saz guraly porhanlar öz oýunlarynda giňişleýin peýdalanypdyrlar.

Rowaýatlarda söweş pursatlarynda we awçylar tarapyndan **dybyl** ýaly saz guralynyň peýdalanylmagy hem şöhlelendirilendir.

Başgyrdystanyň käbir welaýatlarynda **Dumburzýak** (Käbe) ýaly saz guralynyň peýdalanylandygy hem belli. Ol ukrain halkynyň bugaý saz guralyna meňzeş bolup, atyň guýrugy bilen bezelen uly çelekden ýasalýar.

**?**

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Başgyrtlaryň folklor žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**2.** E. Hornbosteliň we K. Zaksyň klassifikasiýasynda kuraý haýsy topara degişli?
**3.** Kuraýyň gurluşy. Belli ussalardan kimleri bilýärsiňiz?
**4.** Bu saz guralynda ýerine ýetirilýän žanrlar barada gürrüň beriň.
**5.** Başgyrtlaryň belli kuraýçylary kimler?
**6.** Uzyn, halmak we kyska küýlerini häsiýetlendiriň.
**7.** Başgyrt halkynyň beýleki saz gurallary barada gürrüň beriň.

# 7. Uýgurlaryň saz medeniýeti

Ýokary medeni mirasy eýeleýän uýgur halky öz köklerini Merkezi Aziýada ýaşan gadymy türki taýpalaryndan alyp gaýdýar. **Uýgurlaryň saz däpleri** müňýyllyklary aşyp geçdi. Uýgur monodiki medeniýeti özünde autentiki folklory hem-de agzeki professional saz döredijiligini jemleýär. Hotan oazisiniň Ýotkan şäherçesinde tapylan kiçijik terrakota heýkeljikleri uýgur saz medeniýetiniň iň irki ýadygärlikleridir. Olaryň köpüsinde saz çalýan maýmynlar hem-de sazanda-mutribazlar şekillendirilendir. Heýkeljiklerde olaryň lýutnýa, arfa, fleýta, baraban ýaly saz gurallarda çalyp duran pursatlary şekillendirilen. Maýmynlaryň, fantastik jandarlaryň we sazandalaryň elindäki dürli kirişli we üflenip çalynýan saz gurallarynyň üsti bilen adamlara sazyň edýän güýçli magik täsiri görkezilýärdi.



**Rubab**

Şekillendiriş ýadygärlikleri uýgurlaryň baý saz gurallary barada gürrüň berýär. IX–XIII asyrlarda uýgurlarda 5 adamdan (aýallardan we erkeklerden) düzülen kamera orkestrler meşhurlygy gazandy. Orkestriň düzümine iki sany kirişli saz gural (üç kirişli lýutnýa we arfa) hem-de üç sany üflenip çalynýan saz gurallar (şen (ýa-da çapçik – kiçi organ) we dik hem-de kese görnüşli *neý-fleýtalar*) girýär. Gündogar Türküstanda ýerleşýän «Myn üý» atly *dunhuan* gowagyň diwarlarynda uly dini freskalar şekillendirilen (IV–XI asyrlar). Olaryň köpüsi tans sungatyna bagyşlanan. Tanslar köp görnüşli saz gurallaryndan düzülen orkestrleriň goltgy bermeginde ýerine ýetirilýärdi. Orkestriň düzümine girýän *tresşýotka* we *jaňjagazlar* ýaly saz gurallar saza aýratyn milli koloritini beripdirler.

Uýgur halkynyň saz sungatynda uly orun eýeleýän žanrlaryň biri 12 mukamdyr. Bu halk saz toplumy gadymy döwürlerden dilden-dile geçip gelýän dastan sungaty bilen baglanyşyklydyr, hasam mugamlaryň «dastan-nagma» diýlip atlandyrylan bölümleri.

**Dessançylyk sungaty.** Uýgur dastanlary – gahrymançylyk we söýgi barada epiki poemalardyr, olary dastançylar ýerine ýetirýärler. Dastanlaryň esasynda kyssa bilen şygyr parçalarynyň gezekleşip gelmek tertibi ýatyr. Şygyr parçalar aýdym görnüşde saz gurallarynyň kömegi bilen ýetine ýetirilýär. Aýdylyş pursadynda dastançylar dürli hereket usullaryndan hem peýdalanýarlar.

Dessançylyk sungaty Gündogar Türküstanyň 3 welaýatynda ýaýran: Iliý, Kaşgar we Kumul-Turfanda. Olaryň hersine özboluşly epiki däpleri mahsus. Uýgurlaryň dessançylyk döredijiligi kompozisiýa gurluşynyň üç görnüşini öz içine alýar. Olaryň birinjisi (mysal üçin, «Seýt noçi» dessany) başdan aýak berlen bellibir ritmik şekilinde aýdylýar.

Dessanlaryň ikinji görnüşi reçitatiw-deklamasiýa häsiýetli (gahrymançylykly «Abdurahman han hudja»), ol *kalun* saz guralynyň goltgy berilmeginde ýerine ýetirilýär. Dini mazmunly «Sultanu Žam-žima» dessany hem ikinji topara degişli, Emma ol saz guralsyz ýerine ýetirilýär.

Söýgi-liriki häsiýetli «Gerip–Sanam», «Hurlika–Hamrajan», «Ýusup–Ähmet», «Tahir–Zuhra», «Wamuk–Uzra», «Parhad–Şirin» ýaly dessanlar, öňler Gündogar Türküstanyň *Hotan, Ýarkend, Kaşgar, Turfan, Kumul* hem-de *Iliý* ýaly welaýatlarynda ýörgünlidi. Olaryň aýdymlaryna gazal diýilýär.

«Gerip-Sanam» dessanynda 30-a golaý gazallar bar: *«Geripning gazili», «Geripning anisinig gazili», «Sanamning gazili», «Şah Abbasnin gazili»*, emma olaryň ählisi bir heňe sanalýar. «*Gerip-Sanam*» dessanynyň gazallary iliý mugam toplumynda hem ulanylýar. Aýdymyň esasynda sazandalar mugamda *nagma, margul* diýlip atlandyrylýan instrumental bölümleri döredipdirler. Dessanda aýdym bölümleri dessançynyň özi ýerine ýetirýän bolsa, mugamda ony *dutar* we *tamburyň* sazandarlyk etmeginde birnäçe aýdymçylar – *nagmikaşlar* – ýerine ýetirýärler. Onda gazalyň şygyr teksti hem gysgaldylýar. Dessanda saz gural aram-aram sazyň diňe esasy tonuny (daýanç sesini) berýär, mugamda bolsa saz gurallar heňi dolulygyna alyp barýarlar we ony äheň taýdan baýlaşdyrýarlar.

Dastanlarda aýdylýan aýdymlary Gündogar halklarynyň epik eserlerine meňzeş bolmak bilen birlikde, diňe uýgur sazlaryna häsiýetli aýratynlyklardan ybaratdyr.



Uýgur dutary

**12 uýgur mukamy.** Uýgur halky, Gündogaryň beýleki halklary ýaly, gadymy halklaryň biri bolmak bilen, köp asyrlaryň dowamynda öz baý medeniýetini döredendir. Arheologik materiallar we saklanyp galan ýazuw çeşmeleri gadymy we orta asyrlar uýgur şygryýetiniň, suratçylygynyň, binagärliginiň we saz medeniýetiniň ösüşiniň ýokary derejelerine şaýatlyk edýär. Meselem, *Minguý* we *Idikut* harabalyklaryň diwarlarynda *arfa, ud, kanon, çang, rabab, naý, karnaý, nagara, dumbak* ýaly saz gurallaryň şekilleri suratlandyrylypdyr. Biziň günlerimize gelip ýeten, orta asyr uýgur edebiýatynyň eserleri we rowaýatlary, şol döwürlerde sazyň halkyň durmuşynda uly orun tutandygy barada gyzykly maglumatlary berýär.

Uýgur halkynyň saz mirasynda folklor we dil däpleriniň professional sazy uly ähmiýete eýedir. Professional döredijilige mukamlar, dessanlar we sanamlar, şeýle hem beýleki kämil wokal we instrumental eserler degişlidir. Ýöne aýdym äleminiň žanr taýdan we obrazlaýyn baý bolmagyna garamazdan, uýgurlaryň esasy saz mirasy 12 sany mukamda jemlenendir. Olar giň göwrümli, toplumlaýyn aýdym-tans kompozisiýalary bolmak bilen, aşakdaky ýaly atlandyrylýar: *Rak, Çabbiýat, Muşawrak, Çargah, Panjigah, Uşak, Uzhal, Adžan, Baýat, Nawa, Sigoh, Iyrok.*

Mukamlarda uýgurlaryň aýdym-saz sungatynda wajyp häsiýetler – ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy, döredijilik hyýallarynyň gutarnyksyzlygy, şol bir wagtyň özünde hem düzüm däp-dessurlarynyň asyrlaryň dowamynda kämilleşmegi we gadymdan gelýän kanunalaýyklyklara gyşarnyksyz eýermeklik jemlenendir.

Mukamçylyk medeniýetiniň bir şahasy bolmak bilen, uýgur mukamlary orta asyrlara degişlidir (X–XI asyrlar). Olaryň manysy, adatça, gadymy gündogar sungatynyň filosofik-epik ýörelgesindäki sazandanyň adama edýän ägirt uly terbiýeçilik we joşgunlylyk täsirine daýanýar. Mukamlaryň ýazgysyny meşhur dessanlar – gündogar şygryýetiniň nusgawy eserleri bolan gazaklaryň rowaýatlary düzýärler.

Häzirki wagtda uýgur mukamlarynyň 2 sany özbaşdak görnüşi bar: kaşgar we dulan. Mundan başga-da kaşgar mukamlary – kaşgar, iliý we atan atly üç sany ýerli nusga hem bölünýär.



**Şoýgu (tamburin)**

Her bir mukam aýry-aýrylykda dört bölümden ybarat bolan wokal-instrumental toplum bolup, olara şular degişlidir: *Mukambaşy, Çon nagma, Doston nagma, Maşrap nagma*.

Mukamlaryň *Mukambaşydan* beýleki bölümleri hersi özbaşdak atlandyrylýan we görnüşi boýunça gutarnykly wokal, instrumental we wokal-tans böleklere bölünýärler. Mukamlaryň her bölüminde şular ýaly bölekleriň sany 6-dan 30-a çenli bolýar. Bölümleriň iň çylşyrymlysy bolan *Çon nagma* wokal-tans we intermediýa görnüşli (*margullar*) instrumental nomerleriň iň köp sanlysyny öz içine alýar. Özüne degişli pýesalaryň öz atlary bilen kybapdaş gelýän beýleki bölümleri durnukly kompozisiýa eýedir, ýagny Dastan nagma margullar bilen gezekleşýän dastanlardan ybaratdyr, Maşrap nagma bölümi diňe «maşraplar» diýlip atlandyrylýan tanslary düzýärler.

Kaşgar mukamlary bilen deňeşdireniňde, iliý we hatan mukamlarynyň düzümindäki iň bir tapawutly aýratynlyk, iliýde bütinleý «Çon nagma» bölüminiň, hatanda bolsa iki sany soňky – «Dastan nagma» we «Maşrap nagma» bölümleriniň bolmazlygydyr. Bulardan başga-da mukamlar özleriniň yzygiderliligi boýunça hem tapawutlanýarlar. Mysal üçin, Muşawrak mukamy kaşgar mukamla-

rynda 3-nji, iliý mukamlarynda 11-nji bolup gelýärler. Käbir beýleki düzüm aýratynlyklary hem tapawutlanýar. Ýene-de bir bellemeli zat: kaşgar we hatan görnüşlerindäki 12-nji mukam bolan Iyrok iliý nusgasynda «Husaýn» diýlip atlandyrylýar.



**Surnaý**

Mukamlaryň hemme görnüşleri we nusgalary, adatça, «Mukambaşy» diýlip atlandyrylýan bölümden başlanýar. Onda mukamyň ruhy tutuşlygyna diýen ýaly görünýändir: bütin toplumyň tematika we perde esasy oňa girizilendir. Mukambaşy joşgunlylyk taýdan göçgünli reçitatiw görnüşli äheňlerden başlanýar. Bu bölümiň häsiýetli aýratynlygy saz ösüşindäki improwizasion başlangyç we göwrümlilikdir. Şu sebäpli onda ostinato bölümleri üçin häsiýetli bolan ritmiki formula – usul ýokdur.

Mukambaşyny ýerine ýetiriji aýdym aýdyş ussatlygyna eýe bolmalydyr we onuň giň diapazonly sesi bolmalydyr. Aýdymçynyň aýdym aýtmakdan, saz çalmakdan we edebiýatdan başy çykmalydyr. Adatça, aýdym aýtmaklyk haýsy hem bolsa bir saz guralynyň ýerine ýetirmeginde aýdylýar: kaşgar nusgasynda satar ýa-da tanbur bilen, hatanda kanun bilen, dolanda bolsa rubab bilen ýerine ýetirilýär.

Mukamlaryň ikinji bölümi «Çok nagma» diýlip atlandyrylýar, terjime edilende ol «Uly nagma» diýmekligi aňladýar. Hakykatdan-da, bu bölüm göwrümi boýunça toplumyň iň uly bölümidir. Onuň esasyny düzýän bölekleriň hersiniň öz ady bardyr, bu ýagdaý mukamlaryň beýleki bölümlerine mahsus däldir.

Indiki bölüm «Dastan nagma» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümiň ýazgylary VI bolup, Gündogaryň köp halklarynyň arasynda örän meşhur bolan söýgi-liriki häsiýetli dessanlardan alnan şygyrlar hyz-

mat edýärler. Bular *«Garyp we Senem», «Leýli we Mejnun», «Tahyr we Zöhre», «Ýusup-Ahmet»* we beýleki dessanlardyr.

Mukamlaryň bu bölümleriniň sazlary öz gezeginde rowaýatçylar tarapyndan epiki rowaýatlar – dessanlar ýerine ýetirilende giňden ulanylýar. Ol birnäçe wokal bölekleri öz içine alýar, olar bolsa öz gezeginde «margul» diýlip atlandyrylýan instrumental bölekler bilen gezekleşýärler. Äheň we metriki gurluşda Dastan nagma we Dastan magruly özara berk baglanyşyklydyr we biri-biriniň üstüni ýetirýärler. Mukamyň jemleýji bölümi «Maşrap nagma» diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde Çok nagma we Dastan nagma üçin häsiýetli bolan «Margul» atly instrumental bölek ýokdur.

*Tans başlangyjy* aýrylmaz we häsiýetli alamat bolup durýar. Hut şu ýerde uýgur nusgawy tansy öz aýdyň beýanyny tapýar. Uýgur sazynda iň meşhur bolan usuly Samany aýratyn belläp geçmek bolar. Maşrap nagma bölüminiň beýleki bir aýratynlygy mukamyň içki impulsynyň, onuň seslenişiniň ýuwaş-ýuwaşdan batlanmagydyr. Bu ýerde tutuş mukamçylar ansambly çykyş edýär. Ansamblda kakylyp çalynýan saz gurallary bolan dap, dumbak, tiwil baz, nagara, salýa, kaýrak we beýlekiler uly orna eýedir. Bu bölümiň soňunda joşgunlylyk, ösüş ýetjek derejesine ýetýär, ondan soňra başlangyç bölüm bolan Mukambaşydan alnan kiçijik parça ýaňlanýar we şunuň bilen hem bütin toplum tamamlanýar.



**Uýgurlaryň tanslary**

Uýgur mukamlarynyň ikinji görnüşi «*Dolan*» mukamydyr. Ol beýleki mukamlardan özüniň düzüm we äheň-melodiki taraplary boýunça çürt-kesik tapawutlanýandyr. Şonuň üçin hem oňa Kaşgar mukamynyň bir nusgasy hökmünde garamak bolmaz. Bu uýgur mukamlarynyň özbaşdak görnüşidir. «Dolan» mukamlarynyň bellibir atlary ýokdur, olar tertip sanlary bilen belgilenýärler, mysal üçin: 1-nji mukam, 12-nji mukam. Her bir dolan mukamy *Mukambaşy, Çakma, Sa-*

*nam, Solika, Saparzau* diýlip atlandyrylýan bäş bölümden ybaratdyr. «Dolan» mukamlary häzire çenli az öwrenilipdir.

Uýgur mukamlarynyň ýazgysy hökmünde uýgur we özbek şygryýetiniň nusgawy şahyrlarynyň eserleri hyzmat edýär. *Nowaýynyň* we *Nesiminiň* goşgulary has köp ulanylýar. *Kamali Musamani, Mahzuf, Ražazi Musaddasi Salim, Nazaži Musammani, Makfufi Mahfuz* ýaly goşgy nusgalary ýygy-ýygydan ulanylýar.

12 sany uýgur mukamynyň metroritmiki taýdan baýlygy örän özboluşlydyr. Bu ýerde dürli ölçegler – ýönekeý, çylşyrymly we garyşyk ölçegler duş gelýär. Olar her bölümiň içindäki gezekleşýän bölekleriň arasynda gapma-garşylyk döredýärler we bütin toplumyň döremeginde uly ähmiýete eýedir. Mukamlaryň şol bir ady göterýän bölümleriniň köpüsi birmeňzeş usullara esaslanýarlar. *Usuli Kaşgari, usuli Zang, usuli Sanam, usuli Sama* we beýlekiler has köp duş gelýärler.

Mukamlar ýerine ýetirilende iň bir wajyp şertleriň biri saz guralyny her bir mukamyň perde esasyna laýyklykda düzmekdir. Kaşgar we hatan mukamlarynda satary we kanuny düzmekligiň köp dürli görnüşleri bardyr, «iliý» mukamlarynda bolsa, olar, esasan, iki sany: *Çang saz* we *Kiçik saz*, ýagny kwinta we kwarta düzüliş usullary ulanylýar.

Mälim bolşy ýaly, «mukam» adalgasy saz guralyndaky belli-belli perdeleriň ýerleşişini aňladýar. Uýgur mukamlarynda *Nawa perdesi, Çabbiýat perdesi, Azam perdesi* we ş.m. adalgalar ulanylýar. Olar mukamyň umumylykda perde-äheň düzüminiň başlangyç tonuny aňladýarlar. Mukamyň esasy perdesi birinji bölüm bolan Mukambaşyda ýüze çykýar. Soňraky bölümlerde we böleklerde şol bir mukamyň perde düzüminiň çäklerinde başga sazlaşyklyklara geçmeklik duýulýar.

Umuman alanyňda, uýgur sazynyň perde esasy diatonikdir we dürli tetrahordlara esaslanýar. Perde nusgalarynyň köplügi, içki perdeleri dürli görnüşlerde ulanmakdaky çäksiz mümkinçilikler uýgur sazynyň perde düzümine güýçlülik, improwizasiýa taýdan çeýelik we çäksiz öwüşginlilik berýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Uýgur saz medeniýetiniň irki ýadygärlikleri barada gürrüň beriň.
**2.** Uýgur dessançylyk sungatynyň epik žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**3.** Söýgi-lirik dessanlardan haýsylary bilýärsiňiz?
**4.** 12 uýgur mukamyň gurluş aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
**5.** Mukamlaryň ýerine ýetirijilerini haýsy alamatlar häsiýetlendirýär?
**6.** Mukamlaryň perde esaslary barada gürrüň beriň.
**7.** Wokal we tans bölümler nähili atlandyrylýar?

## 8. Türkleriň saz medeniýeti

Türkiýäniň ýüzlerçe asyrlap ösen saz halk döredijiligi hem-de halypadan-halypa geçen professional nusgawy sazy halkyň durmuşyna berk ornaşandyr. Türkiýäniň sazy Merkezi Aziýa halklarynyň saz medeniýetine has ýakyndyr. Türkiýäniň saz medeniýeti birnäçe görnüşlerden – aýdymlardan, dürli saz gurallarda çalynýan sazlardan hem-de aýdymly-tansly sazlardan durýar. Olardan has giň ýaýrany ýeke sesli aýdym eserlerinden «Türküdir». Türkiýäniň sazy iki topardan durýar: birinjisi – «gyryk hawa» (gysga heň), ikinjisi – «uzyn hawa» (uzyn heň).



**Türk tanslary**



**Zeýbek tansy**

Türk sazy dürli ritmlerden durýar, has giň ýaýran ritmi «Aksak» (agsak), ol iki bogunly hem-de üç bogunly saz ölçeglerinden durýar. Türkiýäniň saz emele getirýän ladlary hem üýtgeşikdir, olarda ýarym tondan kiçi aralyklar duş gelýär. Şeýle perdeleriň esasynda «Makamlar» döreýär. Makam – bu professional halk sazynyň görnüşi bolup, ol aýdym hem-de saz eserlerinden durýar. Makam belli perdede döredilýär hem-de ol erkin görnüşde bolýar.

Türkiýäniň sazynyň köp bölegi tanslardan durýar. Olardan has giň ýaýranlary «*Zeýbek*», «*Halaý*», «*Bar*» tans-

larydyr. *Hetleriň, frigiýleriň, lidiýleriň, urartu* taýpalarynyň ojagy bolan Anadolynyň halk tanslary gadymy we baý medeni mirasyň hazynasy bolup durýarlar. Taryhçy *Muzäffer Sarysözeniň* bellemegine görä, halk sazy we tanslaryň özi taryhy çeşmelerdir. Käbir ýagdaýda tanslaryň kökleri Merkezi Aziýa halklarynyň mirasyndan gelip çykýar, başga bir ýagdaýlarda onuň çeşmesi häzirki wagtda ulanyşdan çykan gadymy buthana däplerinde jemlenendir. Tanslaryň hereketinde wajyp bolan taryhy wakalar ýatyr. Soňra olar söýgi we gahrymançylyk mazmunyna eýe bolupdyrlar.

Mysal üçin, *Egeý* welaýatynyň *Tawas Zeýbegi* tansynda orta asyrlarda Egeý deňzinde geçen uly söweş suratlandyrylýar. Şol sebäpli bu tansda tansçylar ellerinde hanjarlary, gylyçlary we pyçaklary saklaýarlar. Egni-egne berip duran tansçylaryň hatarlary bolsa dag gerişlerini beýan edýär.

*Güwende, Sekme, Kalkan Bursy, Halaý, Çorum, Sepetçioglu, Topal Koşma Kastamony, Bengü Bergamy, Tanzara, Timuraga, Aşirma, Tikine, Üç aýak, Köý Bijosu Siwasa* we başga-da köpsanly tanslaryň ählisiniň öz mazmuny bardyr.



**Sinsin tansy**

*Sinsin* tansy ýerine ýetirilende tansçylar sygyryp, hyzyrdap, uly goh turuzýarlar. Asmanda Aý bolmadyk ýagdaýynda tans edilýän ýerde ot ýakylýar we tansçylar onuň daşyndan aýlaw hereketler edýärler. Aýyň bolan ýagdaýynda ot ýakylman, tans hereketler üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallaryň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär. Tansyň *Sinsin* ady gadymy *anadoly* we *mesopotam* halklarynyň arasynda ýaýran *Sin* Aý hudaýynyň adyndan gelip çykýar. Türkiýäniň günorta-gündogar sebitlerinde Sin buthananyň harabalaryny şu günlerem görmek bolýar.

Hudaýa çokunmak däbini özünde jemleýän *Derwüşleriň tansy* – bu özboluşly jadylaýjy oýundyr. Derwüşleriň geýimlerinde, üýtgeşik ýaňlanýan sazda, tansyň ritmik hereketlerinde adamyň dünýä we äleme bolan garaýşlaryny aňladýar. Bu tansyň başlangyçlary gadymy taryhyň köklerinde ýatyr.

Osman imperiýasynda yslamyň ähmiýeti uludyr. Osman döwletiniň soltany *halyflyk* derejesine ýetip, yslam dünýäsiniň baştutany hasaplanýardy. *Sopuçylyk* – yslamyň mistiki-terkidünýä ugrudyr. Adamlary «Hudaýyň ýoluna» ugrukdyrmak maksady bilen *sopuçylyk ordenleri* döredilipdir. Olaryň dini däplerinde ýokary derejeli joşgunlyk halyna ýetirýän tans we saz tejribesi giňden ulanylýardy. Osman döwründe sopuçylyk buthanalarda ýerleşýän derwüşleriň ordenlerine şeýh – dini halypa – ýolbaşçylyk edýärdi. Bu ordenlere giren derwüşler *müridler* diýlip atlandyrylýardy. Olar özlerini dünýäniň maddy bähbidinden ret edip, elmydama namaz okap, garyplykda, diňe sadakalaryň kömegine ýaşaýardylar.

Türkileriň taryhynda iki sany esasy sopuçylyk ordenleri belli: *Mewlewi* we *Bekdaşi*. Aýlanýan derwüşleriň *Mewlewi* ordeni Merkezi Türkiýäniň Konýa şäherinde ýerleşdirildi. Onuň baştutany hökmünde meşhur şahyr *Möwlana – Jelaleddin Rumy* hasaplanylýar. Her ýylyň dekabr aýynda Mewlewiniň dowam etdirijileri, ordeniň baştutanynyň hatyrasyna festiwal geçirýärler. Onda esasy orny aýdym-tansly hereketler tutýar.



**Möwlana tansy**

Asmana bagyşlanan *Möwlany* atly dini tansy diňe, dünýäniň keýpinden geçip, buthanada ýaşaýan derwüşler ýerine ýetirýärler. Tansyň dowamynda Hudaýyň adynyň gaýtalanmagy žanryň simwoliki ähmiýetini güýçlendirýär. Ýerine ýetirijiler esasy alyp baryjynyň daş-töwereginde 12 sany topara bölünip durýarlar. Olar alyp baryja we bir-birine baş egýärler we aýlanyp başlaýarlar. Tansçylaryň sag eli, asmandan pata alýan manyda, aýasy bilen ýokarlygyna gönükdirilen, aşaklygyna bakdyrylan çep eli bilen pata topraga siňdirilýär. Soňra tansçylar hatara düzülip, gara ýapynjany aýryp, kemerli berkidilen uzyn ak köýnekçeli galýarlar. Kellelerinde uzyn kanonik görnüşli telpekleri bolýar. Eýýäm baş egme pursadyndan başlap, gamyşdan ýasalan naýyň jady-

laýjy sesi we depleriň birsyhly kakuwlary ýaňlanyp, üýtgeşik saz atmosferasyny döredýärler.

*Hajibekdaş* şäherinde ýerleşýän Bekdaşi ordeni *Hajy Bekdaşi Weli* (1209–1271) döredipdir. *Aly Muhammediň* halyfy hökmünde yglan edilensoň, bu orden uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Bu sopuçylyk jemgyýetde saz aýratyn orun tutýardy. Bekdaşlaryň dini garaýyşlary umumy yslam ugurlardan tapawutlanýarlar. Olar metjide gatnaman, namazlaryny içinden okaýarlar we özüniň dine tarap yhlasyny daşyna görkezmeýärler. 1925-nji ýylda Türkiýäniň hökümetiniň karary bilen derwüşleriň ordenleri ýapylypdyr.

Türkiýäniň saz medeniýetinde aýgytlaýjy hem-de esasy orny halk döredijiliginiň görnüşi bolan, *aşyklar* tutýar. Aşyklar – bu aýdymçylar, sazandalar, mukamçylar hem-de öz aýdymlaryny ýerine ýetirijilerdir. Olaryň ulanýan saz gurallary Türkiýede has giňden ornaşan saz, *baglama, ud, tanbur, kanun, naý, dep, dawul* atly saz gurallardyr. Türkiýede dini sazlar hem giňden ýaýrandyr.

Türk halk dessanlary asyrlar boýy dilden-dile geçip beýan edilipdir. Olar, köplenç, oba we şäher çaýhanalarynda, maşgala we toý mejlislerde *meddahlar* we *aşyklar* tarapyndan ýerine ýetirilipdir. XIV asyrdan başlap türklerde *kyssaçylaryň* (epiki ýerine ýetirijileriň) we *şahnamaçylaryň* (eýranly *Firdöwsiniň «Şanama»* eposynyň ýerine ýetirijileri) sungaty uly meşhurlyga eýe boldy. Bu ýerine ýetirijileriň sungaty we repertuary eýran medeniýetiniň täsirinden emele geldi. Kyssaçylar we meddahlar XV asyra çenli, esasan, ýazuw edebiýatynyň epiki-gahrymançylyk eserlerini ýerine ýetiripdirler. Soňra olaryň ýerine ýetirijilik hazynasy anonim awtorlaryň we halk döredijiliginiň eserleri bilen baýlaşdyryldy.

XVIII asyrdan soň eýranlaryň täsiri pese düşüp, türkileriň medeniýeti ornaşdyryldy. Şol döwürden başlap merkezi şäherleriň çaýhanalarynda we toý dabaralarda aşyklar (halk epiki aýdymçylary) çykyş edip başlaýarlar. Meddahlar epiki eserleri üýtgetmän,



**Baglama**

imitasiýa usulda aýdýan bolsalar, aşyklar belli sýužetiň esasynda («*Ferhad–Şirin*», «*Leýli–Mejnun*») halk folklora gabat gelýän öz beýan ediş traktowkasyny döredipdirler. Dramatiki elementiň bolmagy bu iki sungatyň ýerine ýetirijilerini birleşdirýän alamatdyr.

Aşyklaryň sungaty ýerine ýetirijilik mekdebiniň esasynda nesilden-nesle geçirilipdir. Märekäniň öňünde çykyş etmägä rugsat gazanmak üçin geljekki aşyk belli halypadan tälim alýar. Okuw döwründe şägirt Saz atly saz guralda çalyp, dürli epiki eserlerden ybarat bolan repertuary özleşdirýär we döredijilik bäsleşiklerinde çykyş edýär.

Aşygyň çykyş etmeginiň bellibir däpleri bar. Başda ol *Döşeme* (giriş) diýlip atlandyrylýan kiçijik degişme hekaýaty aýdyp berýär. Soňra Hudaýa ýüzlenip, esasy eseri ýerine ýetirmäni başlaýar. Tomaşaçylaryň islegine görä, aşyk hekaýaty uzaldyp ýa-da gysgaldyp biler. Ýerine ýetiriji eseri howlukman başlaýar we soňra depgini kem-kemden çaltlaşdyrýar. Köplenç, eseriň beýan edilişi bir günde tamamlanman, birnäçe güne çekilýär. Başlamazdan öň aýdymçy diňleýjilerden hekaýanyň haýsy pursatda bölünendigini soraýar. Jogap beren aşyga dowam etmegini haýyş edip birnäçe pul hem bermelidir.

XVI asyrdan başlap Türkiýede Ýewropa sazlary ornaşyp başlaýar. Bu ýere italýan hem-de fransuz sazandalary gelip başlaýar. XIX asyrda Türkiýede mukamçylar mekdebi döreýär, sazçylyk okuw jaýlary, soňra konserwatoriýa açylýar. Türk mukamçylaryndan: *Saýgun, Zeki Unger* (senanyň awtory), *Kaptan Zade, Erkin, Akses* we başgalar meşhurdyr. Mukamçylaryň eserleri başga daşary ýurtlarda hem ýerine ýeitirilýär. Türkiýede halk döredijiligini öwrenmeklige uly üns berilýär, halk saz gurallarynyň orkestri döredilýär, sazandalar hem-de aýdymçylar tarapyndan dürli konferensiýalar, bäsleşikler, festiwallar geçirilýär. Halk sazandalaryndan *Buhuri-Zade, Zahariýa-Efendi, Mahmud Jelaletdin, Paşa Pakmi, Muharrem Ertaş* halk arasynda has meşhurdyr.

Häzirki döwürde Türkiýede Stambul, Ankara, Izmir şäherlerinde üç sany konserwatoriýa işleýär. Mundan başga olarda filarmoniýa, opera we balet teatry, simfonik we halk saz gurallarynyň orkestri bar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Türk saz medeniýetiniň žanr görnüşleri barada gürrüň beriň.
**2.** *Gyryk hawa* we *Uzyn hawa* diýen žanrlary häsiýetlendiriň.
**3.** Türk tanslaryndan haýsylary bilýärsiňiz?
**4.** Tanslaryň mazmuny we ýerine ýetirijilik aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
**5.** Türkleriň saz gurallary barada gürrüň beriň.
**6.** Aşyklaryň döredijiligini häsiýetlendiriň.
**7.** Epik žanrlaryň ýerine ýetirijileri nähili atlandyrylýar?

## 9. Täjikleriň saz medeniýeti

Täjik sazynyň gelip çykyşy öz köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Täjikleriň saz medeniýeti köpdürli görnüşler we nusgalar bilen berlendir. Ir döwürlerden bäri täjikleriň saz döredijiligi şäher şertlerinde ösüşiň ýokary derejesine ýeten professional saza degişlidir. Edebi gözbaşlaryň arasynda saz-taryhy we saz-nazaryýet traktlary uly orna eýedirler.

Täjik sazy birseslidir. Ol agzeki däp bolup, halk we professional derejelerde ösdürilýärdi. Halk sazlar ýekelikde we toparlaýyn ýerine ýetirilýärdi. Täjik halk sazynda *Demirgazyk, Merkezi* we *Pamir* ýaly üç sany stil taýdan tapawutlanýan ugurlary kesgitlemek bolýar. Halk sazy özünde epiki, zähmet, däp-dessur (sene we toý aýdymlary), liriki we instrumental eserleri jemleýär. Halk arasynda ýörgünli bolan «Görogly» eposy özboluşly bokurdak stilde ýerine ýetirilýär.

«*Maýda*» žanry degirmen aýdymlara degişlidir. Bahar paslynyň gelmegi dürli aýdymlary bilen garşylanýar: *gülgardoni, boýçeçak, saýry güli lola, nawruzi*. *Saýry güli lola* aýdymy toý däpleri bilen baglanyşykly bolup hem unison usulda erkekler tarapyndan ýerine ýetirilýär. «*Man dog*» («Men ýandym») we «*Allohi Darwozi*» žanrlarda ekerançylyk däpleri ýüze çykýar. Toý aýdymlary durmuşy sene folklora degişlidir. Olar toýuň dürli pursatlarynda ýerine ýetirilýärdi: öýlenýän oglanyň saçy syrylanda («*Ustoi langi sartaroş*»), täze gelniň saçy ýuwlanda we daralanda (nikşlar, «Ýor-ýor», «Şa omad»). Toý gyzyşan wagty *doýranyň* sazandarlyk etmeginde aýallar tanslar

5. Sargyt № 2977

bilen bilelikde *muhammas* (beýt) aýdymlary ýerine ýetirerdiler. Bu muhammaslara *«ruboiýot», «falak»* žanrlar gabat gelýär.

Pamir etrabynda aýallar tarapyndan liriki «*dargilak*» we «*bulbulik*», şeýle hem «*alla*», «*lalaýik*» ýaly hüwdi aýdymlar ýerine ýetirilipdir. «Lapar» («badeha») – oglan we gyzlar tarapyndan gezekleşip ýerine ýetirilýän gülküli we söýgi aýdymlarydyr.

*Toý* dabarasynyň däpleri köpsanlydyr. *Nakş* (gutlag aýdymy), *Barakallo* (joşduryan bogunlar), *Salomnoma* (Salam bermek) däpleri nika toý dabarasynda ýerine ýetirilýän dessur aýdymlarydyr. Bu aýdymlar berk kadaly ýerine ýetirijiler tarapyndan ýerine ýetirilýär: Nakşy diňe erkekler aýdýan bolsalar, Salomnomany diňe aýallar ýerine ýetirýärler. Däpleriň bitirýän wezipeleri hem tassyklanandyr.

*Nakş* aýdym žanry hökmünde, eýýäm XV–XVI asyrlarda belli bolup, Baburyň eserlerinde duş gelýär. Onuň ýerine ýetiriliş usulyny şu wagt dikeltmek kyndyr, emma onuň *rubagy* goşgy formasyna esaslanandygy we *tarona*[7] žanra meňzeş bollandygy belli. Nakşda toý däplerinde ulanylýan dürli tekstleriniň bir heňe yzygiderli sepleşmegi žanryň şygyr gurluşynyň aýratynlygy bolup durýar. Täjik dilinde *nagyş*, *şekil* manyny berýän bu söz bilen gadymyýetde heň nagyşlary (*nola*) özünde jemleýän aýdym hökmünde peýdalanypdyr. Nakşyň *ýönekeý* we *Nakşi mullo* (mollanyň nakşy) diýen görnüşleri bar.

## Nakşi mullo




Nakşi mullo gelin adamsynyň öýüne ugradylanda ýerine ýetirilýär. Bu aýdymyň teksti *Abdyrahman Jamynyň* döredijiligi bilen baglanyşdyrýar diýen çaklama bar.

---

[7] Tarona – şaşmakomyň wokal bölümleriň arasyndaky geçiş bölegi.

Ýönekeý nakşda «*Raftam rahi duro dur*» («Men ýat ýurtlarda boldum») diýen tekst ýörgünli ulanylýar. «*Şam*» («Şem») diýen ady bilen bu žanr Täjigistanyň dürli obalarynda duş gelýär. Nikalaşýan ýaş juwanlary bezegli ata mündürip, gapdalynda ýigidiň dostlary ýöreýär. Öňde ýakylan taýaklary ellerine alyp ýöreýän erkekleriň topary şu aýdymy aýdýar:

## Nakş




Häsiýeti boýunça aýdymyň heňi asylly dabaraly ýörişi ýatladýar. Aýdymyň metriki esasyny gaýtalanýan gurluş döredýär. Toý ýörişlerde «*Şuh*» («Garagol») diýen nakş aýdymy hem ýerine ýetirilýär.

Nakşlar bilen bilelikde gelin ugradylanda «*Ýör şah bulbule*» («*Söýgüli şa-bilbilim*»), «*Haý çon*» («Söýgülim»), «*Woýa, çuwoniýe*» («Eý, ýaşlygym»), «*Niholi nawbare*» («Ýaş nahal»), «*Şah biýoýad*» («Şa ýigit gelsin») diýen aýdymlar hem ýerine ýetirilipdir. Olary eli doýraly ýaşuly aýallar ýerine ýetiripdirler. Şygyr refren bilen gezekleşip gelýän köp dürli beýtler şol bir heňe çekilýärler.

## Beýt



Gelin adamsynyň öýüne golaýlanda erkekler we aýallar iki topara düzülip, ýaş juwanlaryň gelmegine bagyşlanan barakallo beýtleri sanaýarlar. Her beýdiň soňunda olar birleşip, «u-hoý» ýa-da «eý-e-heý» bogunlary aýdýarlar.

Gelin öýe girenden soň, ony *çimilik* tutynyň yzynda oturdyp, aýallaryň biri aýdym häsiýetde «*Salomnoma*» ýüzlenmäni okaýar. Toý dabarasy dowam edýär. Aýallar erkeklerden aýratyn oturyp, doýranyň akkompanementinde tanslary we ýaşlara bagyşlanan dürli beýtleri we muhammes žanrlary ýerine ýetirýärler. Erkekleriň «repertuary» başgaça. Olar *«Rallo», «Latifa», «Traýalallo», «Biýo ýak», «Bozi kunad Şarifça»* ýaly liriki aýdymlary we halk-professional däbine degişli dürli žanrlary ýerine ýetirýärler. Aýdymlar bilelikde, unison usulda, doýranyň ýa-da çapak çapmagyň akkompanementinde ýerine ýetirilýär.

**Saz gurallar:** *kaşgar rubaby, tanbur* (plektrli), *kemençeli gyjak*, çirtilip çalynýan *dutor, dumbrak*, üflenip çalynýan *naý, karnaý, surnaý, kuşnaý, çang* (tsimbal görnüşli we dillije), kakylyp çalynýan *tablak, nagora, doýra, kaýrok* (daşdan ýasalan kastanýetalar), *zang* (jaň), Pamirde – *setor, pançtor, blandzikom* (kirişli çirtilip çalynýan), *daf* (kakylyp çalynýan), *tutyk* (üflenip çalynýan).

Professional halk sazynyň ýerine ýetirijileri – *sozanda, mawrigihonlar, makomçylar*. Sozanda hökmünde, köplenç, aýallar çykyş edýärler. Sozandalaryň sungaty özünde ajaýyp tanslary we aýdymlary jemleýär. Ýerine ýetirijileriň repertuarynda esasy orun *«Ulang», «Haý nozaniň», «Ýusufi djamolaki man»* ýaly eserler düzýär.


**Rubab**

XIX–XX asyrda belli aýal sazandalar: *Maýda, Tillo, Tuwoi, Urus, Mihali Karkigi, Kundal, Noşpoti*. Mawrigon aýdymçylaryň sungaty stil taýdan eýran saz medeniýetine ýakyn. Täjikleri wokal sungatynda belli aýdym usullary: *işkami* (garyndan çykýan), *binigi* (burunly), *gulugi* (bokurdakly).

Täjik we özbek sungatynyň iň ösen žanry **Şaşmakomdyr**. Ol topara düzülen 6 sany makomy öz içine alýar. Professional wokal we instrumental sazynyň giňden ösdürilmegi «Makomlar» diýlip at alan sýuta görnüşleriniň döremegine getirdi. Täjigistanda bu adalga seýrek we umuman, sazy şertlendirmek üçin ulanylýar. Köne edebiýatda ol ýygy-ýygydan hekaýalar toplumynyň ady hökmünde ulanylýar.



**Karnaý**

Täjik makomy instrumental hem-de wokal-instrumental bölümlerden ybaratdyr. Olaryň birinjisi *Muşkilot* («kynçylyk»), ikinjisi bolsa *nasr* («kyssa» ýazgyly eser) diýlip atlandyrylan. Muşkilot esasy partiýany tamburyň ýerine ýetirýän, kirişli-üflenip çalynýan saz gurallar orkestriniň ýerine ýetirmeginde 5 sany esasy bölümden ybaratdyr: 1) tasnif (käwagtlar «makom» diýlip atlandyrylýan saz); 2) tardje («gaýtalamak», geçen bölümiň ritmindäki pýesa); 3) gardun («asmanyň gümmezi»); 4) muhammas we 5) sakil (haýal hereketdäki bölüm).

Gardundan başga makomyň birinji bölüminiň bölekleriniň hemmesi rondo görnüşine eýedir we özüniň melodiki mazmuny boýunça dürli-dürli bölek honlardan, ýagny üýtgewsiz esasy mowzuk bolan bozguýyň gaýtalanmasyny öz içine alýan parçalardan ybaratdyr.

Tasnif «Peşrow» «ýol görkeziji» ýa-da «ýoldaş» manyny berýär. Bu bölümde heň her gezek ladyň iň beýik basgançagynda başlap, aşaklygyna gysga äheňli sekwensiýa bilen düşýar.

Muhammesde we sakilde aýry-aýry parçalaryň (honalaryň) temasy (bozguý) ölçegleriň ululygy bilen tapawutlanýar. Muhammesde olar 16 sany iki çärýekli takta, sakilde bolsa 24 takta deňdir. Mu-



**Dutar**

hammesiň we sakiliň ölçeglerine olaryň ritmi boýunça çylşyrymly usullarynyň ölçegleri gabat gelýärler.



**Gyjak**

Makomyň birinji bölümi, hyjuwly möwç almak üçin, heňi beýik owazdan başlaýar, ondan soň owaz pes derejä gaýdyp gelýär we rahatlandyrylýar. Makomyň birinji bölümi 4 sany uly bölümleri öz içine alyp, esasy wokal bölümine giň instrumental girişi bolup hyzmat edýär. Umumy toplumda bu bölümleriň wezipeleri şeýle: 1) *sarahbar* – giriş; 2) *tapkin* – wokal sazynyň görnüşi; 3) *nasr* – wokal sazynyň başga bir görnüşi; 4) *ufar* – tans ritmindäki jemleme.

Bu bölümleriň teksti hökmünde, köplenç, gazal ýa-da muhammes görnüşdäki professional şahyrlaryň söýgi goşgulary hyzmat edýärler.

Makomyň ikinji bölüminde *tarona* diýen ada eýe bolan has gysga bölekler ýerleşýär. Taronalar, makomyň uly, ýekelikde ýerine ýetirilýän wokal bölümlerine gapma-garşy gelýärler. Lad we ritmik taýdan täze bölümleriň peýda bolmagyny taýýarlamak bilen, olaryň arasyndaky baglanyşygy bar. Makomyň içki gurluşynda melodiki taýdan kesgitli düzülen namudlar wajypdyr: *uzzol namudlary, nawo namudlary, baýom namudlary*. Kulminasiýa pursatlarda *turk, zebo pari, muhaýýar* ýaly *möwç* bölümler ulanylýar.

Şaşmakom toplumynyň gurluş düzümi makomlaryň ählisi (jemi 6 sany makom) üçin häsiýetlidir. Bu topluma *Buzruk, Rast, Nawo, Dugoh, Segoh* we *Irok* ýaly makomlar girýärler. Buzruk «mažor» adalgasyna golaý lady aňladýar; Rast – hakyky lad, Nawo – melodiki lad, Dugoh we Segoh – ikinji we üçinji ladlar, Irok – yrok lady, ýagny Yrakdan gelip çykýan lad.

Şaşmakomy ýerine ýetirmekde ulanylýan esasy saz gurallary *tambur* we *doýradyr*, halk saz gurallarynyň toplumy hem ulanylýar. Tamburyň düzülişi her bir makomyň lad esasyny kesgitleýär. Makomlarda, umuman, däp bolup galan sazlarda nusgawy şygryýetiň

(aruz) goşgularynyň ölçegi bilen berk baglanyşykda bolan usullar esasyny goýujy pursat bolup durýar. Şaşmakomda nusgawy şahyrlar *Rudakiniň, Hafizanyň, Hilominiň, Ožaniniň, Zebunissonyň, Muşfikiniň, Bediliň,* şeýle hem *Nowaýynyň, Fizulynyň, Meşrebiň* gazallary ulanylýar. Tarona, köplenç, halk eserleri esasynda ýerine ýetirilýär. Makomlar, köp ýagdaýda, täjik dilinde ýerine ýetirilipdir. Umuman, Şaşmakom, täjik we özbek professional saz döredijiliginiň gymmatly taryhy mirasy bolup, şu wagta çenli hem giňden meşhurdyr.

**?**

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Täjik halk saz sungaty özünde haýsy žanrlary jemleýär?
**2.** Toý aýdymlara haýsylar degişli?
**3.** Nakş, Barakallo, Salomnoma žanr görnüşleri barada gürrüň beriň.
**4.** Folklor žanrlar haýsy saz gurallaryň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär?
**5.** Halk sazlary ýerine ýetirijiler nähili atlandyrylýar?
**6.** Milli saz gurallarynyň gurluş we ýerine ýetirijilik aýratynlyklary barada gürrüň beriň.
**7.** Türkleriň saz gurallary barada gürrüň beriň.
**8.** Şaşmakomyň gurluş we ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.

## 10. Eýranyň saz medeniýeti

Eýranyň saz medeniýeti öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Sasanidleriň höküm sürýän gadymy döwründe (III–VII) patyşalaryň köşklerinde saz aýratyn orun tutandyr. *Hosrow II Parwiz* patyşanyň (VI–VII) köşgünde 400-den gowrak sazanda bolupdyr. Olaryň içinde şol döwürde dünýä belli sazandarlardan – Sarkeş, Nakiss, Bamşad meşhur bolupdyr. VII asyrda Eýran araplar tarapyndan basylyp alynýar hem-de yslam dini ýaýrap başlaýar. Eýran saz medeniýeti ähli arap musulman ýurtlaryna öz täsirini ýetirip başlaýar. Şeýle-de bolsa ilkibaşda arap häkimiýeti professional sazyň ösmegine garşy çykyp, esasan, halk sazyny ösdüripdir. VIII asyryň ahyrlarynda, Omeýadlaryň (661–750) we Abbasileriň (750–847) nesilşalyklary döwründe professional saz gülläp ösýär. Eýran sazynyň täsiri arap döwletiniň çäklerinden çykyp, Ispaniýa çenli ýaýrap gidýär.

XIV asyryň başyndan sefewiler nesilşalyklary döwründe dünýewi saz ýuwaş-ýuwaş pese düşüp başlaýar, diňe dini sazlar saklanylýar. Sazandalaryň köpüsi Eýrany taşlap gidýärler, saz medeniýeti pese düşýär. Birnäçe asyrlaryň dowamynda saz däplerini dowam etdirijiler hökmünde halk sazandalary çykyş edýär. XIII–XV asyrlarda Eýran saz medeniýetinde Makamlar döräp başlaýar.

**Makam** uly göwrümli, aýdym-sazly, birnäçe bölümlerden düzülen eser bolup, ussat sazandalar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Eýran sazynda 12 makam belli, olardan ýedisi esasy, 5-si goşmaçadyr. Eýran makamlaryna *Dastgäh* diýilýär. «*Dastgäh*» sözi iki sözden emele gelýär: «dast» – el, ölçeg birligini aňladýar, «gäh» – beýleki sözler bilen bilelikde getirilip, wagty ýa-da ýeri aňladýar. Adatça, 7 esasy makamyň her birine «dastgäh» diýýärler. Edebiýatda dastgäh toplum eseri aňladýar ýa-da lad hökmünde beýan edilýär.

Ýedi sany esasy we bäş sany goşmaça dastgähleri öz içine alýan eýran makamlary azerbaýjan mugamlaryna hem meňzeş. Azerbaýjanda bölümler *rast, şur, segah, şuşter, çargah, baýaty-şiraz, humaýun* diýlip atlandyrylsa, Eýran makamlaryň esasy görnüşlerine *şur* (aladaly), *mahur* (gaýgyly), *homaýun* (şaly), *segäh* (üç ton), *çagargäh* ýa-da *çargäh* (dört ton), *nawa* (rast, dogry), iň soňka «*rast-panjgäh*» diýilýär. Bu perdeleriň atlary asyrlarboýy täzelenip geldi we asyrlaryň dowamynda olaryň köpüsi üýtgedildi. Bäş sany goşmaça dastgähleriň atlary *awaza*.

Eýran sazynyň lad düzgünini diatoniki ladlar emele getirýär. Olar köp ýagdaýda 7 basgançakly, käwagt 8-9 basgançakly, kähalatda doly bolmadyk ýedi basgançakly ses hataryny emele getirýärler. Eýran dastgähleri 3–4 sany esasy durnukly seslerden ybarat: *Şahed* (ýanaşyk tonlary özüne çekýän); *Motegaýirdir* («öz belentligini üýtgedýän», sazyň dowamynda ol peselip ýa-da beýgelip bilýär); Ist («durama», ýarym kadensiýa, bu ýerde heň wagtlaýynça durýar; iň soňky ses, doly kadensiýa ýa-da jemleýji heň jümlesi ýaly bolup, «forud» diýlip atlandyrýar). Ladyň tonikasy *şahed* ýa-da *ist* bolup bilýär.

Eýran dastgähleri ladyň ses hatarlary boýunça biri-birine meňzeş bolup, ýewropa gammalaryna ýakyndyr. Meselem, *mahur* – mažor,

*şur* – natural minor. Şonuň bilen bilelikde, eýran ladlary heň öwüşgi-niň aýratynlyklary we modulýasiýa serişdeleri taýdan özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Bularyň hemmesi eýran dastgählerini gaýta-lanmajak özboluşly äheňlilik we hyjuwly häsiýetini berýär.

Eýran dastgähleri gurluşy boýunça arap we täjik makamlaryna ýakyn. Dastgähler gutarnykly saz pikiri aňladýan *guşe* atly birnäçe bölümlerden ybaratdyr. Dastgähleri 40 sany guşe, awazalary bolsa 20 töweregi guşe düzýär. Dastgähleri aýdymçy ýa-da sazanda (ýa-da an-sambllar) ýerine ýetirýär. Dastgäh 10–15 minut ýa-da bir sagadyň do-wamynda ýaňlanýar. Uly göwrümli guşeler bellibir ada eýe bolýarlar. Meselem, zangüle (jaňjagaz), çahar-bag (sada) we ş.m.

Dastgähiň düzgüni çeper ähmiýete eýedir. Onuň içinde belli ul-gam boýunça gurluş düzülip, redif adalgasy bilen baglydyr. Redifiň esasy şertlerini ýerine ýetirmegiň esasy temasy bolup durýar. Me-selem, her bir makamyň başynda ilki *guşedaramad* (giriş) ýa-da *pişdaramad* (girişden öň) ýaňlanýar. Olarda tonika nygtalýar. Dast-gählerde «kereşme» atly guşeniň ähmiýeti uludyr. Ol hökman üç paýly ölçegde bolup, onuň äheňi üýtgeýär. Guşe çahar mezrab has ýörgünlidir. Onuň ýerine ýetirilişi sazandalardan uly ussatlygy talap edýär.

Dastgäh tans häsiýetli aýdymlary hem özünde jemleýär: *rengi, gazal, tarana, tesnif*. Dastgäh, esasan, 6/8 ölçegde, janly häsiýetde rengot bölümi bilen tamamlanýar.

«*Şur*» dastgähleriň iň çylşyrymly, meşhur we uly göwrümli görnüşleriniň biridir. Ol dürli goşmaça perdeleri özünde jemleýär. «Şur» eýran halkynyň iň bir söýgüli dastgähleriniň biridir. Bu ladda köp sanly halk aýdymlary we tanslary ýazylandyr. «Şur» mähirlilik, şahyranalyk, lirik öwüşginleri bilen tapawutlanýar.

«*Mahur*» gadymy dastgählere degişli bolup, ýewropa sazynyň mažor ladyna deňdir. Ol dürli-dürli transpozisiýa we modulýasiýa usullarynyň ulanylmagy bilen özüne çekýär. Onuň mažor, aýdyň hä-siýetli temalary minor öwüşginleri bilen gezekleşýär.

«*Homaýun*» dastgähi diatoniki ladda düzülip, kadaly görnüşleriň biridir. Onda uly ähmiýetli lad geçirmeleri ýokdur.

«Segäh» gaýgyly häsiýetli meşhur dastgähleriň biridir. Gurluşy we umumy häsiýeti boýunça ol azerbaýjan mugamlaryna golaý.

«*Çahargäh*» gadymy hyjuwly we dramatiki dastgählere degişli.

«*Nawa*» eýran sazynda aýratyn ähmiýete eýedir. Bu eseriň ýerine ýetirilişi sazandalardan uly ussatlygy talap edýär.

«*Rast-panjgäh*» bölüminiň täsirliligi uly, ol dabaraly pursatlarda çalynýar.

Eýran saz medeniýetiniň tanymal mukamçylary *Hamzaur Farhat, Huşan Ostowar, Ahmet Pazman, Zare-Zorez, Dzeknawarýan* we başgalar.

**Eýran saz gurallary** köp görnüşli. Kirişli saz gurallaryna *berbet* (ud), *tamdur, rebap, kemençe, gaýçak*, üflenip çalynýanlara – *naý, zurna, doýra, karnaý*, kakylyp çalynýanlara – *koss, dep, zerb* degişlidir. Eýran saz gurallarynyň içinde esasy orny *tar* we onuň dürli görnüşleri tutýar.

**Gaýçak** – üç ýa-da 4 kirişli, kemençeli, perdesi gysga saply saz gural. Esasan, Eýranyň günorta sebitlerinde ýaýran, şeýle-de Pamiriň obalarynda duş gelýär. Saz guralyň aşaky bölegi demirden, şeýle-de tutdan ýa-da erik agajyndan ýasalýar. Kädiniň gapdalyndaky tegelek çuňlaşmalar saz guralyň sesine özboluşly öwüşgin berýär. Çalynýan pursady gaýçak sazandanyň dyzynda dikligine tutulýar.



**Gaýçak**

**Karnaý** – Eýranda, Täjigistanda we Özbegistanda ýaýran, misden ýasalan üflenip çalynýan saz gural. Ol, köplenç, uzynlygy iki metrden köp bolan, egilmedik truba görnüşinde ýasalýar. Registr we tembr boýunça trombona ýakyndyr. Karnaýda söweş we dabaraly sazlaryň ýaňlanmagy häsiýetli. Onuň sesi güýçlüdir. Biziň günlerimizde bu saz gural halk baýramçylyklarda we toýlarda ýaňlanýar.

**Santur** (*Santuri*) – kirişli kakylyp çalynýan saz gural, tsimballaryň görnüşi. Eýrandan başga Gruziýada, Erme-

nistanda, Hindistanda we Türkiýede ýaýran. Santur iki sany ýeňil çekiçjikler – *mizraplar* bilen çalynýar, şonuň üçin ol hem kirişli, hemem kakylyp çalynýan saz gurallarynyň toparyna degişlidir.



**Santur**

Santuryň ady grekleriň «*psanterina*» sözünden gelip çykýar. Onuň döreýşi musaýlaryň Dawid patyşasy bilen baglanyşykly, rowaýatlara görä, ol dürli saz gurallary döredipdir. R. Ýektabeý santur barada şeýle ýazýar: «Bu saz gural gadymy gurallaryň biridir, onuň ady «psanterin» görnüşinde eýýäm «torada» duş gelýär».

Santur – trapesiýa görnüşli (iki tarapy parallel, iki tarapy hem parallel bolmadyk dörtburçluk), saýlanan hoz agajyndan ýasalan gutujykdyr. Onuň gulaklary we kirişleri saklaýan esbap metaldan ýasalýar. Saz gural çarçuwadan (ramadan) hem-de ýokarky (5 *mm*) we aşaky (7 *mm*) agaç gapaklardan düzülen. Guralyň beýikligi 69 *mm*, giňligi – 315 *mm*, 12 sany eşek bilen uzynlygy 892 *mm*. 96 sany metaldan ýasalan kiriş dört-dörtden düzülýär (her eşekden 4 sany bir beýiklikde düzülen kiriş geçýär). Saz guralyň düzülişine görä, ýerine ýetirijilikde «santur sol», «santur lýa» we «santur si» ýaly görnüşleri ulanylýar.

**Setar** (parsçadan «se» – üç, «tar» – kiriş) – parslaryň kirişli çirtilip çalynýan halk saz guraly. Lýutnýa toparyna degişli. Onda kirişler sag eliniň uly we süýem barmaklary bilen çirtilýär, perdeleri bolsa çep eliň barmaklary bilen tutulýar.

Setarda parslaryň sufiý we nusgawy sazlary ýerine ýetirilýär, onda makamyň (dastgähiň) perde kanunalaýyklyklary peýdalanylýar. Eýrandan başga, setar Azerbaýjanda we Ermenistanda örän ýörgünlidir. Setary hindileriň *Sitara* diýlip atlandyrylýan kirişli saz guralyndan tapawutlandyrmalydyr.

Setar Eýranda XIV asyrda, tanburyň üýtgedilmeginde döredilipdir. Bu saz guralyň ilkinji ýatlamalary *Hafiz Şiraziniň* şygryýetinde we *Abdulkadir Maraginiň* taglymatlarynda ýüze çykýar. Setaryň şekillerini XVI asyr eýran miniatýuralarynda-da görmek bolýar. XVIII asyrda setaryň üç kirişli görnüşiniň ýerine 4 kirişli saz gural emele gelýär.

Häzirki setarda 4 sany metaldan ýasalan kiriş bar. Saz guralyň sapynda 25–27 perde ýerleşýär, olar temperasiýa usuly boýunça düzülen. Perdeler ýüpekden ýa-da içegeden ýasalýar. Dürli düzgündäki sazlary çalmak üçin perdeleri süýşürip bolýar. Setaryň kädisi gapyrgajyklardan düzülen ýa-da bitewi görnüşde tut agajyndan ýasalýar. Gapakda birnäçe sany rezonator deşikleri ýerleşýär. Saz guralyň sapy inçe we berk bolmaly, ol hoz agajyndan ýasalýar, onuň ujunda 4 sany gulak ýerleşýär.



**Setar**

Setaryň kirişleri häzirki döwürde polatdan ýa-da bürünçden ýasalýar. Olar uzunlygyna çekilip, bir tarapdan süňkden ýasalan buýnuzdan geçirilýär, beýleki tarapdan agaç eşekden geçip, kirişleri saklaýan esbapda berkidilen. Birinji kiriş iň inçe bolup, birlik sany bilen bellenýär, soňky kirişler galyňlygy we sany boýunça ulalýar. Setar unison saz guralydyr, kirişler onda şu tertipde düzülen:

1-si – C (do)
2-si – G (sol)
3-si – C (do, birinji bilen unison)
4-si – C (do, bir oktawa aşakda)

Ussat eýran setarçylardan *Derwiş han, Mirza Abdulla, Said Hormozi, Ahmad Ebadi, Abolhasan saba, Mohamad Reza Lotfi, Hoseýin Alizade* ýaly sazandalaryň atlary belli.



**Ud**

**Ud** – kirişli çirtilip çalynýan saz gural. Eýrandan daşary ol Ýakyn Gündogaryň, Kawkazyň we Orta Aziýanyň Azerbaýjan, Ermenistan, Özbegistan, Täjigistan, Türki-

ýe ýaly ýurtlarynda ýaýran. Lýutnýadan öň döräp, bu saz gural Ýewropa ýurtlaryna, araplaryň Ispaniýany basyp alanlarynda getirildi. Arap dilinden «ud» – «kiriş» ýa-da «guwuň boýny» (daşky keşbi hem guwa meňzäp dur) diýen manylary berýär.



Ud üç sany bölekden gurulýar: armyt görnüşli kädi, gysga, perdesiz sap we kellejik. Saz guralyň kädisi armytdan, hozdan ýa-da sandal agajyndan ýasalýar. Kellejikde kirişleriň gulaklary ýerleşýär. Häzirki wagtda udlara 6–7 sany kiriş çekilýär, olaryň bäşisi goşadyr. Kirişler ýüpekden, kaprondan ýa-da goýnuň içegesinden ýasalýar. Düzülişi kwarta we sekunda boýunça. Ud plektr bilen ýerine ýetirilýär. Solo we sazandarlyk edýän saz guraly hökmünde ulanylýar.

Çalynýan pursady uduň kädisi sag dyza goýulýar we gorizontal ýagdaýda döşe gysdyrylýar. Sesler plektr bilen çykarylýar. Dünýä belli udçularyň hataryna eýran sazandasy *Munir Başir*, siriýa-müsür sazandasy *Farid al-Atraş*, ABŞ-da ýaşaýan ermeni *Jon Berbekýan* girýärler.

**Dawul** – kakylyp çalynýan halk saz guraly. Ol Eýranda, Ermenistanda we Türkiýede ýaýran. Saz guralyň iki tarapyndan goýnuň ýa-da geçiniň hamyndan ýasalýan membranalar berkidilen. Bu saz gural, köplenç, zurna bilen bilelikde ýerine ýetirilýär.



**Dawul**

**Darbuka** (*tarbuka, darabuka, tarambuka, dumbek*) – beýikligi kesgitli bolmadyk, gadymy kakylyp çalynýan saz gural. Bu kiçi baraban Ýakyn Gündogarda, Müsürde, Zakawkazýede hem ýaýran. Bu saz guralda iki sany deşik bar, onuň ulusy membrana bilen çekilen. Ses döreýiş alamaty boýun-



**Darbuka**

ça darbuka *membranofonlara* degişlidir. Şeýle-de ol küýze görnüşli baraban diýlip hem atlandyrylýar (goblet drums).

Darbukanyň döreýiş wagty kesgitli däl. Ýewropada küýze görnüşli barabanlar gadymy neolit we irki bürünç asyrda eýýäm bellidi. Bu saz gurala meňzeş görnüşler Daniýada we Germaniýada, Çehiýada we Polşada tapylypdyr. Altaýyň harabalarynda darbuka meňzeş saz gurallary eýýäm biziň eýýamymyzdan öň V asyrda ýüze çykýar. Tapylan barabanlaryň dürli görnüşleri, gadymy ussalaryň, ütgeşik formalardan peýdalanyp, olardan iň gowusyny gözleýändigini görkezýär. Oňa garamazdan, bürünç asyrlarda Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrikada ýörgünli bolan bu saz gural ýewropa ýurtlarynda ýuwaş-ýuwaşdan ulanyşdan çykýar.

Gadymy Wawilonda *Liliş* diýlip atlandyrylýan bu barabanlaryň beýikligi 90 sm. Bu saz gurallaryň dini ähmiýeti bardy. Barabanyň ilkinji görnüşleri palçykdan ýasalýardy, soňra bolsa onuň ýasalmagynda erigiň we hozuň agaçlary peýdalanylypdyr, agajyň üstünden göläniň, geçiniň ýa-da balygyň hamy çekilipdir. Häzirki döwürlerde darbukanyň misden we keramikadan ýasalan görnüşleri hem bar, olarda membrana hökmünde plastik ulanylýar. Metal we plastik görnüşleri ulanyşda has çydamlydyr. Käwagtlar darbukanyň içine metaldan ýasalan kiçijik okarajyklar goýulýar, çalynýan pursadynda olar buben ýaly ses çykarýarlar.



**Darbuka ýewropa grawýuralarynda**

Saz guralyň ortaça uzynlygy 350–400 *mm*, diametr 280 *mm*. Göwrümine we sesine görä, darbukalaryň atlary hem üýtgeýär. Mysal üçin, Müsürde *tabla* (solo baraban), *doholla* (bas darbuka) we *sumbati* (ortaça görnüşi) ýaly görnüşler kesgitlenilýär.

Çalynýan pursady saz gural çep tarapdan saklanylýar. Onda oturyp we dik durup, eliň aýasy we barmaklary bilen çalmak bol-

ýar. Çep el esasy bolup gatnaşýar, sag el bilen diňe nagyşlar bezelýär. El bilen bilelikde, käbir ýurtlarda saz guralyň taýajyk (*çubuk*) bilen kakylýan görnüşleri hem bar.

Darbukada kakylýan ritm görnüşleri dürli-dürlüdir. Esasy tonlar iki: *aşaky*, membrananyň ortasynda alynýan we *ýokarky* – barmaklar barabanyň gyrasyna kakylýar. Bu saz guralda pitikler, tremolo we başga-da köp sanly usullar ulanylýar. Her usulyň öz belgisi bar, olaryň üsti bilen ritmleriň dürli görnüşleri ýazylýar.



**Darbuka**

Mysal üçin, **D-D-tkT-D-tkT-tk.** Bu ýazgyda:

D – *Dum*, barabanyň ortarasynda ýerine ýetirilýän aşaky ses;

t – *tek*, gaty beýik bolmadyk, sag el bilen barabanyň gyrasynda ýerine ýetirilýän ses;

k – *ka*, çep el üçin tek;

T – *Tek*, barabanyň gyrasynda sag el bilen kakylýan belent sesi;

K – *Ka*, çep el üçin ýokarky Tek.

Şeýlelikde, bu ritmi ***«DumDum-tekaTek-Dum-tekaTek-teka»*** diýlip okamak bolýar. Onuň birnäçe gezek gaýtalanmagy eýýäm ritmik usulyny döredýär. Umuman, eýran sazlarynda *maksum, baladi, saidi, çifteteli, masmudi, fallahi, aýub, malfuf, karsilama* ýaly ritm görnüşleri bar.

| Ritm | Ady |
|---|---|
| 1-+-2-+-3-+-4-+- D-T-__T-D-__T-__D-T-tkT-D-tkT-tk | **maksum** (maqsoum) 4/4 |
| 1-+-2-+-3-+-4-+- D-D-__T-D-__T-__D-D-tkT-D-tkT-tk | **baladi** (baladi) 4/4 |
| 1-+-2-+-3-+-4-+- D-T-__D-D-__T-__D-T-tkD-D-tkT-tk | **saidi** (sayidi) 4/4 |
| 1-+-2-+-3-+-4-+-5-+-6-+-7-+-8-+-D---__T---__T---D---D---T---____D-tkT-T-tkD-T-tkD---D---TktkT- | **çifteteli** (shiftatelli) 8/4 |
| 1-+-2-+-3-+-4-+-5-+-6-+-7-+-8-+-D---D---____T---D---____T---T---D---D---tktkT-tkD-tktkT-TktkT-tk | **masmudi** (masmoudi) 8/4 |
| 1-+-2-+- Dk-kD-k-DtktDktk | **fallahi** (falahi) 2/4 |
| 1-+-2-+- D--kD-T-D-kkD-S- | **aýub** (ayub) 2/4 |
| 1-+-2-+- D--T--T-DkkTkkTk | **malfuf** (malfouf) 2/4 |
| 1-+-2-+-3-+-4-+-5- D-__T-__D-__T-T-T-D-kkT-kkD-kkT-T-T- | **karsilama** (karsilama) 9/8=2+2+2+3 |

Eýran sazandalary ajaýyp ritmiki improwizasiýa sungatyna örän ezber. Eýran sazynyň metroritmikasynda aksentirowkasyny ýygy-ýygydan ýiti çalyşýan, iki we üç paýly ýönekeý ölçegler bilen bir hatarda çylşyrymly ölçegler hem duş gelýär: 5/8, 7/8, 8/16, 11/16, 12/16 we beýlekiler. Destgähleriň ownuk, örän ýiti ritmiki şekili eýran miniatýuralaryny ýatladýar. Destgähleriň improwizasiýa bölümleri erkin metroritmikasyna baýdyr. Aýratyn has belli ritmlere özbaşdak atlar berildi:

•  – 2/4 ölçegdäki stereotip ritmiki şekil *ýek sado bisto çahar* (ýüz ýigrimi dört) diýlip atlandyrylýar.

•  – Gündogarda giňden ýaýran 6/8 ölçegdäki aýdym-tans häsiýetli ritmiki formulasyna *şir-e* madar (ene süýdi) diýen at berlen.

•  – Drobly üç paýly ritm *zang-e* şotor (düýe jaňjagazy) diýlip atlandyrylýar.

• Birnäçe guşelere belli ölçegler berkidilen, meselem, 7/8 ölçegdäki guşe *çahar bag* (dört bagçylyk) diýlip atlandyrylýar.

*Zarb* – bu ritmiň, formulanyň, usulyň adydyr. *Zarbi* – improwizasiýanyň aýratyn görnüşi. Ol sazandanyň üýtgeşik dürli görnüşli, çylşyrymly, emma çeperçilik taýdan oýlanyşykly, esasy bir usuldan ösüp çykýan, *paýo* diýlip atlandyrylýan ritmik nagyşlary döredilýänliginden ybarat durýar (aýdymçylarda ol sesi bilen wibrirlemegi başarýanlygy, trelleri we beýleki bezeg seslerini ýerine ýetirip bilýändigi bilen görkezilýär). Bu mümkinçilik improwizasiýa ýagdaýda has aýdyň ýüze çykýar.

Düzgüne laýyklykda, destgähleriň heňi mümkin bolan melizmatik bezegler, sinkopalar, duýdansyz basymlar, ritmik warýirlemeler bilen şöhlelendirilýär. Bularyň hemmesi umumylykda *tahrir* diýlip atlandyrylýar. Sazandalar *raz* diýlip atlandyrylan dürli formadaky tremolony, ol ýa-da beýleki tehniki aýlawy beýan edýän *şalah* forşlagy ýa-da ondan soň gelýän *takeh* forşlagy, dürli görnüşli trelleri, gruppettolary we şuňa meňzeşleri ulanýar.

Sazanda özüniň oýlap tapyjylygyny görkezip, şol bir heňi dürli-dürli görnüşde beýan edip bilýär. Aşakda getirilen mysalda şol bir heň alty sany ritmiki görnüşde görkezilýär:



Sazanda, metroritmik şekili warýirlemek bilen heňi ýaýbaňlandyrýar, ösdürýär. Bu ýagdaýda heň uly bolmadyk bir ritmointonasiýa özenden ösüp çykýar we kem-kemden giňelip dinamizirlenýär.

Eýran sazynda iň ýönekeý formalaryň çylşyrymly wirtuoz bezegleri we baý ornamentikasy heňiň aýratyn elementi däl-de, onuň aýrylmaz bölegi hökmünde kabul edilýär. Bezegleri heňden aýyrmak we onuň «arassa» görnüşini eşitmek mümkin däl. Sekwensiýa, täze ses belentligine geçiş, ritmiki şekilleri, labyz öýjüginiň gaýtalanmagy we beýleki adaty ösüş nýuanslary sazda öwüşgin wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Gündogar halklarynda ritm hakynda ylym araplarda, parslarda we Orta Aziýada döredilen ilkinji saz traktatlarynda emele gelip başlaýar. Başda ölçegler kesgitlenilýär we kadalaşdyrylýar, soňra ritmik formulalar kadalaşdyrylýar, wagtyň geçmegi bilen olaryň sany artýar. *Al Faraby* özüniň «Saz ylmy» atly taglymatynda ritmiň ýedi görnüşini ýüze çykarýar. *Safi ad-Din Abdylmümin* öz traktatlarynda araplarda ritmiň alty sany görnüşiniň, parslarda on bäş görnüşiniň bardygyny aýdyp geçýär. *Hajy Abdylkadyr* ritmiň on ýedi görnüşiniň bardygyny kesgitleýär, beýleki alymlarda bolsa ritmiň sany ýigrimi dörde ýetýär.

6. Sargyt № 2977

Orta asyr traktatlarynyň awtorlary sazda aruzyň kadalarynyň ritmik kanunalaýyklaryny açyp görkezmäge we düşündirmäge ymtylypdyrlar. Aruz dowamly we gysga çekimli sesleriň utgaşdyrylma düzgünine esaslanan. Türkler, özbekler we azerbaýjanlar ony öz poeziýalarynda we sazlarynda eýýäm irki orta asyrlarda arap we eýran täsirlerini öz içine alyp, aruzyň girizilmegine ýardam edipdirler. Olaryň poeziýasynyň has gadymy gatlaklarynda – folklorda, halk-professional sungatynda – *barmak*, ýagny sillabik usuly hüküm sürýär, şäher, köşk professional sungatynda bolsa *Nowaýynyň, Fizulynyň* we beýleki şahyrlaryň eserlerinde beýanyny tapan aruz giňden ýaýraýar.

Makamlaryň, destgähleriň, mugamlaryň we makomlaryň wokal bölümlerinde aruza duş gelmek bolýar, onuň täsiri instrumental bölümleriniň gurluşynda hem duýulýar. Aruzda ritmiň iň kiçi birlik ölçegi *nikre* hasaplanýar. Ol, adatça, sekizlik nota bilen bellenilýär. Nikreniň ol ýa-da beýleki utgaşmasyndan dürli dowamlylykdaky stopalar *rukny* emele gelýär; ruknylar bolsa, adatça, goşgy setirine laýyk gelýän periodlary emele getirýärler.

Şeýlelikde, aruzyň kadalary boýunça işlenilip düzülen goşgy ritmikasy köp babatda heňiň ritmik gurluşyny kesgitleýär. Gündogaryň orta asyr saz nazaryýetçileri tarapyndan ritmiň doly kesgitlenen elementleri häzirki döwürde-de olaryň ähli formulalaryny ýazmaga, olary nota sesleriniň diline geçirmäge, sazda we poeziýada geçmişde kabul edilen ritmiň bogun bellikleriniň ähmiýetini dikeltmäge mümkinçilik berdiler.

A. Jamynyň ritmleri bilen häzirki zaman eýran ritmleri deňeşdirilende, biziň günlerimizde olaryň düzüminiň ýeňledilendigini görmek bolýar. Eger A. Jamyda ritmler 24–96 nikreden ybarat bolsalar, häzirki zaman halk sazlaryň ritmleri 21 nikreden geçmeýärler. Şeýle-de bolsa, ritmik aýlawlaryň gurluş usullary üýtgewsizligine galýar.

Aruz, esasan, wokal sazynda, kadaly metrli heňde we takta bölünmesiz heňde ulanylýar. Instrumental sazda ol kakylyp çalynýan saz gurallarda we aýdym gözbaşlaryny we tans ritmlerini beýan edýän heňde ýüze çykýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Eýran saz medeniýetiniň taryhy barada gysgaça gürrüň beriň.
**2.** Gadymy dünýä belli sazandalardan kimleri bilýärsiňiz?
**3.** Eýranlaryň makamat sungatyny häsiýetlendiriň.
**4.** Halk saz gurallary barada gürrüň beriň.
**5.** Eýran sazynyň metroritmikasyny haýsy ölçegler we ritm şekilleri häsiýetlendirýär?
**6.** Aruz ulgamynda ritm ölçegleri barada gürrüň beriň.
**7.** Sazyň ritm bilen baglanyşykly aýratynlyklary gadymy gündogarşynaslaryň haýsy ylmy çeşmelerinde beýan edilen?

## 11. Owganlaryň saz medeniýeti

Owganystan Hindistana, Eýrana we Orta Aziýa barýan ýollaryň çatrygynda ýerleşýär. Bu ýurt Orta Gündogar döwletleriniň arasynda iň gadymy döwletleriň biridir. Bu döwletiň taryhy Eýran, Orta Aziýa, Hindistan we Päkistan halklarynyň taryhy bilen baglanyşyklydyr. Gadymy wagtlardan bäri Owganystanyň häzirki ýerleşýän ýeri grek we mongol goşunlarynyň basybalyjylykly ýörişlerine, türki, hindi, pars, Merkezi Aziýaly taýpalaryň ýörişlerine, çozuşlaryna sezewar bolupdyr.

Bu ýörişleriň hemmesi aýry-aýry döwletleriň döremegine getirýär. Ol döwletleriň käbiri birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda ýaşaýarlar. Bu döwletler özüne Owganystanyň häzirki ýerlerini, şeýle hem goňşy döwletleriň ýerlerini birleşdiripdir.

Owganystanyň özboluşly medeniýetiniň kökleri gadymyýete uzalyp gidýär. Owganystanda gadymy däp-dessurlar köp, owgan sazy bolsa örän köpdürlüdir. Arheologik gazuw-agtaryş işler geçirilen wagtynda tapylan medeni tapyndylara salgylansak, owgan medeniýetiniň öz gözbaşyny b. e. öňki III–II müňýyllyklardan alyp gaýdýandygyny görýäris. Bular *Kwetta* medeniýetine degişli terrakota heýkelleri, *Kandagaryň* bürünç we keramiki heýkelleridir. B. e. öňki VIII–VII asyrlarda häzirki Owganystanda we Orta Aziýada mukaddes kitap bolan «*Awestanyň*» gadymy nusgalary döreýär.

Şol döwrüň arheologik sungatynyň beýik ýadygärlikleriniň biri-de *Kuhi-Hoja* köşgüniň galyndylarydyr. Olaryň arasynda *fleýta*

çalýanyň keşbi owgan medeniýetinde ilkinji şekilleriň biridir. Gadymy *Baktriýadan* tapylan sazandalaryň we saz gurallarynyň şekilleri bolsa biziň eýýamymyzyň III–V asyrlaryna degişlidir. Eýýäm şol gadymy döwürde aýdym-saz döwletiň durmuşynda uly ähmiýete eýe bolýar. Dini sazlar gadymy Baktriýanyň dini dessurlarynyň aýrylmaz bölegi bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň I–V asyrlarynda *Kuşan* medeniýeti möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Owganystanyň saz medeniýetiniň esasy aýratynlygy – bu ýerde dürli halklaryň ýaşamagy bilen birnäçe medeni mirasyň garyşyp, çylşyrymly, köp görnüşli saz medeniýetiniň emele gelmegidir. Owgan medeniýeti we sungaty özüniň uly ösüşini Arap halyflygy we ýerli hanlyklaryň mirasdüşerleri – *Gurlar* we *Gaznawylar* (VII–XII asyrlar) wagtynda başdan geçirýär. Şol wagt arap dilli edebiýatyň görnükli wekili Hyratly *Abu Ahmet Sami Norawi* özüniň harijid şahyrlary hakyndaky eserini ýazýar.

Gaznawylaryň hökümdarlyk eden döwürlerinde owgan medeniýeti has ösüpdir. Gazna – öz döwrüniň iň ajaýyp paýtagt şäheri, köp sanly alymlary we şahyrlary özünde jemlän merkezdir. Bu şäherde meşhur alym *Abu Reýhan Biruny* ýaşaýar we işleýär. Şol döwürde pars nusgawy şahyry *Firdöwsi* özüniň meşhur «*Şanama*» poemasyny ýazýar.

Ilkinji gezek owgan saz medeniýetiniň nazaryýetine degişli habarlar XVII asyrda ýaşan şahyr Huşhalhan Hattakyň «Dastarnama» atly traktatynda berilýär. Owgan saz medeniýetiniň esasy bölegini halk döredijiligi, Owganystanyň Kökanly Puştun halkynyň durmuşy aýdym-sazlary tutýar.


**Firdöwsi**

Owgan sazy takyk ritmlidir. Aýdymlaryň esasy görnüşlerinden Ländyý (iki setirli söýgi mazmunly aýdymlar); Bagatyý (iki sany aýdymçy tarapyndan aýdylýan); Nimakiý (sazandanyň aýdymçylar bilen gezekleşip ýerine ýetirilmegi) ýaly žanrlar bellidir.

*Ländylaryň* tematikasy örän giň. Hususan-da, bular liriki we degişme aýdymlarydyr. Owgan halk aýdymlarynyň

arasynda özboluşly mylaýymlygy, näzikligi bilen toý aýdymlary tapawutlanýar. Ol aýdymlar owgan halkynyň däp-dessurlaryny görkezýär. Owganlaryň başga-da bir däbi bar. Ol gelniň aglaýşy ýaly atlandyrylýar. Muňa meňzeş owganlaryň özboluşly «Murabba» atly goşgulary hem bar.

Aýdymlaryň has çylşyrymly görnüşlerine nusgawy şahyrlaryň goşgularyna düzülen *gazal, muhammes, çarbaýt* ýaly aýdymlar girýär. Aýdymlar *aşuglar* hem-de *dumiler* tarapyndan ýerine ýetirilýär. Owgan halky ertekidir rowaýatlara juda baýdyr. Rowaýatlarda owgan halky özleriniň mert gahrymanlaryny görkezýärler. Olardan «Adamhan» we «Durhani», «Pate han» rowaýatlary has bellidir.

1919-njy ýylda Owganystanyň öz garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, saz medeniýetiniň taryhynda täze döwür başlanýar. Häzirki zaman saz medeniýetiniň düýbüni tutujylaryň biri, ussat, saz mekdebini döreden *Kasym Owgandyr*. Ussat sazandalaryň arasynda milli saz medeniýetiniň hem-de Ýewropa nusgawy saz ussatlarynyň ýollaryny öwrenen sazandalar bardyr. Olardan: *Muhammet Omar, Muhammeddin Zaheýl*, aýdymçy *Hafizulla Haýal* we beýlekiler.

Owgan milli halk sazlarynyň ýoluny dowam etdiriji aşyglardan (dumylardan) *Iler Ahmadyň, Gaznewidiň, Rahmet Gülüň, Mir Haýdaryň, Fakir Muhammediň, Muhammet Huseýniň, Armanyň* atlaryny tutmak bolar. Owgan saz medeniýetiniň ösmegine Kabul radiosynyň redaksiýasy uly goşant goşýar. Onuň ýanynda üç ýyllyk sazçylyk kursy döredilýär (1941-nji ýylda). 1946-njy ýylda radionyň ýanynda halk saz gurallarynyň orkestri hem-de hor topary döredilipdir.



**Sarangi**

**Owganystanyň saz gurallary.** Bu ýurtda saz gurallaryň ýigrimiden gowrak görnüşi bar. Olaryň käbiri diňe şu ýurt üçin häsiýetlidir, käbirleri bolsa Hindistan, Eýran ýa-da Merkezi Aziýa ýaly ýurtlardan alnypdyr. Owgan saz gurallary köp görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Kirişli saz gurallardan: t*ambur, rubap, dilrubap, sarangi, gyjak*; üflenip çalynýan – *surnaý, tula, şpelyý*; kakylyp

çalynýanlardan – *nakkara, damama, darpal, dupra* (*dep*), *dolkat* (*baraban*) ulanylýar.

Owganystanyň esasy etniki topary – hindi-Ýewropa Puştunlary, öz saz däp-dessurlarynda köp sanly aýratynlyklaryny we alamatlaryny hindi medeniýetinden alypdyrlar. Owganystanly nusgawy owgan sazyny ýerine ýetirijiler öz hünärleri boýunça bilimi uzak wagtyň dowamynda Hindistanda alypdyrlar, ýerli sazandalar hindi saz gurallaryndan hem giňişleýin peýdalanýarlar.

Gadymy we häzirki zaman söýgi poemalaryna, aýdymlara sazandarlyk edýän ansambl, esasan, iki sany tabladan (barabandan), bir rebabdan (lýutnýadan), bir tanburdan (lýutnýadan) we fisgarmoniýadan ybaratdyr. Günbatar Owganystanyň *Hyrat* şäherinde ansambllarynda *garmonika*, iki sany *rebab*, iki *sazly tabla barabanlary* we *herati dutar* peýdalanylýar.



**Owgan rebaby**

**Owgan rebaby** – gysgajyk saply, plektor (mediator) bilen çalynýan saz gural. Onuň 5 sany içegeden edilen ýaňlanýan (melodiki) we 10–13 sany metaldan edilen rezonator berýän (simpatik) kirişleri bar. Köplenç, kwarta düzülýär. Diapazony iki oktawa golaý.

Saz guralynyň esasy bölegi tut agajyndan ýasalýar, aşaky böleginde oýuk (çukur) edilip, membrana oturdylýar. Daşky örtük süňk we balykgulajyklar bilen bezelýär; sapynda içinden edilen kirişleriň dört sany perdesi berkidilýär. Rebab professional sazandalar tarapyndan ýekelikde we toparlaýyn görnüşlerde ulanylýar, onda solony ýerine ýetirmek hem-de aýdymça sazandarlyk etmek bolýar. Rebaba meňzeş saz gurallary Eýranda we Täjigistanda bar, hindilerde bu saz gural sarod diýlip atlandyrylýar.

**Dilrebab** – owgan halkynyň milli halk-saz guraly bolup, ol kirişli we kemalçaly (gyjak ýaly) çalynýar. Ol gural özüniň ýumşak we adamyňka meňzeş sesi bilen tanalýar.

**Herati dutar** – diňe Hyrat üçin häsiýetli, tanbur lýutnýasynyň üýtgeşik görnüşidir. Ol gaty plektr bilen çalynýar. Saz guralynyň 15

sany kirşi bar. Herati dutary tabla barabany bilen birlikde aýdymça sazandarlyk etmek üçin hem ulanylýar.

**Tanbur** – süňkden ýasalan, dürli reňkler bilen bezelen, uzyn saply lýutnýadyr. Onuň metaldan bolan kirişlerinde gaty plektrden peýdalanyp çalýarlar. Saz guralynda 5–8 sany melodiki, 10–12 sany simpatiki rezonirleýji kiriş we 22–23 töweregi perde bardyr. Saz guralynyň esasy bölegi tut agajyndan ýa-da kädiden ýasalýar. Tanburda *solony* ýerine ýetirýärler, şeýle hem onda aýdymça sazandarlyk edilýär.

**Garmoniýa** – bu ykjam fisgarmoniýadyr, onuň dykyz meşikleri el bilen dolandyrylýar. Missionerler bu saz guralyny Hindistanda ornaşdyrýarlar we ol 1900-nji ýyldan soň puştunlaryň owgan halk döredijiligi toparlarynyň hemmesi tarapyndan alnypdyr.

Däp bolan iň gadymy sazlar, saz gurallary bolmazdan, erkekleriň *solosy* ýa-da *dueti* görnüşinde ýerine ýetirilipdir. Sazyň bu görnüşi şu wagta çenli *puştun, türkmen* we *nuristani* taýpalarynda ýaşap gelýär. Şonuň ýaly däp-dessurlar pars dilinde gürleýän *hazarlaryň* hem aýdym *aýtmaklarynda* saklanyp galypdyr.

Demirgazykdaky aýdymçylar, köplenç, *lýutnýada* ýa-da *skripkada* özlerine sazandarlyk edýärler. Türkmenistanda, Hindistanda, Päkistanda, Azerbaýjanda we Türkiýede tapylan gadymy lýutnýa Owganystanda *dambyra* hökmünde bellidir.

**Dambyra** – iki sany kirşi bolan, perdeleri bolmadyk çirtilip çalynýan saz guralydyr. Ol söýgi aýdymlary we improwizasiýalar ýerine ýetirilende *özbekler, türkmenler, gazaklar* we *aýmaklar* tarapyndan peýdalanylypdyr. Öz ussatlygyny görkezmäge çalşyp, sazandalar, esasy sazy goldamak bilen, kirişleri yzly-yzyna basyşdyryp, rezonatora kakýarlar.

Gündogarda, *Badahşan* daglarynda ýaşaýan täjikler iki sany polat kirşi bolan kiçijik dambyrany ulanýarlar. Ýöne täjik ýerine ýetirijileri söýgi we eziz obalary barada aýdym aýdanlarynda, esasan, özlerine *gyjakda* sazandarlyk edýärler. *Gyjagyň* agaçdan we atyň ýalyndan ýasalan kemençesi hem-de iki sany polatdan ýasalan kirişleri bardyr. Kemençäniň dartuwy ýerine ýetirijiniň barmaklary bilen sazlanýar.

*Gyjagyň* rezonatory ilkibaşda tut agajyndan ýasalypdyr, häzir bolsa kesilen we bir tarapy açylan tüneke bankadan ýasalýar. Bu saz guralyny *Panşirde* we *Kohistanda* ýaşaýan aýdymçylar ulanýarlar. Ol şeýle hem dürli baýramçylyklarda türkmenler we özbekler tarapyndan hem peýdalanylýar.



**Darbuka**

**Tabla barabanlary** – kakylyp çalynýan saz guralydyr. Onuň uly depregi misden ýasalyp, geçiniň hamy bilen örtülýär. Kiçi baraban agaçdan ýasalýar. Bu barabanlaryň ikisiniň hem örtügi aşakdan gaýyş ýüpjagazlar bilen çekilip daňlandyr, olara sazanda gaýşyň gerekli dartgynlygyny gazanmak üçin galkany ýa-da taýajyklary sokýar.

Owganlaryň tabla barabanlary, köplenç, keramiki küýzeler ýaly ýasalýar; oňa gaýyş ýelimlenýär. Günortada bu saz gural *zerbaghaly* (goltugyň aşagynda) diýlip atlandyrylýar, ol has owadan edilip ýasalýar – gaýşyň ortasyna gara tegelek ýelmenýär. Tabla barabanynyň bu görnüşinde gaýyşy çekdirer ýaly ýüpjagazlar ýokdur.

Dambyrada saz çalýan sazanda «*dambyraçy*» diýlip atlandyrylýar. Dambyrada oýnamak bilen, ol, köplenç ýagdaýda, sag penjesine 10-a golaý metal jaňjagazlary geýýär, olar iki sany inçejik kirişlere degip, goşmaça ses berýärler.

Çaýhanalarda saz çalýan ansambllar dambyradan, tabla barabanyndan (ol sazandanyň dyzynyň üstünde goýulýar we bir ýa-da iki eliň barmaklary bilen çalynýar), şeýle-de «*tasak*» diýlip atlandyrylýan iki sany kiçijik üflenip çalynýan mis tarelkalardan ybaratdyr. Ýekelikde aýdym aýdýan ýa-da duetiň ýerine ýetirijileriniň biri belli sazyň esasynda improwizirleýär we ýerli durmuş barada söhbet edýär.

Agyz beklenýän wagty bolan *Remezanda*, esasanam, çaýhanalarda ansambllar gije-gündiz saz çalýarlar. Professional aýdymçylar bilen bir hatarda daýhanlardan bolan höwesjeňleriň hem birnäçesi çykyş edýärler. Baýramçylyk wagty olar mugt, diňe nahar we ýatak

ýer üçin çykyş edýärler. *Taşkurganda* (Hulm) şäherinden gelen sazandalar, köplenç, alty sany deşijegi bolan *fleýtada* we *çangda* (Badahşandan gelip çykan demir warganda) saz çalýardylar. Saz gurallaryň şu görnüşi Türkmenistanda, Päkistanda we demirgazyk Hindistanda tapylypdyr. Owganystanda bu saz guraly ýurduň demirgazygyndaky söwda şäherlerinde demirçi ussalar tarapyndan ýasalypdyr. Ony aýallar özleriniň oturlyşyklarynda. şeýle-de öýlenýän ýigit bilen täze gelin öýe gelende çalypdyrlar.

*«Çang»* wargany we *«doýra»* ýurduň demirgazyk sebitlerinde ýaýran saz gurallarydyr. Ol çalnan wagty dik saklanýar we ony barmaklar bilen kakýarlar. Doýrada agaçdan ýasalan tegelek ramasyna gaýyş ýelimlenýär. Bu saz guraly örän meşhurdyr we Owganystanyň hemme ýerinde ýerli aýallar tarapyndan ulanylypdyr. Doýranyň gaýşy demirgazykda ýyldyzjyklar, günortada bolsa guşlar we güller bilen bezelipdir. Saz çalnanda içinde ýerleşýän metal diskler agaç gapaga degmek bilen jaňňyrdaýarlar, bu bolsa özboluşly ses çykarýar. Doýrada aýal aýdymlaryna we tanslaryna sazandarlyk edilýär. *Salang* jülgesinde-de sazlar howa atylýan tüpeň sesleri we erkekleriň aýdymlary bilen garyşyp gidýär. Aýallar bu ýagdaýlarda iki sany agaç çemçeleri – *kaşikleri*, gerekli ritmi almak üçin, kastanýetalar hökmünde ulanýarlar.

**Duuduk** – bambukdan ýasalýan fleýta. Nusgawy poemalar duudukda sazandarlyk edilmeginde hem ýerine ýetirilip bilner. Onuň misden ýasalan müşdügi, barmaklar üçin ýokarda bäş sany deşijek we saz guralynyň aşagynda bir deşik bardyr. Saz guralynyň uzynlygy takmynan 81 *sm*. Ilkinji üç sany deşik sag eliň barmaklary, soňky ikisi – çep eliň barmaklary üçin niýetlenen. Saz guralynyň iç ýüzünde ýerleşýän deşik sag eliň uly barmagy bilen ulanylýar. Duuduk çalmagy öwretmek örän kyndyr. Biziň günlerimizde bu däp bolan saz


**Duuduk**

guralyny öňki ýaly oba ýaşaýjylary çalýarlar. Duuduk şeýle hem *Hindistanda, Eýranda, Türkiýede, Balkanlarda* we arap ýurtlarynda tapylypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Owgan saz medeniýetiniň taryhy barada gürrüň beriň.
**2.** Owganlaryň Lýandyý, Bagatiý, Nimakiý žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**3.** Halk aýdymlaryny ýerine ýetirijiler kimler?
**4.** Owgan halk saz gurallary barada gürrüň beriň.
**5.** Ghadjaga kybapdaş saz gurallar başga haýsy ýurtlarda ýaýran?
**6.** Saz gurallarynyň haýsylary aýallar tarapyndan ýerine ýetirilýär?
**7.** Idiofonlara haýsy saz gurallar degişli?

# II

# Sibiriň türki dilli halklarynyň saz medeniýeti

Aziýanyň demirgazyk we günbatar sebitlerini gadymy wagtlardan bäri türki-tatar taýpalary eýeleýär. Türki halklary eýýäm Grigorian senenamasynyň döredilmeginden II müňýyllyk öň belli bolupdyrlar. Demirgazyk umman, Ural daglar, Hazar deňzi aralygynda uly çäklerde güýçli döwletler döredilipdir. Olardan iň güýçlüleri Oguz hanyň döwründe emele gelen, bütin Aziýa sebitlerini eýelän gadymy türkileriň döwletidir.

Gadymy Gresiýa alymlarynyň taglymatlarynda *skif* ady bilen bellenilýän halk gadymy türkilerdir. Hijri hasabynyň dörändiginden 14 asyr ozal Gadymy Gresiýada ýaşan *Geziur* (*Gesiol*) şahyr ilkinji bolup skifler barada maglumatlary ýazypdyr. Belli taryhçy *Gerodot* bu halk barada köpsanly gymmatly belgileri goýupdyr. Onuň pikirine görä, skifler, Dunaý derýasynyň günbatar kenaryndan Dona çenli mesgen tutan ýerleri soň eýeläpdirler. Ilkibaşda olaryň watany Aziýada, Araks derýasynyň demirgazyk we günbatar sebitlerinde bolupdyr.

Başga bir grek alymy *Ptolomeýiň* (*Batilmiusyň*) pikirine görä, skifleriň iki görnüşi bardy. Aziýa skifleriň mülki Şarkara (Wolga) derýasynyň gündogar sebitlerinden başlap, Mongoliýanyň, Tibetiň, Hytaýyň, Günorta Sogdiananyň, Hindistanyň ýerlerini öz içine alýardy. Skifleriň derýalaryna gadymy grek alymlar Ra (Wolga), Uks (Syrderýa), Žaýek (Ural) we Parapamis (Ob’) ýaly derýalary degişli edipdirler. Diýmek, Skifiýa diýlip Gresiýanyň alymlary türkileriň ýerleşýän sebitlerini atlandyrypdyrlar. Bu toprak *Türküstan* (ýa-da eýranlarda *Turan*) diýlip atlandyrylýardy. Başgaça aýtsak, Turan, Türküstan we Skifiýa şol bir territoriýanyň (çäkleriň) dürli atlarydyr.

Türkileriň eýelän Altaýyň Yssyk (Esse) köl sebitleri soňra dürli taraplara giňelip başlady. Türkileriň taýpalary Sibiriň Demirgazygyna we Günbataryna çekilipdir. Ýewropada *skif, sarmat, gunn, awar, tatar* atlary bilen belli bolan halklar – Altaýdan gelip çykan, giňişleýin

sebitlerde ýerleşdirilen türki halkyň ogullarydyr. Hytaý halkyna päsgel berýän türki halklar «içiong-no» diýlip atlandyrylypdyr. Olardan goranmak üçin hytaýlar Hijri hasabyndan 836 ýyl ozal *Žu-Gu Ang-Ti* imperatoryň buýrugy bilen meşhur Hytaý derwezesini gurup başlapdyrlar. Diýmek, türkiler Gobi çölüniň demirgazygynda, Mongoliýanyň günbatarynda we Sibiriň gündogarynda hem bolupdyr. Hytaýyň gadymy çeşmelerinde «hoý-he» diýlip atlandyrylýan halklar hem Mongoliýada we Baýkalyň kenarlarynda ýaşaýan türkiler – uýgurlardy. Şu ýagdaýda Sibir gadymy Skifiýanyň eýeleýän ägirt uly territoriýasynyň diňe bir bölegi bolup durýar.

VI–VII asyrlarda Türki kaganatynyň düzümine girýän Merkezi we Orta Aziýanyň taýpalary, şeýle-de Hazar döwletini döreden Wolganyň we Donuň kenarlarynda, Demirgazyk Kawkazyň sebitlerinde ýaşan taýpalar eýýäm öz ýazuwyny döredipdirler[8]. Adamlary, atlary we mallary sanamak üçin bellikler agaç tagtajyklara bellenilýärdi. Türkileriň ilçileri ynanç hatlar bilen üpjün edilýärdiler. Şeýlelikde, wizantiýa taryhçysy *Menandryň* aýtmagyna görä, 468-nji ýylda Konstantinopola Ýustin II köşgüne gelen türki ilçi, sogdaly Maniah, kagandan «skif ýazuwy» bilen ýazylan haty getiripdir.

Bu ýazgylaryň nähili bolandygy barada, Merkezi Mongoliýada tapylan Türk kaganatynyň gadymy ýadygärliginden – Bugut ýazgydan habar almak bolýar. Bu ýazgy ilkinji türki kaganlaryň biri bolan, Tasparyň (572–581) kurganyň depesinde goýlan stellada ýazylan. Stellanyň bir tarapyndan ýazgy *sogda* dilinde, beýleki tarapyndan bolsa ýazgy *brahmi* ýazuwynda *sanskrit* dilinde çekilipdir. Sogda tekstinde Türki kaganatynyň ilkinji otuz ýylynyň dowamynda bolup geçen wakalar, Taspar-kaganyň eden hyzmatlary barada gürrüň edilýär. Okyjylara ýüzlenmekde, sogda tekstiniň kaganatda türki jemgyýetiniň bilimli adamlara niýetlenendigi ýüze çykýar. Türki kaganlarynyň köşklerinde sogdiýleriň köp sanlysy ýaşaýardy: olar ilçiler we ýokary wezipeli döwlet gullukçylarydy, ýazuwy öwredýän halypalardy. Sogdiýler oturymly obalary gurup, türki han-begleriň harytlary bilen

[8] *Кляшторный С. Г., Савинов Д. Г.* Степные империи древней Евразии. – СПб: 2005, стр. 346.

Hytaýa, Eýrana we Wizantiýa söwda kerwenleri bilen gatnapdyrlar. Olaryň türkilere bolan medeni täsirleri uly bolupdyr; sogdiýleriň üsti bilen türkiler Orta Aziýanyň gadymy siwilizasiýalaryň gazananlary bilen tanşypdyrlar.

Sogda diliniň ulanylmagy bilen, türkiler öz dilini berkitmek üçin sogda elipbiýinden hem peýdalanypdyrlar. Türkileriň arasynda buddaçylyk dinini ornaşdyrmak maksady bilen, türki dile buddalaryň «*Nirwana-sutra*» eseri terjime edilipdir. Ol eser kagyza türkilere belli bolan sogda elipbiýinde ýazylypdyr. Soňra bu elipbiý käbir girizmeler bilen, uýgurlaryň elipbiýi diýlip atlandyrylypdyr, *uýgurlar* ony has hem IX–XV asyrlarda peýdalanypdyrlar. Emma daş ýüzünde kursiwli sogd elipbiýi köp ulanylmandyr.

Türki kaganatynyň başlangyç döwründe, VII asyryň başlaryna çenli, käbir harplaryň goşulmagy bilen sogda ýazuwynyň esasynda, gadymy türki tagmalara (taýpa nyşanlaryna) ýakyn gelýän, täze ýazuw döredilipdir. Ol agaçda ýa-da daşda çyzmak üçin uýgunlaşdyrylan, bir-birine birikmeýän 38 sany geometrik şekillerden düzülipdir. Täze ýazuw türki diliniň fonetiki aýratynlyklaryny takyk beripdir: çekimsiz sesleriň köpüsinde çekimli sese görä iki ýazylyş nusgasy bolupdyr. Sogda ýazuwyndan tapawutlylykda, munda harplar anyk kesgitlenilipdir, onuň ulanylyşy hem aňsat bolupdyr.

XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda Ýeniseý derýasynyň derelerinde, Pýotr I patyşasynda gulluk edýän nemes alym *D. Messerşmidt* gadymy türkileriň ýazuwyny açypdyr. Ol bu ýazgyny skandinaw runalaryndan ugur alyp, runa ýazgylary diýip atlandyrypdyr. 1889-njy ýylda rus alymy *N. M. Ýadrintsew* Demirgazyk Mongoliýada Orhon derýasynyň deresinde runa ýazuwly uly daş stellalary tapypdyr. Olarda beýan edilen tekstleri, elipbiýiň açaryny tapyp, daniýaly alym *W. Tomsen* we rus türkişynas *W. W. Radlow* ilkinji bolup okapdyrlar. Ýadygärlikleri tapylan ýerine görä, «*Orhon-ýeniseý* ýazuwlary» diýip atlandyrýarlar, başga alamatlar (ýazuwyň dili we häsiýeti) boýunça tapyndylar *gadymy türki runaly ýazuw* diýlip atlandyrylýar.

Demirgazyk Mongoliýada runa ýazuwlarynyň köpüsi tapyldy. Olaryň ählisi *Ikinji Türki kaganatynyň* (689–744) we Uýgur kaga-

natynyň (745–840) döwürlerinde döredilipdir. Olardan iň bellileri Bilge kaganyň we onuň dogany serkerde *Kültegine* bagyşlanan, 732–735-nji ýyllarda döredilen ýadygärliklerdir. Forma taýdan orhon toparynyň ýadygärlikleri birmeňzeşdir. Olarda Türki döwletiniň taryhy fonunda gahrymanyň durmuşy we edermenligi beýan edilýär. Bu ýazgylarda gadymy türki taýpalarynyň we halklarynyň taryhyny we medeniýetini, olaryň dilini we edebi usullaryny öwrenmek üçin gymmatly maglumatlar jemlenen.

Ýeniseý derýasynyň Tuwa we Hakas sebitlerinde 150-den gowrak runa ýazgyly ýadygärlikler tapyldy. Olaryň köpüsi VIII–XII asyrlarda, gadymy türki han-begleriň hatyrasyna döredilen. Ýeniseý tekstler orhonlaryňkydan gysga, epitafiýa häsiýetli, bu ýerde beýan edilen taryhy maglumatlar az, olar gadymy türki edebi dilde ýazylan.

Orta Aziýa we Gazagystan sebitlerinde tapylan runa ýadygärlikleri iki topara birleşdirilen: *fergana* (keramikada gysga ýazuwlar, VII asyr) we *jetygen* (semireçýe) toparlary (Gyrgyzstan we Gazagystan). Soňky topara daşda, keramikada, köpüklerde we durmuş gaplarda, agaçda, palçykda we bürünç aýnalarda şekillendirilen ýazgylar degişlidir. Olaryň ählisi *Günbatar türkileriň kaganatynda* we *Karluklaryň döwletinde* (VII–IX asyr) döredilipdir. Talasda tapylan agaç taýajykdaky ýazgysy orhon-ýeniseý runalardan tapawutlydyr, ol henize çenli doly okalanak. Emma onuň Hazar we Günbatar türkileriň kaganaty bilen baglanyşygy şubhesizdir.

XI–XII asyrlarda Merkezi Aziýada gadymy türki ýazuwy ilki uýgurlaryň kursiwine, soňra yslamy kabul eden türki taýpalaryň arasynda ýaýran araplaryň ýazuwyna çalşylýar.



**Runa ýazgyly pyşdyl şekilli stella**

Mongoliýada we Ýeniseýde tapylan uly runaly tekstler taryhy tarapdan wajyp resminamalar bolmasa-da, olaryň edebi eserler hökmünde ähmiýeti uludyr. Olardan Bilge kaganyň we Külteginiň tekstleri has gyzyklydyr. Bilge kaganyň adyndan ýazylan bu nusgalarda oratorçylyk sungatynyň agzeki däpleri

siňdirilipdir. Tekstleriň käbir bölümleri tutuşlygyna meňzeş. Giriş setirlerde gadymy döwürler agzalýar:

«Ýokarda Gök Asman, aşakda Ýer, olaryň arasynda adam, adam urugy döredilipdir. Adam ogullarynda ata-babalar bar... Dünýäniň dört tarapy duşmandan doludyr... Goşun bilen söweşe giden halk dört tarapynyň dünýäsini eýeläpdir. Olar ýolbaşçylyk edip... öz hojaýyny ozal bolmadyk kökleriň we türkileriň arasynda öz düzgünlerini ýöredipdirler. Olar pelsepeli, edermen kaganlardyrlar, halk olary sylaýardy. Şonuň üçin olar döwlete köp wagtyň dowamynda ýolbaşçylyk edýärdiler... Soňra olaryň jigileri we ogullary kaganlar bolupdyrlar...».

Şeýdip, Bilge kagan Birinji Türkileriň kaganatynyň döreýşi, kämil derejä ýetilişi we haraplanylyşy barada gürrüň berýär. Bu kaganat VI asyrda döredilipdir, ýazgy bolsa 731-nji ýylda ýazylypdyr. Iki asyrdan öň bolup geçen wakalary ýatlamak epiki däplere mahsusdyr. Şol ritmikada Türkileriň Ikinji kaganatynyň döredilmegi, Bilge kaganyň we Külteginiň edermençiligi suratlandyrylýar. Iň soňunda Bilge kagan taryhy sapaklaryň netijesini çykarýar: «Eger-de sen, türki halky, öz kaganatyňdan, öz begleriňden, öz watanyňdan daşlaşmasaň... sen özüň gamgyn çekmän, bagtly ýaşarsyň!»

Bu setirlerde Türki kaganatynyň aristokratik depesiniň ideologiýasynyň özeni anyk ýüze çykýar – halkyň kagana we beglere doly boýun egmekligi talap edilýär. Türki halkynyň abadançylygy kagana boýun egmekliginde jemlenen. Kagan öz goşunlaryny söweşlere iberip, halky tabyn eden taýpalarynyň oljalary bilen sylaglapdyr: «Altyn-kümüşleri, ýüpek matalary, içgileri we däneleri, atlary, gara samyrlary men türki halkym üçin gazandym!»

«Baky daşda» beýan edilen öz sözlerini Bilge kagan şeýle jemleýär: «Eý, türki begleri we türki halkym! Men bu ýerde siziň, begleriň we halkymyň... öz döreden döwleti barada pikirleri baky daşda çyzdym.Serediň we taryhy biliň, siz, häzirki döwrüň begleri we halky!»

Syýasy pikirler, geçen we häzirki nesillerine öwgüler we gyjalatlar, häli-şindi «diňleýjilere» ýüzlenmegi, dürli çeper usullar we aforizmler beýan edilişi emosional taýdan bezäp, awtoryň edebi ukyply-

lygyny ýüze çykarýarlar. «Baky daşda» bu sözleri çyzan *Ýollyg-tegin*, Bilge kaganyň garyndaşy bolup, türki dilli edebiýatyň taryhyna ilkinji ady tutulan awtor hökmünde girdi.

Runa ýazgylarynyň dili VII–X asyrlarda *oguz, uýgur, gyrgyz, kimak* türki taýpalary birleşdirýän ýalňyz edebi dilidi. Onuň umumylygy we edebi kanonlary gadymy türki taýpalarynyň ýakyn medeni baglanyşyklarynyň bardygyny görkezýär.

**?**

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Gadymy türki halklarynyň döreýşi haýsy döwürlere degişli?
**2.** Skif taýpalary barada gürrüň beriň.
**3.** Bu taýpalaryň taryhy bilen baglanyşykly maglumatlar haýsy gadymy awtorlaryň taglymatlarynda bar?
**4.** Skifiýa başgaça nähili atlandyrylypdyr?
**5.** Brahmi we sanskrit dilinde çekilen ýazuwlar ilkinji gezek nirede tapylypdyr?
**6.** Uýgurlaryň elipbiýi barada gürrüň beriň.
**7.** Orhon-ýeniseý ýazgylary nirede tapyldy? Olary häsiýetlendiriň.

## 1. Altaý halklarynyň saz medeniýeti

Altaý medeniýetinde dürli halklaryň saz däpleri siňdirilipdir, olar asyrlar boýy çarwa şertlerde ösdürilip, XX asyra çenli öz gadymylygyny üýtgetmän saklap gelipdirler. Eýýäm *paleolit* döwründe (b.e. öň I asyrda) Altaý sebitlerinde ýaşan skif taýpalary öz durmuşyny oturymly däplerden çarwa dessurlara öwürýärler. III asyrda Altaý halklarynyň etniki düzüminde Merkezi Aziýa görnüşleri agalyk edip başlaýar, bu ýagdaý saz medeniýetiniň ösmegine hem ýardam edýär. Tuwanyň sebitlerine 100-e golaý daşda şekillendirilen ýeniseý elipbiýinde düzülen gadymy runa ýazgylary tapyldy. Döwlet, dini we syýasy kadalaryň çalyşmagyna garamazdan, asyrlar boýy tuwa halkynyň dili we çarwa däpleri üýtgedilmän galýar.

**Tuwalaryň saz folklorynda** mal bilen meşgullanýan halkyň dürli ses meňzetmeleri köp ulanylýar: *«ha-ha», «haýt-haýt», «küýt-küýt», «çu», «tpru»*. Maly ýygnamak üçin güýçli sesde ýaňlanýan, göwrümi

boýunça uzyn, melodiki taýdan ösdürilen «Mal daýgyrar» diýlip atlandyrylan äheňler ulanylýar.

Tuwalaryň hüwdi aýdymlarynda «öpeý-öpeý» diýen sözler gaýtalanyp gelýär. Hüwdüleriň sazlary «kyska yrlar» (gysga aýdymlar) we «kojamyktar» (gaýtalamalar) diýen žanrlara ýakyn bolup, käbir ýagdaýlarda hoomeý we sygyt atly bokurdaklaýyn stilde ýerine ýetirilýär:

Öpeý, sarym, öpeý, öpeý,
Öpeý, uruum, öpeý, öpeý.
Ööru kör daan, aýnyň çyryyn,
Öpeý, uruum, öpeý, öpeý.

Hüw, balam, hüw,
Hüw, gyzym, hüw.
Aýyň ýagtysyna seret,
Hüw, gyzym, hüw.

*Şagaa* – gyşyň aýagynda geçirilýän iň şowhunly baýramçylygyň biridir – aý senesi boýunça Täze ýylyň garşylanmagy. Şagaanyň bellenilmegi ýazyň gelmegini, kyn gyşdan soň täze durmuşyň başlanmagyny aňladýar. Bu baýramçylygyň öň ýanynda adamlar öz zatlaryny garyň üstüne çykaryp, ondan gyşyň dowamynda ýygnalan tozany kakyp aýyrýarlar. Şeýlelik bilen, öz ýaşaýan gara öýlerini, mal ýataklaryny hem arassalaýarlar. Bu hereketler ruhuň açylmagyny aňladýar. Soňra mukaddes ot ýakylyp, taýpanyň ýaşulusy obanyň (*aalyň*) ýaşaýjylaryna bagt dilegleri edip pata (*ýoreel*) berýär. Toý nahardan soň aýdymly, degişmeli oýunlar başlanýar.

Ähli toýlarda «*erniň üş oýnu*» (erkekleriň üç oýny) geçirilipdir. Onda ýaş ýigitler öz güýçlerini göreşde (*hüreş*), at çapyşykda (*at çaryjy*) we ýaý atmakda görkezipdirler. Tomaşaçylar bolsa ýaryşýan ýigitleri joşdurmak üçin improwizirlenen *kojamyk* aýdymlaryny ýerine ýetiripdirler.

Güýz pasly hasylyň ýygnalmagy bilen belli. Ýygnalan bugdaý ilki açyk howada şemalda goýlupdyr. Şemalyň bolmadyk ýagdaýynda ol ýörite sygyryş usulda çagyrylypdyr (*hat kaýgyzy*). Tuwalaryň äheň-ses medeniýetinde sygyryş usuly aýratyn orunda durýar. Onuň iki görnüşi bar: *kypsyngyç sygy* (güýçli sygyryş) we *aýannyg sygy* (heňli sygyryş). Güýçli sygyryş gysga bolup, uzak ýollarda gowy eşidilip, signal wezipesini ýerine ýetiripdir. Halk arasynda asmanda gapy (*haalga*) bardygy barada ynam bar, oňa adamlar şu sözler bilen ýüzlenipdirler:

7. Sargyt № 2977



Igilde ýerine ýetiriji

Haalga, haalga, haalga-haalga,
Hady-hady, hady-la hady,
Çadyr ögnü çada hady,
Böögeý ognü böle hady.

Şemal-şemal, üfle-üfle,
Öýleri titret, gapylary aç,
Aşakdan howa ursun,
Ýokardan şemal geçsin.

Çaganyň bolmagy maşgala baýramçylygy (*doý*) bilen bellenipdir. Çaga üç ýaşanda ene-atalary *urug doý* berip, ähli garyndaşlaryny çagyrypdyrlar. Şonda her myhman çaganyň saçyndan kesip, oňa ýörite taýýarlanan sowgat beripdirler (köplenç, öý mallary).

**Tuwalaryň halk döredijiliginde** zähmet ýa-da däp-dessur hereketler bilen baglanyşyky aýdym-sazlar köp. Halk aýdymlar üç topara bölünýär: *kojamyk* (gaýtalama), *kyska yr* (gysga aýdym) we *uzyn yr* (uzyn aýdym).

*Kojamyk* sözi «baglaşmak» manyny berip, ýigit bilen gyzyň bilelikde aýdylýan žanryny aňladýar. Aýdymlar çalt depginde gidýän, çylşyrymly bolmadyk heňlerden (*aýalgalary*) düzülen.

*Kyska yrlary* ähli žanrlarda görmek bolýar: çaga aýdymlarynda, hüwdülerde, degişme, zähmet, toý aýdymlarda. Bu aýdymlaryň tekstleri uzyn bolup, soňunda kojamyk (gaýtalama) sözler bilen tamamlanýarlar: *deeň-deeň, dyňgyldaý, dembildeý, dekeý-oo* we başgalar. Heňleriň aýdyňlygy we ýönekeýligi kyska yrlaryň ýörgünliligini düşündirýär.

Tuwalarda aýdymlaryň sözleri belli seslere gabat gelmän, dürli heňde aýdylyp bilner. Goşgy tekstini bellibir saza sanamaklyk däbi diňe soňky asyrda gelip ugrady. Öňler goşgynyň gurluşy birmeňzeş bolansoň, olar dürli heňlere sanalypdyr.

XVIII asyrda Altaý halklarynda buddaçylyk resmi statusy eýeleýär. Şonuň bilen bilelikde porhançylygyň täsiri hem uludy. Taryhda «porhan halkyň medeni kadalaryny eýeleýän şahsdyr»[9]. Sinkretiki žanr bolan porhanlaryň oýunlarynda esasy orny saz tutýar. Gün ýaşansoň başlanýan bu oýunlarda porhan *dungur* atlandyrylýan uly bubene kakyp, özüniň arwah-kömekçilerini çagyrýar. Her arwahyň gelmegini porhan üýtgedilen kakuwlaryň üsti bilen suratlandyrýar. Dürli haýwanlaryň we guşlaryň şekilinde emele gelýän ruhlary, olary şekillendirýän ses meňzetmeleri we beden hereketleri bilen görkezýär. Porhanyň geýiminde hem birnäçe kakylyp ýaňlanýan idiofonlar dakylan.



**Porhanyň köýnegi**

**Dungur** we **orba** – uly buben we tokmak. Porhanlar dungurda ussatlyk bilen çalyp, dürli sesleri, öwüşginleri ýaňlandyrýarlar.



**Dungur we orba**

Buddizmiň ornaşdyrylmagy bilen, Altaýyň dürli sebitlerinde dini buthanalar (*monastyrlar*) döreýär. Buthananyň dini däpleri üflenip we kakylyp çalynýan orkestriň kömegi bilen ýerine ýetirilipdir. 80 sany *lamalardan* düzülen orkestriň düzümine *konga, dambyra, kengirge, buree, buşkuur* ýaly saz gurallar girýär.

**Buşkuur** we **buree** – güýçli sesli üflenip çalynýan saz gurallary. Olar dürli görnüşleri bilen tapawutlanýarlar. Buşkuurda ýerine ýetirijiler birbada howa almak we üflemek usulynda çalypdyrlar.



**Buşkuur**

[9] *Басилов В. Н.* Избранники духов. – М., 1984, стр. 141.


Dambyra

**Tun** (tuň) – deňiz çaňňalagyndan (rakowinadan) ýasalýan ambuşýurly üflenip çalynýan saz gural. Ol tembr boýunça buýnuzda ýaňlanýan sesi ýatladýar. Tunuň güýçli we uzak ýaňlanýan bir belentli sesi dini dabaranyň başynda signal hökmünde ulanylýar.

**Konga** – reňkli metallardan ýasalýan, uly bolmadyk saply jaňjagaz. Ol orkestrden başga, dini däplerde esasy saz guraly bolup, ýekelikde hem ýaňlandyrylýar.

**Dambyra** – çäge sagadyň görnüşinde ýasalan, kiçijik iki taraplaýyn baraban. Onuň agaçdan ýasalan gabynyň uzynlygy 7 *sm*, membrananyň diametri – 9 *sm*. Baraban aýlananda, sime berkidilen şarjagazlar membrana degip, ses berýärler.

**Şan** (şaň) – reňkli metallardan ýasalan uly tarelkalar. Olaryň diametri 35 sm. Şanlar bir-birine dakylyp çalynýarlar. Saz guralyň güýçli we köp dowamly sesi bar.


Denşik

**Denşik** – kümşüň goşulmagy bilen reňkli metallardan ýasalan, uzyn ýüp ýa-da kümüş zynjyr bilen bir-birine berkidilen iki sany kiçijik tarelkalar. Denşigiň uzak wagtyň dowamynda ýaňlanan owadan labyzly sesi bar. Bu saz gural garaňky düşende ýeriň, deňziň ruhlary bilen baglanyşykly dini däplerde ulanylýar.

**Karaangy** (karaaňgy) – tekiz görnüşli gong, onuň diametri 50–60 *sm*. Onuň sesi ýumşak kelleli taýajyk bilen kakylyp ýaňlandyrylýar. Karaangynyň sesi dini dabaranyň başlanmagyny aňladýar.


Konga


Şan


Tun


Karaangy

*Maýdyr ergildezi* ýaly uly dabaraly dini baýramynda bu saz gurallara kakylyp çalynýan duudorum we üflenip çalynýan *limbi* (kese fleýta) ýaly görnüşleri hem goşulýar. Olaryň sazandarlyk edilmeginde *Tsam* diýlip atlandyrylýan lamalaryň ritual tansy ýerine ýetirilýär.



**Igil**

Dini däplerde peýdalanylýan saz gurallardan başga, altaý halklarynda durmuşda peýdalanylýan saz gurallaryň giň topary hem ýörgünlidir. Bu görnüşlere *çadagan, igil, byzaançy, doşpuluur* we *çanzy* ýaly kirişli saz gurallar degişlidir. Üflenip çalynýan saz gurallara *şoor, limbi, demir-homus* we *kuluzun-homus* degişlidir.

Altaýlylarda morinhura kybapdaş Ikili saz guraly ýörgünlidir. Tuwalylarda ol Igil, hakaslarda Yyh diýlip atlandyrylýar. Oňa kybapdaş saz gurallaryny Hindistanda (rabanastr) we Hytaýda (erhu, tsin) görmek bolýar.

**Igil** (egil, hyl-homus) – iki kirişli kemençeli saz gural. Onuň repertuarynda we gurluşynda ýüze çykýan arhaik nyşanlar saz guralyň gadymy döwürlerde çarwa durmuşynda dörändigi barada habar berýär. Halk sazandalarynyň (*yraajylaryň, hoomeýjileriň, tooluçularyň*) aýrylmaz hemrasy bolan bu saz guralyň ady tuwalaryň eposynda, ertekilerinde we rowaýatlarynda köp duş gelýär.

Saz guralyň ady «iýi» (iki) we «hyl» (gyl, kiriş) sözleriň goşulmagyndan emele gelýär. Igiliň iki sany görnüşi belli: «*at baştyg igil*» (at kelleli igil) we «*tewer igil*» (diregi bar). Saz guralyň ikinji görnüşiniň ady onuň çalnyş usulyndan gelip çykýar: saz guraly aýakgabyň gonjuna direlip çalynýar.



**Tewer igil**

Igilde tebigaty suratlandyrýan «Uzyn huýug», «Buga, şary», «Buga bustadyry»



**Byzaançy**

(öküziň arlamasy), «Öskus kas» («Ýetim gaz»), «Hek yrlaary» («Ikatýogyň aýdymy»), «Howu aýalgazy» («Çölüň heňi»), «Çalym-Kara» («Gara gaýa»), «Çyraa-Hoor» («Ýorga») ýaly sazlar çalynýar. Bu saz guralda ýerine ýetirijiler diňe erkeklerdir. Halk arasynda sazlaryň döreýşi bilen bagly birnäçe rowaýatlar belli.

**Byzaançy** (byýazanza) – dört kirişli kemençeli saz guraly. Bu tuwalaryň iň ýörgünli saz gurallarynyň biridir. Onuň sesi göläniň molaýan sesini ýatladýar («byzaa» göle diýmekdir). Saz gural iki bölümden düzülen: hamy çekilen kädiden we ujunda atyň kellesi bilen bezelen sapdan. Kirişler atyň gylyndan ýasalýar. Ýaý görnüşli kemençäniň gyllary kirişleriň arasyndan geçirilen. Her saz gural özboluşly bolup, ussanyň toslama baýlygyny görkezýär.

Saz guralyň kädisi göwrümi we ýasalyş materialy boýunça dürli-dürlüdir. Käbir görnüşlerde ol ujy ham bilen çekilen, sygryň ýa-da öküziň buýnuzyndan edilýär. Şeýle-de byzaançynyň kädisi misden ýa-da agaçdan (arça, kedr, sosna, pürli agaçdan) ýasalyp, dört, alty, sekiz gyraňly silindr görnüşine eýedir. Saz guralyň gaby göläniň, täkäniň, maralyň ýa-da balygyň hamyndan ýasalýar. kirişler öňler atyň guýrugyndan, häzirki wagtda bolsa has berk bolan inçe leskadan edilýär. Saz gural dyza direlip çalynýar. Çalnyş pursadynda çep eliň barmaklary kirişleriň aşagynda ýerleşýär, sesler dyrnaklaryň gysylmagy esasynda döreýär. Köplenç, *flažolet* usuly ulanylýar.

Byzaançy kwinta, käbir ýagdaýlarda kwarta düzülýär. Aýdyma sazandarlyk edilende, berýozadan ýasalan eşegiň süýşürilmegi bilen, saz guralyň düzgüni üýtgedilýär. Byzaançynyň diapazony iki oktawa golaýdyr. Saz gural dört kirişli bolsa-da, onda çalynýan sazlar diňe birseslidir. Sebäbi kirişleriň arasynda çekilen kemençäniň gyllary diňe bir sesiniň ýaňlandyrylmagyna gönükdirilen. Saz guralyň ýerine ýetirijileri aýallar we erkeklerdir.

**Doşpuluur** (topşuluur) – iki kirişli çirtilip çalynýan saz gural. Ol iki tarapyna ham berkidilen trapesiýa görnüşli kädiden we kädiniň içinden geçýän uzyn sapdan düzülen. Saz guralyň kädisi arça, sosna, kedr ýa-da pürli agaçdan, onuň perdesiz sapy berýozadan ýasalýar. Doşpuluuryň gaby sugunyň, geçiniň ýa-da tekäniň hamyndan, onuň kirişleri atyň guýrugyndan ýa-da goýnuň içegesinden edilýär. Igil we doşpuluur, umuman, «hyl-homus» (gyl-homus) diýlip atlandyrylýar.



**Doşpuluur**

**Hur** – burýatlaryň kirişli kemençeli saz guraly, morinhuryň görnüşi. Onda dört sany kiriş çekilen, düzülişi: e-a-d-g. Hur dyzyň arasynda gysyp, çep el bilen sapdaky kirişleri basylýar, sag elde kemençe tutulýar.

**Çanza** (şanzy) – burýatlaryň we tuwalaryň üç kirişli çirtilip çalynýan saz guraly. Altaý halklaryna ol Mongoliýanyň üsti bilen Hytaýdan gelýär. Mongollarda bu saz gural *çanz* diýlip atlandyrylýar.

Saz guralyň uzyn, uly gulakly sapy tekiz owal gaby bilen birleşdirilen. Kädisi iki tarapdan ýylanyň hamy bilen çekilen. Kirişler ýüpekden ýa-da içegeden edilen, olar kwarta ýa-da kwinta düzülýär. Saz guralyň çalaja şowurdap jyňňyldaýan tembri bar, diapazony uly we kiçi oktawany öz içine alýar. Ses barmaklar ýa-da plektr bilen çirtilip alynýar, çalynýan pursadynda kirişler saz guralyň sapyna gysylýar.

Halk sazlarda çanza aýdymlara sazandarlyk etmek üçin ulanylýar. Bokurdak usulda aýdýan aýdymçylarda ol has ýörgünlidir. Soňky ýyllarda saz gurala dördünji kiriş goşuldy, ol orkestrlere girizilip, köplenç, akkompanirleýji wezipelerini ýerine ýetirýär.



**Çanza**



**Çanzaçy**



Çadagan

**Çadagan** – iň gadymylaryň biri, köp kirişli çirtilip çalynýan saz gural. Ol gadymy epiki eserlerde we rowaýatlarda köp agzalýar. Öňler çadaganda ussat aýallar hem çalandygy we bu saz guraly ýasandygy barada maglumatlar bar.

«Çadagan» ady gadymy türki «çat» (kakmak) ýa-da «jat» (ýatmak) sözlerden gelip çykan bolmagy mümkin. Sebäbi çalnanda bu saz gural dyzlaryň üstüne ýatyrylyp çalynýar. Onda kakylyp çalynýan usullary hem ýörgünlidir.

Çadaganyň gadymy görnüşi, agaçdan köwlüp alnan, aşagy ýokaryk öwrülen dört burçly düýbi bolmadyk taňňyry ýatladýar. Oňa ýedi sany içegeden ýasalan kirişler dakylan. Her kirşiň aşagynda duran aşyk süýşürilende, sesiň beýikligini üýtgedýär.




Bu saz guralda ses kirişleri barmaklar ýa-da toýnakdan ýasalan mediatr bilen çirtilip, şeýle hem ýörite taýajyklary bilen kakylyp alynýar. Olara 4, 6, 7, 8, 12 sany kiriş dakylypdyr. Kirişler pentaton

zwukorýady boýunça düzülýär. Olaryň hromatiki düzgüne getirilmegi saz guralynyň transformirlenmegine getirdi.

Häzirki wagtda çadagan kämillige tarap ösdürilýär: içegeli kirişler metaldan ýasalan kirişler bilen çalşyrylýar, düzgüni üýtgetmek üçin saz gurala çekilýän gulaklar dakylýar. Halk saz guraly bolansoň, çadaganyň takyk berkidilen ölçegleri ýokdur, şonuň üçin saz guralyň göwrümi boýunça tapawutlanýan dürli görnüşleri belli.

Halk arasynda çadaganyň döreýşi bilen bagly dürli rowaýatlar saklanýar. Öňler bu saz gural gahrymançylyk eposynyň we ertekileriň ýerine ýetirilmeginde ulanylypdyr. Soňky ýyllarda ol ansamblllarda hem ulanylýar.

**Demir-homus** – dillije çirtilip çalynýan saz gural, wargan. Bu saz guralyň ýörgünliligi halk epik eserleriň köpüsinde ýatlanýar. «Boktu-Kiriş we Bora-Şeeleý» epiki rowaýatynda, şazada gara öýe girende, onuň sag tarapyndan 30 sany homusistler, çep tarapyndan 30 sany bokurdak usulda ýerine ýetirijiler aýdym aýdyp oturandygy bellenilýär.



**Demir-homus**

«Homus» adalgasy köp sanly türki dillerinde duş gelýär: *homus, komuz, kubyz, homys, kobyz, gopyz, şeýle-de şankobyz, kylkobyz, hyl-homus, çarty-homus* we beýlekiler. Dilçileriň pikirlerine görä, olary baglaşdyrýan söz hökmünde türkleriň «kof» (gowak, boş) sözi hyzmat edýär[10]. Sebäbi bu saz guralyny ýaňlandyrmak üçin boş rezonator (agyz) gerek bolýar[11].

Altaý halklarynda warganyň birnäçe görnüşleri bar: *yýaş-homus (daýa-homus), çarty-homus (şawylaar-homus), kuluzun-homus (şeler-homus), demir-homus (çes-homus, hola-homus)*.

[10] *Татаринцев Б. И.* Этимологический словарь тувинского языка. Т. 3. – Новосибирск, 2004, стр. 213.

[11] *Кайдаров А. Е.* Структура односложных корней и основ в казахском языке. – Алма-Ата, 1986, стр. 247.

Bu görnüşlerden iň kiçisi demir-homusdyr. Onuň uzynlygy 7–8 *sm*. Bu saz guralda ýerine ýetirijiler aýallar we erkekler bolupdyrlar. Ol has hem ýaşlaryň arasynda ýörgünlidir – saz guralyň sesi bilen aşyk-magşuklar bir-birine habar beripdirler. Homusyň döreýşi bir-birinden aýrylan juwanlaryň rowaýatynda suratlandyrylýar.



**Homusçy**

**Kuluzun-homus** (şeler-homus) – uzynlygy 12 *sm* bambukdan ýasalan wargan. Onuň ady «kuluzun» (bambuk, gamyş) we «şeler» (çekmek) sözlerden emele gelýär. Saz guralyň sesi, gyradan dakylan ýüpüň çekilmegi bilen döreýär. Şeler-homus aýallaryň arasynda has ýörgünlidir. Bu saz guralda ýerine ýetirilýän repertuar demir-homusyň repertuaryndan tapawutlydyr.

**Hoomeý** – halk döredijiliginiň özboluşly žanry, iki sesli bokurdak oýunlaryň sungaty («höömeý» sözi umumy «bokurdak aýdymy» manyny berýär). Eşidiş taýdan hoomeý obertonly-burdon sazlaşyklary berýär. Derňewçi A. N. Aksýonow bogaz aýdymlaryny homusyň ýerine ýetirijiligi bilen baglanyşdyrýar. Bu sungatlaryň ýerine ýetirijilik usullary deň, hoomeý sungaty diňe bokurdakdan çykýanlygy sebäpli, aýdym žanryna degişlidir[12]. Bu ýerine ýetirijilik usula dürli sazşynaslaryň işleri bagyşlanan: A. Aksýonow, Z. Kyrgys – tuwa sazlaryny derňeýärler, W. Smirnow – mongollaryň sungatyny, L. Lebedinskiý, H. Ihtisamow – başgyrtlaryň sazlaryny, A. Muhambetowa – gazaklaryň, S. Subanaliýew – gyrgyzlaryň, L. Haltaýewa – umumy türki-mongol halklarynyň saz sungaty barada ýazýar. Bu işlerde awtorlar burdon köpsesliliginiň dürli meselelerini öwrenýärler.

A. Aksýonow bogaz usulda ýerine ýetirilýän dört sany gadymdan gelýän stilleri häsiýetlendirýär: *kargyraa, barbannadyr, sygyt* we *ezengileer*. Häzirki wagtda olar birnäçe täze özboluşly ugurlar bilen baýlaşdyrylandyr. Hoomeý usulynda ýerine ýetiriji *hoomeýji*

[11] *Аксенов А.Н.* Тувинская народная музыка. – М., 1964, стр. 54.

diýlip atlandyrylýar, onuň esasy maksady bogaz tembrleriniň dürli öwüşginlerini, obertonlaryny görkezmek. Bu stilde ýerine ýetiriji dürli ses meňzetmelerden peýdalanýar.

? **Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Altaý halklarynyň etniki düzümi barada gürrüň beriň.
**2.** Tuwalaryň saz folkloryna haýsy žanrlar girýär?
**3.** Folklor žanrlarynyň ýyl pasyllary bilen baglanyşygyny häsiýetlendiriň.
**4.** Urug doý baýramçylygy näme sebäp bilen ýerine ýetirilýär?
**5.** Erkekleriň däp oýunlaryny häsiýetlendiriň.
**6.** Tuwa halk aýdymlary näçe topara bölünýär?
**7.** Altaý halklarynyň saz gurallary barada gürrüň beriň.

# III Kawkaz halklarynyň saz medeniýeti

**Kawkaz** – Ýewropanyň we Aziýanyň sepgidinde ýerleşen, esasan, daglary eýeleýän Ýewraziýanyň regionydyr. Ol Kaspiý, Azow we Gara deňizleri bilen çäklendirilen. Taryh we geografiýa taýdan Kawkazda **Demirgazyk** we **Ortaýer** (*Zakawkazýe*) sebitleri kesgitlenilýär. Kawkazyň belli daglary: *Mižirgi* (5025 *m*), *Kazbek* (5033 *m*), *Jangitau* (5058 *m*), *Şhara* (5068 *m*), *Dyhtau* (5204 *m*), *Elbrus* (5642 m). Olardan Kazbek bilen Şhara Gruziýada, galanlary *Kabardin-Balkariýada* ýerleşýärler.

Kawkaz adalgasy ilkinji gezek gadymy grek awtorlary *Eshiliň* (b.e. öň VI–V asyr) we *Gerodotyň* (b.e. öň V asyr) işlerinde duş gelýär. Bu topragy *Orsýet (Demirgazyk Kawkaz)*, şeýle-de *Azerbaýjan, Ermenistan, Gruziýa* (şol sanda *Abhaziýa, Ajariýa* we *Ortaýer Osetiýa*) ýaly döwletler eýeleýär. *Türkiýäniň* käbir welaýatlary hem Kawkazda ýerleşýär.

Dil meňzeşlikleri boýunça bu halklary birnäçe topara bölmek bolýar.

**Kawkaz dil maşgalasyna:**

*Kartwel topary* (*gruzinler, megreller, swanlar, lazlar*),

*Abhaz-adyg topary* (*abazinler, abhazlar, adygeýler, kabardinler, çerkesler, şapsuglar*),

*Nahs-dagystan topary* (*batsbiýler, inguşlar, çeçenler*),

*Dagystan topary* (*awarlar, agullar, arçinler, andiýler, ahwahlar, bagulalylar, botlihler, bežtinler, buduhlar, ginuhlar, godoberinler, gunzibler, darginler, didoýlar, karatinler, kryzlar, laktslar, lezginler, rutullar, tabasaranlar, tindinler, udinler, hwarşinler, hinalugylar, tsahurylar, çamalalylar*) girýär.

**Altaý dil maşgalasyna** türki dilli halklar girýär: azerbaýjanlar, balkarlar, karaçaýewler, nogaýlar we türkler-meshetinler.

**Hindi-ýewropa dil maşgalasyna** Eýran şahasy girýär: *ýezidler, dag ýewreýleri, kürtler, osetinler, talyşlar* we *tatlar*. **Başga dilli toparlar:** *ermeniler, grekler, ruslar*.

# 1. Azerbaýjanlaryň saz medeniýeti

Azerbaýjanyň saz medeniýeti öz gözbaşyny gadymy zamanlardan alyp gaýdýar. Azerbaýjanyň köp asyrlyk taryhy bilen bilelikde, dürli aýdym we instrumental žanrlar emele gelýär, saz diliniň aýratynlyklary we saz sungatynyň däpleri döreýär.

Azerbaýjanyň saz sungatynyň gadymysy – zähmet hakda aýdymlardyr. Bu aýdymlaryň köpüsi ekerançylyk bilen baglanyşykly bolupdyr, olar ýer sürlende ýa-da hasyl ýygnalanda aýdylypdyr. Zähmet hakda aýdymlardan başga, folklor saz mirasynda däp-dessur we dini aýdymlary bolupdyr. Dini aýdymlaryň ýerine ýetirilişi Güne çokunmak we otparazlyk däpleri bilen bagly. Ýer eýeçiligi döwründe täze edebi görnüşler ýüze çykyp, halk arasynda täze mazmunly aýdym-sazlar döreýär. Olaryň tematikasy, esasan, söýgini wasp edýän häsiýetde bolupdyr.



**Azerbaýjan sazandalary**

XII asyrda ýaşap geçen beýik *Nyzamy* azerbaýjan saz sungatynyň ösmegine uly goşant goşupdyr. Nyzamynyň köpsanly goşgulary we poemalary saza geçirilipdir. Mundan başga-da Azerbaýjanyň saz sungatynyň taryhynda *Fizulynyň* şygryýeti uly ähmiýete eýedir. Onuň «*Leýli–Mejnun*» poemasy birnäçe gezek saza geçirilipdir.

Birseslilik azerbaýjan halk aýdym-sazynyň esasy aýratynlygydyr. Halk aýdymlary däp boýunça saz gurallarynyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär. Olaryň ýerine ýetiriliş däplerinde häzirki döwre çenli gadymy usullary saklanyp gelipdir. Azerbaýjan halk aýdymlaryň heň diapazony uly göwrümli däldir. Emma äheň tarapyndan aýdymlar dürli-dürlüdir. Halk aýdymlaryň esasynda özboluşly ladlar ýatyr, her ladyň öz ses hatary bar. Köp görnüşli halk eserleriň arasynda iki we üç ölçegli gurluşlar has köp duş gelýär.

Azerbaýjanda söýgüli saz gurallaryň biri **kemençedir**. Ol syhowaç bilen ýerine ýetirilýär. Halk aýdymlary, köplenç, **taryň** we **sazyň**



**Saz**

sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär. Olaryň ikisem kirişli plektorly topara degişli. Adaty durmuşda bu saz gurallar giňden ýaýran.

**Saz** (pars dilinde «saz gural» manyny berýär) – kirişli çirtilip çalynýan saz guraly. Ol Günbatar Aziýa halklarynyň (*Ermenistan, Türkiýe, Azerbaýjan*) ählisinde ýaýran. Göwrümi, gurluşy, kirişleriň sany we düzülişi boýunça tapawutlanýan dürli saz gurallar Saz ady bilen tutulýar. Olary umumylaşdyrýan alamatlar: armyt görnüşli kädisi, perdeli sapy, agaçdan ýasalan gapak, goşa ýa-da üçeldilen kirişler (*setar* we *dombradan* tapawutlylykda), plektrli ýerine ýetiriliş.

*Türkiýede saz adalgasy bilen iki sany meňzeş saz gurallar atlandyrylýar:*

**1.** *Baglama* – ýedi kirişli (iki goşa we biri üçeldilen) uly saz;

**2.** *Jura* – alty kirişli (üç sany goşa) kiçijik saz.

Eýranda bu saz gural *Baglama* diýlip atlandyrylýar, «*saz*» sözi bolsa umumy saz gural manyny berýär.

Sazyň gulaklary bir-biriniň garşysynda däl-de, 90º üçburçluk boýunça ýerleşýärler. Sazy ýasamak üçin ussalar birnäçe agaçlardan peýdalanýarlar. Onuň kädisi, köplenç, tut agajyndan, sapy – üljeden, germeç bölegi gaty hozdan ýasalýar. Sazyň kädisi täk sanly (köplenç, dokuz) tagtalardan düzülýär. Sapda 16–17 sany perde ýerleşýär. Kirişler, poslamaz we üzülmez ýaly, kümüş ergine basdyrylan ýokary derejeli polatdan ýasalýar. Saz gural ülje agajyndan ýasalan *plektr* bilen çalynýar.



**Sazda gulaklaryň ýerleşmegi**

Azerbaýjanda göwrümi boýunça tapawutlanýan üç sany görnüşi bar, olardan iň ýörgünlisi – 8–9 kirişli «*tawar*

*saz*» (ýa-da «*ana saz*»). Oňa görä, 6–7 kirişli «*orta*» ýa-da «*goltug saz*» göwrümi boýunça biraz kiçi. Bu saz gurallaryň iň kiçi görnüşi «*jura*» diýlip atlandyrylýar, onda 4–6 sany kiriş bar. XX asyrda, *Sazyň* mugamlarda ulanylmagy sebäpli, onuň kiriş sany 17–18-e köpelýär.

Saz azerbaýjan sazandalar tarapyndan ýekelikde hem-de ansambl toparlarda çalynýar. *Azerbaýjan aşuglar* öz sungatyny diňe *Sazda* beýan edýärler. Bu saz gural azerbaýjan halk saz gurallary orkestrinde hem esasy orun tutýar.

**Tar** (pars dilinden «kiriş», «ýüp») – Eýran we Azerbaýjandan başga Ermenistanda, Türkiýede we Ýakyn Gündogaryň halklarynda giňden ýaýran. Iki kirişli *dutar*, üç kirişli *setar*, dört kirişli *çahartar*, bäş kirişli *pänjtar*, alty kirişli *şeştar* hem *Taryň* maşgalasyna degişlidir.



**Tar**

Tar tut agajyndan köwlüp ýasalýar. Onuň ikeldilen kädisi balygyň hamy bilen çekilýär, uzyn sapy hoz agajyndan ýasalýar. Sapda 22 esasy hem-de 2–3 sany goşmaça, gaba ýelmenen gamyş perdeler bar. Taryň gadymy görnüşinde 4–6 sany kirişde temperirlenmedik 19 basgançakly ses hatary ýaňlanýar. Bu saz gural buýnuzdan ýasalan plektr bilen çalnypdyr.

Taryň häzirki görnüşinde kirişleriň sany 11-e ýetýär: esasy bas kirişler ortada, goşa melodiki we goşmaça kirişler saz guralyň gyralarynda ýerleşdirilen. Goşa kirişleriň düzgüni üýtgänok, esasy kirişler bolsa ýerine ýetirilýän žanra görä üýtgäp bilerler. Taryň kämilleşen görnüşini XIX asyrda ýaşan azerbaýjan sazandasy *Mirza Sadyg Asad ogly* (*Sadyhjan*) ýasapdyr. Ol saz gurala 6-njy kiriş goşup, perde sanyny 17-ä ýetiripdir. Ýaňlanyş mümkinçiliklerini (rezonansy) ulaltmak üçin, ussa ýokarky registre perdeleri goşup, «*Lal barmak*» atly ýerine ýetirijilik stili girizipdir. Sadyhjandan başlap, tary dyza goýup çalmak usulynyň ýerine, dik durup, saz guraly döşe gysdyryp çalmak usuly ýaýradylypdyr.

Saz guralyň hromatiki ses hatary iki ýarym oktawa golaý. Diapazony kiçi oktawanyň **«c»** sesinden – ikinji oktawanyň **«g»** sesine çenlidir. Taryň 13 sany düzülişi bar, olaryň biri şeýle:

$$\mathbf{c^1, c^1, g, g, c^1, c, g, g^1, g^1, g^1, c^1, c^1}$$

Tar, esasan, ýekelikde we ansambllarda ulanylýar. Heň, köplenç, iki sesde ýaňlanýar (bir kirişde ýaňlanan ýagdaýynda, ikinji rezonirleýär), aram-aram saz ösüşe akkordlar girizilýär. Taryň aşaky registri owadan, mylaýym, ýokarky – labyzly, ýaňlanýan. Azerbaýjan sazlarda tar, esasan, *hanendäniň* (aýdymçynyň) mugam triosynda, *kemençe* we *gawal* bilen bilelikde ulanylýar.



**Taryň yzky tarapy**

XX asyrda U. Gajibekow «*mugam operasy*» diýen täze žanry döredýär. Bu operada wokal partiýalaryň ählisi taryň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilipdir. 1931-nji ýylda Uzeir Gajibekow ilkinji halk saz gurallary orkestrini döredýär. Şol pursatdan başlap taryň täze ösüş döwri başlanýar. Kompozitoryň döreden mekdebinde taryň ýerine ýetirijilik we çeperçilik mümkinçilikleri has-da ösdürilýär. Bu saz gural üçin ýörite täze saz eserleri döredilipdir. Olardan bellileriň biri – *Tar we orkestr üçin konsert*.

Ýerine ýetiriliş tejribesinde taryň çeperçilik mümkinçilikleri dürli plektr kakuwlary we trel usullary bilen açylyp görkezilýär. Häzirki zaman taryň ýerine ýetirijiliginde dürli ştrihleri öz içine alýan ulgamy döredilipdir, olardan bellileri: «*ust-mizrab*» (plektr bilen ýokardan aşaklygyna kakuw), «*alt-mizrab*» (aşakdan kakuw), «*ust-alt mirzab*» (ýokardan we aşakdan kakuw), «*ruh-mirzab*» (çepden we sagdan kakuw), «*santur mizrab*» (ýokardan-aşakdan-ýokardan kakuw), şeýle-de «*lal barmak*» (kirşi barmak bilen kakmak), «*dartma sim*» (wibrato) we «*sürüşdirme barmag*» (glissando) ýaly goşmaça usullar. Plektr bilen kirşi kakyp, ýerine ýetiriji wibrirleýän sesi gazanyp bilýär. Bu usulyň netijesinde döreýän dyngy (pauza) «*hum*» diýlip atlandyrylýar. Ansambl görnüşlerde hem-de mugamçylyk sungatyndaky solo ýerine ýetirilişde taryň ähmiýeti uludyr.

*Üflenip çalynýan saz gurallary* toparyna **duduk, balaban, zurna** degişlidir. Tembri boýunça olar goboýa, iňlis rožogyna, fleýta we naý ýaly saz gurallaryna ýakyn. *Kakylyp çalynýan saz gurallaryna* **dep, gabol** we **nagoranyň** dürli görnüşleri degişli.



**Zurna**

**Nagara** (arap dilinde «kakmak» manyny berýär) – azerbaýjanlaryň kakylyp çalynýan esasy saz gurallarynyň biridir. Onuň *Goltug nagara, Djura nagara, Beýuk nagara* we *Goşa nagara* diýen görnüşleri bar. Nagara el bilen ýa-da käbir folklor nusgalarynda taýajyklar bilen çalynýar. Bu saz guralda ýerine ýetirilişi ritmikanyň dürlüligi we dinamikanyň ösüşi bilen tapawutlanýar. Nagara *zurna* we *balaban* bilen bilelikde, ansambl toparlarynda giňden ulanylýar. Ritm saklaýan saz guraly hökmünde ol tanslarda we mugamyň ýerine ýetirilmeginde peýdalanylýar.

**Neý** – Kawkaz, Günbatar we Merkezi Aziýada ýaýran, agaçdan ýasalýan üflenip çalynýan saz gural.



**Neý**

Neý gadymy saz gurallaryň biridir, onuň gelip çykyşy biziň eýýamymyzdan öňki döwürlere degişlidir. Neýiň görnüşleri Ýakyn we Orta Gündogarda giňden ýaýrandyr. Diňe Azerbaýjanyň özünde bu saz guralyň birnäçe görnüşleri bardyr. XIV–XV asyrlarda ýaşan alym-sazşynas *Abulgadir Maragi* özüniň «Magasid al-alhan» («Sazyň maksady») diýen taglymatynda, öz döwründe ýörgünli bolan neýiň iki görnüşiniň bardygyny görkezýär: «*ak neý*» we «*gara neý*».

Neý gamyşdan ýasalýar, onuň uzynlygy 550–600 *mm*, diametri bolsa 20 *mm*. Neýiň ýokarky tarapyndan bäş, aşakdan ýekeje deşik ýerleşýär. Bu saz guralyň diapazony $c^1$-$gis^2$. Neýde mugamlaryň, aýdymlaryň we instrumental eserleriň ýerine ýeetirilmegi mümkin.

Azerbaýjan halk saz medeniýetinde *Aşuglaryň* we *Hanendäniň* gadymy sungaty aýratyn orunda durýar. Aşuglaryň sungaty özboluşlydyr. Bu ýerine ýetirijiler aýdymçy, sazanda we tansçy hökmünde

8. Sargyt № 2977



**Dool**

çykyş edýärler. Şeýle hem olar döredijiler we şahyrlardyr.

Aşuglaryň repertuary dürli-dürli bolup, halk aýdymlaryny we öz döreden söýgi, gahrymançylyk, teýeneli (satirik) aýdymlaryny öz içine alýar. Şeýlelikde, aşuglar özboluşly žanry döredipdirler. Aşuglaryň heňleri ýarym reçitatiw, erteki wez aýdym häsiýetlidir. Olar hukugy öwrediji aýdymlary (*ustad-dama*), edeplilik we dogruçyllyk hakyndaky aýdymlary hem ýazypdyrlar. Şol sebäpli olar halkyň uly söýgüsini we hormatyny gazanyp, durmuşda ýol görkeziji hökmünde tanalypdyr.

Gadymy döwürde aşuglaryň arasynda ýaryş guramak ýörgünli bolupdyr. Ol ýaryş «deýişme» ady bilen tanalypdyr. Aşuglar uly bolmadyk gülküli we teýeneli (satirik) sahnalary ýerine ýetiripdirler, şeýle-de, köplenç, gurjak teatrlarda çykyş edipdirler. Aşuglaryň döredijiliginde epiki aýdymlar, duetler, söýgi, wepalylyk hakynda saz poemalary uly orun tutýar. Muňa Leýliniň we Keýisiň (Mejnunyň) wepaly söýgüleri hakyndaky poema degişlidir. Bu poemadan başga, aşuglaryň döredijiliginde «Aşyk-Garyp», «Asly we Kerem» ýaly poemalar hem uly şöhrata eýe bolupdyrlar. Bu epiki eserlerde söýgi, wepalylyk, dogruçyllyk, dostluk duýgular beýan edilýär. Şeýle-de agşuglaryň döredijiliginde halk dessanlary hem uly ähmiýete eýe. Dessanlar gadymy döwürde halkyň arasynda dörän wakalaryň, rowaýatlaryň esasynda döredilipdir. Dessanlarda *Görogly, Babek* ýaly halk gahrymanlarynyň edermenligi wasp edilýär.



**Kemança**

XVII–XVIII asyrlarda Azerbaýjan saz medeniýetiniň ösüşi dowam edýär. XVII asyryň dowamynda Azerbaýjanda

halk gozgalaňlary bolupdyr. Bu ýagdaý şol döwürleriň halk dessanlarynda şöhlelendirilipdir. Görogly hakyndaky gahrymançylykly epos, hakykatdan-da, XVI–XVII asyrlarda bolup geçen wakalary beýan edýär. Bu döwürde halk türk we eýran basybalyjylarynyň garşysyna göreşipdir. Watana söýgi, onuň azatlygy üçin göreşe taýýar bolmak – dessanyň esasy şygarydyr. Göroglynyň şekilinde azerbaýjan halkynyň iň gowy sypatlary: gaýduwsyz batyrgaýlyk, duşmana bolan ýigrenç, Watana, halkyna söýgi jemlenendir. Görogly diňe esger bolman, ol aşyk hem-de aýdym aýdyp, ylhamyňy joşdurýan ýigitdir.



**Tar**

**Mugam** köp bölümli wokal-instrumental eser bolup, ol azerbeýjan halk sazynyň esasy žanrlarynyň biridir. Mugam tutuşlygyna ýerine ýetirilýär (destgäh), şeýle hem saz gurallaryň ugrukdyrmasy netijesinde aýdymçy-solistiň ýa-da tar, kemençe saz gurallarda solo hökmünde çalynýar. Azerbaýjan poeziýasynyň klassyklary *Nyzamynyň, Fizulynyň, Nesiminiň*, şeýle-de häzirki zaman şahyrlary *S. Wurgunyň, S. Rüstemiň, M. Myşfikiň* goşgulary mugamyň poetik gazallary bolup hyzmat edýär.

Mugamyň *«Rast», «Segäh», «Şuşter», «Çargäh», «Baýaty-Şiraz», «Mahur», «Şahnaz», «Gatar»* we beýleki görnüşleri has hem tanymaldyr. Her bir mugam aýratyn ladda ýerine ýetirilýär: «Arazbary» mugamy – «Şur» ladynda, «Heýraty» mugamy «Rast» ladynda, «Şikeste» mugamyň birnäçe görnüşleri «Segäh» ladynda. *Uzeir Gajybekow* özüniň kitabynda azerbaýjan halk sazynda ýörgünli bolan ýedi sany perdeleri atlandyrýar: *rast, şur, segäh, çargäh, baýatişiraz, humaýun, müşteri*.

«Rast» – mertlik, dogumlylyk duýgusyny oýarýar.



«Şur» – söýgi duýgusyny oýarýar.




«Şuşter» – çuňňur gynanjy oýarýar.




«Çargäh» – hyjuwlylygy oýarýar.




«Baýaty–Şiraz» – gamgynlygy oýarýar.




«Humaýun» – has çuňňur gynanjy oýarýar.




«Segäh» – söýgi duýgusyny oýarýar.



Mugamyň gurluşy sýuita golaýdyr. Toplumyň bölümleri ladyň tertipli ösüşi esasynda düzülen. Ýerine ýetiriji bir bölümden beýlekä geçende, kulminasiýanyň derejesine ýetýän ýokarky registrden başlaýar, soňra tonika gaýdyp gelýär we eseri tamamlaýar. Bölümleriň ses hatarlary hem dürli-dürlüdir:



Mugamda improwizasiýa häsiýetli we anyk ritm hereketli wokal (tesnif) hem-de instrumental-tansly (räng) bölümler gapma-garşylykly gezekleşýärler. Şunuň bilen baglylykda, mugamyň umumy gurluşy özboluşly rondony ýada salýar. Tesnifler we rängler mugama dürli-dürli öwüşgin berýärler. Mugamyň bölümleriniň atlarynda dürli manylar siňdirilen:

şekilleriň alamatlary – «Rast» (göni, dogry, adalatly), «Şur» (söýgi, joşgun);

sanlar – «Dugäh» (2), «Segäh» (3), «Çargäh» (4), «gäh» (wagt, orun, döwür);

şäherleriň we ýurtlaryň atlary – «Baýaty-Şiraz», «Baýaty-Isfagen», «Yrak», «Hijaz» we başgalar.

«*Ritmiki mugamlar*» diýlip atlandyrylýan mugamlar aýratyn dürli görnüşliligi bilen tapawutlanýarlar. Ritmiki mugamlarda aýdymçynyň improwaziýaly fonunda saz gurallar topary gysgajyk ostinatoly ritmik şekili saklap durýar.

Belli mugamçylardan *J. Garýagdyny, Seýit Şuşinskini, Han Şuşinskini* we beýlekileri ýatlamak bolar. *U. Gajybekow, M. Magamaýew* özleriniň ilkinji operalaryny mugamlaryň esasynda düzüpdirler. *R. M. Glier* öz «Şa Senem» operasynda «Çargäh» mugamyny ulanypdyr. Şeýle-de F. Amirow, Nyýazy ýaly mukamçylar tarapyndan simfonik mugamlar döredilipdir.



**Mugamy ýerine ýetirijileri**

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Azerbaýjan halkynyň haýsy aýdymlary folkloryň iň gadymy žanrlaryna degişli?
2. Halk aýdymlarynyň esasynda haýsy alamatlar ýatyr?
3. Azerbaýjan mugamy barada gürrüň beriň.
4. Mugamlaryň ýerine ýetirijileri kimler?
5. Mugamlar haýsy saz gurallaryň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär?
6. Azerbaýjan halk saz gurallary barada gürrüň beriň.
7. Gadymy epik žanrlary we olaryň häzirki zaman ýagdaýlaryny häsiýetlendiriň.

## 2. Ermenileriň saz medeniýeti

Ermeni halky dünýädäki halklaryň içinde iň bir gadymy halklaryň biridir. Köp asyrlaryň dowamynda ermeni halky agyr, kyn döwürleri başyndan geçiripdir. Şeýle döwürleriň biri hem araplaryň basyp alan döwri bolupdyr. Emma birnäçe asyrlaryň dowamyndaky ermeni halkynyň göreşi IX ýüzýyllykda ýeňiş bilen tamamlanýar we Ermenistan ýene-de öz erkin ýoly bilen öňe gadam basýar.

Halkyň başyna her hili kynçylyklar düşende hem, ol öz sungatyny unutmandyr. Halkyň taryhy ýagydärligi epiki ertekileriň gahrymanlary bolupdyr. Olaryň biri-de *Dawid Sasunskidir*. Dawide Sasunskiý diýilmegi Sasun galasynyň ady bilen baglanyşykly goýlupdyr. Dawidiň keşbinde araplaryň garşysyna göreş, adamyň iň gowy häsiýetleri, gaýduwsyzlyk, güýç görkezilýär. Bu ýerde watançy halkyň durmuşyny ýüze çykarýan öýsüzleriň tragik aýdymlary (*antunileriň we haripleriň aýdymy*) hem görkezilýär. «*Antuni*» ermeniçe «öýsüz», «*harib*» bolsa «diwana» diýmekdir. Olaryň şekilinde halkyň nalyşy, öz ata watanyndan kowulmagy, aç-suwsuzlyklary, janlaryny gorap, diri galmak üçin ata watanyny taşlap gitmäge mejbur bolandyklary ýaňlanýar. Ol aýdymlar gam-gussaly agydyr.

Orta asyrlarda ermeni medeniýeti has hem gülläp ösýär, uly üstünlige eýe bolýar, halk sazlary täze görnüşler bilen baýlaşýar, täze görnüşleri özünde jemleýär. Giňişleýin döredijiligi *gusanlar* alýar, hatda olar hristian metjidini görkezseler-de, öz sungaty diýip hasaplaýarlar. Olaryň saz medeniýeti ösüp başlaýar, professional

şahyrlaryň goşgulary uly gyzyklanma döredýär. Howlularda geçirilýän çykyşlarda uly sahna oýunlary görkezilipdir. Teatr žanry dürli-dürli bolup, onda tragediýa, komediýa we pantomima ýaly žanrlar hem bolupdyr. Ermeni dini saz medeniýeti hem uly üstünlige ýetipdir. Täze ybadathanalarda aýdylýan aýdymlaryň, çalynýan sazlaryň görnüşleri artypdyr. Ybadathanalarda aýdymçylaryň mekdebi döredilip, ol ýerde bilimli, sowatly mugallymlar dini aýdymlaryň aýdylyşyny öwredipdirler.

Ermeni saz medeniýetiniň ösüş ýolunda *zähmet aýdymlary, däp-dessur aýdymlary, taryhy aýdymlar* esasy orny eýeleýär. Erkekler tarapyndan aýdylýan daýhan *zähmet aýdymlaryna* ekin ekilende, hasyl ýygnalanda aýdylýan *orowellalar* degişlidir. Orowellalar improwizasiýa häsiýetde, reçitatiw äheňde ýerine ýetirilýär, käwagtlar sazda ýolbarsyň, öküziň sesine meňzeş äheňler ýüze çykýar. Aýal-gyzlaryň zähmet aýdymlaryna öý işleri bilen meşgul bolnanda, el harmany işledilende, bugdaý üwelende, sygyr saglanda, mesge edilende, şeýle-de baglarda üzüm, ir-iýmiş ýyglanda, otag otalanda aýdylýan aýdymlar degişlidir. Gurluşy boýunça olar örän sada.

*Däp-dessur we durmuş aýdymlaryna şu aşakdakylar degişli:*

1) senenama aýdymlary: bahar aýdymlary, şeýle hem tebigy hadysalara (ýagşa, gurak howa, möjekleriň çozmagyna garşy) aýdylýan aýdymlar;
2) maşgala aýdymlary: hüwdüler, oýun, çaga we liriki aýdymlar, toý däpleri (gelniň toýa taýýarlanyşy, onuň ata öýünden gidýänligi sebäpli gynanmagy, öýlenýän ýigide degişli ata-enä ýüzlenme aýdymlary, tans-oýun aýdymlary, myhman aýdymlary we başgalar).

Hristian dininiň kabul edilmegi bilen, Ermenistanda *dini aýdymlaryň* görnüşleri ösüp başlaýar. Bu aýdymlar köküni Wizantiýadan alyp gaýdan 8 sesli heňlerdir. VII asyrda bu aýdymlary tertipleşdirmek üçin, dini aýdymlaryň kitabyny döretmek zerurlygy ýüze çykýar. *Grigoriý Narekasi* dini aýdymlary bent görnüşine getiripdir. XII asyrda ýaşan iň tanymal dini şahyr we aýdymçy *Nerses Şnorali* we *Haçatur Taronesi* bolupdyr.

Ermenistanyň halk saz döredijiliginde *taryhy aýdymlar* esasy ähmiýete eýedir. Bu aýdymlarda halkyň başyndan geçiren horlugy, duşmana garşy göreşleri hakynda aýdylýar. Muňa «Alaşkertler ýükli barýarlar» diýen aýdymy mysal getirip bolar:



**Zurna**

«Alaşkertler ýükli barýarlar,
Öz çagalaryny ýatdan çykardylar.
Bu ne hasrat, elhenç günä,
Tussagda galdy eziz maşgalam,
Ýokaryk seretsem ýyldyzlar ýanýar».

Ermeni halk aýdymlarynyň sazy kiçi diapazonly: kwarta-kwinta, tersiýa, uly aralyk bolsa oktawadyr. Aýdymlarda esasy hereket ýokarky sesden aşak gaýdýar. Bu aýdymlar özüniň perdeleri bilen ýakyn baglanyşykly. Orowellalarda hromatiki yzygiderlilik, glissandolar ýüze çykýar. Aýdymlaryň esasy bölegi diatoniki gurluşda ýazylandyr, bu käbir basgançaklaryň galdyrylyp gidilmegi ýa-da artdyrylan sekundanyň goşulmagy bilen görkezilýär.

VII asyrda ermeni professional halk aýdymçylary «*gusanlar*» däl-de, «*aşuglar*» diýlip atlandyrylypdyr. Iň tanymal ermeni aşuglarynyň biri-de VIII asyrda ýaşan *Saýat Nowadyr*. Onuň hakyky ady *Arutýun Saýadýan*. Bu aşug dini aýdymlaryň ýazgysyny *ermeni, gruzin, azerbaýjan* dillerinde ýazypdyr. Aşuglaryň döredijiliginde goşgy goşmak professional derejä baryp ýetipdir. Professional ermeni şygryýetinde bentler:

2 setirli – goşma;
4 setirli – gazal, diwany;
5 setirli – muhemmes adyny alýar.

Şäherli aşuglar bellibir guramalara birleşip, olaryň baştutany bolup, oňa «*usta-başi*» diýlipdir. Ýaş aşuglaryň iň sowatlylaryna şahadatnama we «*mahlas*» lakamyny beripdirler. Aşuglaryň aýdym ýazýan depderlerine «*dafdarlar*» diýlipdir.

Dünýäde iň gadymy golýazmalar saklanýan ýerleriň biri bolan *Matenadaranyň Maştoss* mülkünde V–XVIII asyrlar aralygynda

döredilen ermenileriň iň baý gadymy golýazmalar ýygnanypdyr. Bu gadymy golýazmalar ermeni medeniýetini, şeýle hem saz sungatynyň gadymy we orta asyrlaryň, takmynan, ähli ýerlerini öz içine alýar. Oňa bagyşlanan materiallar dürli-dürlüdir. Mundan başga-da dürli görnüşli materiallary, ýüzlerçe golýazmalary, hususan-da, sazly däp-dessurlary baradaky kitaplary, dini we ýokary gatlakly aýdymlar ýerleşdirilipdir, saz barada bahasyna ýetip bolmajak maglumatlary we taryhy, framatika, filosofiýa kitaplary we başga-da birnäçe ýygyndylary öz içine alýar.

Bu şertlerde ermeni dini aýdym döredijiligi kämilleşýär we saz sungaty milli professional derejede ýokary galýar. Ermeni ýazuw medeniýetiniň düýbüni tutujy iki meşhur awtor *Mesrop Maştoss* we *Saak Partew* hasaplanylýar. Olar ermenileriň professional aýdym döredijiliginde ilkinji awtorlar we saz nazaryýetiniň esasyny döredijilerdir. Nazaryýet ulgamynda olaryň ýerine ýetiren iň wajyp işleri ermeni sazynyň seslerini täzeden toparlara bölmekden ybaratdyr.

*Glaslar* (sesler, çakylyklar) – munuň özi ýaňlanýan sazyň esasyny düzýän sazlaryň görnüşidir we her biri görnüşini üýtgetmek bilen, dürli edebi tekstler bilen baglanyşyp bilýän melodiki modellerdir. Ýazuwyň peýda bolmagyndan öňki döwürde ermeni sazynda 4 sany esasy glaslar (sesler) tapawutlanypdyr. M. Maştoss we S. Partew bu ulgamy çuňlaşdyrmak bilen, 8 sany sesleri tertibe salýarlar. Olar öz ukyplaryny Ermenistanda ruhy aýdym žanrynyň orun tutmagyna gönükdiripdirler. Maştoss gussaly – liriki şarkanlaryny düzýär. Olaryň köpüsi şu wagtlar hem özüniň estetiki täsirini ýitirmändir.

Ýazuw oýlanyp tapylandan soň, *Dawid Kerakan* we *Dawid Anaht* ähmiýetli netijeleri gazanýarlar. Olar ermeni saz-estetiki we saz nazaryýeti ulgamynyň işläp taýýarlamasyny çuňlaşdyrýarlar. S*tepanos Sýunessi, Owan Mandakuni, Gýut Araezassi* we *Mows Norenassi* ermenileriň özboluşly ruhy aýdymyny täze derejä göterýärler. VII asyrda *Komitas Ahssessi, Ananiýa Şirakassi, Barseh Trou* we *Saak Džaroporessi* monumental stilli ösüşiň täze beýikliklerine galdyrýarlar. VIII asyryň birinji çärýeginde 8–9 aýdymdan ybarat bolan kanonyň gündogar-hristian žanry kabul edilipdir we özboluşly



**Duduk**

ruhy aýdymlara degişli bolan, melodiki modelleriň toplumy sesleriň ikinji uly ulgamy işlenip taýýarlanypdyr. Şol döwürde ýokary gatlaga degişli bolan gusan sungatynyň täsiri astynda ýaýran özboluşly ruhy aýdymlaryň fakturasy çylşyrymlaşýar. Ol ýuwaş-ýuwaşdan köpdürli täze melodiki öwrümler, bezegler, bogunlaryň täsirli heňleri bilen baýlaşýar.

IX–X asyrlaryň amatly şertlerinde orta asyr Ermenistanyň professional aýdym-döredijiliginiň ewolýusiýasy tamamlanýar. XII asyrda saz däp-dessur kitaplarynyň hemmesini baýlaşdyran, hudaýa çonukmagyň saz bezegini üýtgeden *Nerses Şporali* tapawutlanýar. Onuň saz-nazaryýet we döredijilik mirasy uly we ähmiýetli hadysa bolupdy. Nazaryýetçi hökmünde Şporali ses ulgamlary we ýörgünli belgileriň meseleleri bilen meşgullanypdyr. Ol «*ganj*», «*srbasassutýun*» diýlip atlandyrylýan eserlere, çeküwli şarakanlara mahsus bolan çylşyrymly sazlary biri-birinden bölüp aýyrmak bilen tertibe salypdyr.

XIV asyrda saz ylmy ulgamynda ses, garmoniýa baradaky ylym, metroritme we melodiki modelleriň ulgamyna degişli bolan, nazaryýet ýagdaýlar soňraky ösüşe eýe bolýarlar. Saz ýazuwy we saz baradaky ylmy sungaty ösüşiň ýokary derejesine ýetýär[13].

Ermenileriň ruhy monodiýasy ermeni sungatynyň biziň günlerimize çenli milli sungatyň häsiýetli alamatlaryny saklap galan ulgamlarynyň biri bolup durýar. Ruhy aýdymlaryň görnüşlerinde daýhan aýdymlarynyň, halk professional, şäher monodiýalarynyň käbir aýratynlyklary öz beýanyny tapdy. Äheň taýdan ösüşiň usullarynda halkyňky bilen umumylyklary görmek bolýar. Umuman, professional monodiýalaryň görnüşleri halk aýdymlarynyň görnüşlerinden çylşyrymly hem ýaýraňdyr. Ermeni monodiýa sazyň şahalarynyň her birindäki melodiki ösüş prosesi lad emele gelşiniň öz kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarýar, şol bir wagtyň özünde şahalaryň hemmesiniň ladlary käbir umumy häsiýetlere hem eýedir. Ermeni monodiki sazynyň perdeleriniň aýratynlyklary:

[13] *Тагмизян Н.* Музыка в древней и средневековой Армении. – Ереван, 1982.

a) perdeleriň hemmesi temperirlenmedik ses hataryna esaslanandyr;
b) perde ulgamy ýönekeý perdeleri, ses hataryndaky ulaldylan sekundaly perdeleri, alterirlenen perdeleri öz içine alýar;
ç) perdeleriň hemmesi birmeňzeş we dürli-dürli tetrahordlaryň birleşmegi netijesinde emele gelýän oktawa däl ses hataryna esaslanýarlar;
d) ýönekeý we diatoniki perdeleriň esasy tetrahordalary – frigiý, eoliý we mažor;
e) ermeni sazynyň perdeleriniň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri, «*dimog jaýn*» diýlip atlandyrylýan kömekçi perde esasynyň bolmagydyr.

Ermeni professional ýokary gatlak we ruhy monodiýasy XIV–XV asyrlarda ösüşiň iň ýokary derejesine ýetýär. Köp asyrlaryň dowamynda ermeni monodiýasy professional döredijiligiň ýeke-täk ulgamy bolupdyr.

X–XIII asyrlar Ermenistanyň milli sungatynyň ösen döwrüdir. Şol wagtlar professional ermeni şahyrlarynyň mekdebi döredilýär. Bu şahyrlar «*tagergular*» («tagolary düzüjiler»), olaryň aýdym şekilli ýazylan eserleri bolsa «*tagolar*» diýlip atlandyrylýar. Şahyrlar eserlerini orta ermeni dilinde ýazypdyrlar. Tagergularyň döredijiliginiň esasy görnüşi dini sýužetlere ýazylan aýdymlardyr. Iň tanymal tagergularyň biri *Nçrtiç Nagaşa* bolupdyr.

Şol döwürde *«Kör-ogly», «Aşyg-Karyb», «Aşyg-Keram»* ýaly epiki eserler döredilipdir. Bu döwür Konstantinopol mekdebinden dramaturg, professional şahyr «soňky tagergy» lakamyny alan Bagdasar Drip hem birnäçe eserler döredipdir.

Ermeni halk aýdymlary aýdylanda, olara kakylyp, üflenip çalynýan we kirişli saz gurallar sazandarlyk edýärler. Ermenistan halk saz gurallaryna baýdyr. Olaryň kämillik ýoly köp müňýyllyklaryň taryhyny öz içine alýar.

Üflenip çalynýan saz gurallaryna: *zurna, duduk, neý, sring* ýa-da *blul, tutak, şwi* ýa-da *hawal, parkapzuk* ýa-da *tik, , kawal, pog, paku, suliç* degişlidir.



Duduk

**Duduk** – iň gadymy saz gurallaryň biri, onuň döreýşi Urartu döwletiniň döwrüne gabat gelýär. Bu goşa dillije saz gural erik agajyndan ýasalýar, onuň uzynlygy 28–40 *sm*, ýüz tarapynda sekiz-dokuz sany, yzky tarapynda bir-iki sany deşik ýerleşdirilen.

Duduga kybapdaş saz gurallary köp halklarda bar: Ermenistanda ol *Tsiranapoh* («erik tüýdügi») diýlip hem atlandyrylýar; Azerbaýjanda – *balaban,* Gruziýada – *duduki,* Hytaýda – *guan;* Türkiýede – *neý,* Ýaponiýada – *hitiriki*. Onuň diapazony şeýle:



Duduk sazlary, köplenç, iki bolup ýerine ýetirilýär: birinji sazanda esasy heňi alyp barýar, ikinjisi, «*dam*» («*damkaş*») diýlip atlandyrylýan, üzülmeýän fony çekip, saza ostinato häsiýet berýär. Tans sazlar ýerine ýetirilende dudugyň gapdalyna *dhol* atly kakylyp çalynýan saz gural ulanylýar. Duduk halk saz gurallarynyň orkestrlerinde hem ulanylýar, halk aýdym-sazlaryna, tanslara we toý däplerine sazandarlyk edýär.

**Zurna** – Zakawkazýe we Orta Aziýa halklarynyň köpüsinde duş gelýän saz guraly. Bu agaçdan ýasalan goşa dillije saz guraly goboýyň irki görnüşleriniň biridir. Onuň ýokarsynda 8 sany deşik, aşagyndan bolsa bir deşik ýerleşdirilýär. Zurnanyň diapazony bir ýarym oktawadyr, onuň tembri äşgär we güýçlüdir.

Zurnany çalýan sazanda *zurnaçy* diýlip atlandyrylýar. Bu saz guralda, köplenç, açyk howada çalýarlar. Ansambla, adat boýunça, üç sazanda gatnaşýar: birinjisi esasy heňi alyp barýar, ikinjisi esasy basgançaklarda üznüksiz sesleri çekýär, üçünji sazanda bolsa dhol (dool) saz guralda çylşyrymly ritmleri kakyp alýar.



Parkapzuk

**Parkapzuk** – ermenileriň üflenip çalynýan saz guraly, onuň ýasalyş syrlary doly diýen ýaly ýiten. Saz gural

hamly haltadan we iki-üç sany dillije trubkadan gurnalan. Ýerine ýetiriji haltany howadan doldurýar, ony trubkalara ýetirýär we deşikli trubkalardan ses çykarýar. Galan trubkalar diňe bir ses berýärler. Saz guralyň tembri güýçli, zwukorýad diatoniki. Ol, köplenç, tanslara sazandarlyk etmek üçin ulanylýar. Parkapzukyň haltasyny eliň aşagynda saklap, ondan howany trubkalara ýetirýärler.

Wolynka dünýäniň köp ýurtlarynda ýörgünlidir. Şotlandiýada ol esasy milli saz guraly hökmünde ýaýran. Gündogar ýewropada bu saz gural *gaýda* (*gade*), tatarlarda *tulup-zurna* («ham-tüýdük»), araplarda *gaýta*, Ukrainada we Polşada – *koza* («geçi») diýlip atlandyrylýar. Fransiýada *müzet* (kiçijik wolynka) atly saz gural gaty ýörgünlidi, Lýulli ony özüniň opera orkestrinde hem ulanypdyr.

**Şwi** («saýkylyk») – ermenileriň üflenip çalynýan saz guraly. Onuň uzynlygy 30 *sm*, ýokarky tarapda 7 sany, aşakda bir deşik ýerleşdirilen. Duduk we zurna bilen tapawutlylykda, bu saz guralda aýratyn diljagazy ýok, ol guralyň özünde kesilen. Şwi erik agajyndan, şeýle-de gamyşdan, söwüt ýa-da hoz agajyndan ýasalýar.



**Şwi**

Saz guralyň diapazony bir ýarym oktawa. Ýokarky registr *fleýta-pikkolony* ýatladýar. Bu saz guralda dürli guşlaryň sesini imitirlemek mümkin. Durmuş tejribesinde, köplenç, çopanlaryň aýdymlary ýerine ýetirilýär.

**Paku** – erik agajyndan we ýaş göläniň şahyndan ýasalýan üflenip çalynýan saz gural. Onuň belent we güýçli, zurnany ýatladýan tembri bar.



**Paku**

Ermenileriň kirişli saz gurallaryna *kanon, çogur, çeng, tawih, djutah, djnar, kemança, kemani, saz, tar, ud* we *santur* degişlidir.

**Kýamani** (ýa-da *Bambir*) – ermenileriň orta asyr saz guraly, kemençäniň görnüşi. Bu saz guralyň süýrümtik göwresi kiçijik wiolonçeli ýatladýar. Kýamaniniň şekili ilkinji gezek gadymy ermeni şäheri bolan *Dwinyň* harabalarynda arheologik agtaryşlarda ýüze çykdy.



**Kýamani**



**Dool**

Soňra bu suratlara esaslanyp, belli ussa *Eduard Ter-Kazarýan* saz guralyň dikeldilen görnüşini döredipdir. Meşhur sazandalardan *Grigor Arakelýan* belli.

Ermenistanyň kakylyp çalynýan saz gurallaryna *dap (daf), dool (dhol), darbuka, tmbuk, dawul, kşots* degişlidir.

**Dool** (dhol) – ermenileriň kakylyp çalynýan saz guraly, iki taraplaýyn baraban. Onuň membranalary meňzeş däl – birisi has galyňrakdyr. Ses iki agaç taýajyklar (biri galyň, biri inçe) bilen ýa-da eliň aýasy we barmaklary bilen alynýar. Öňler bu saz gural söweş ýörişlerde ulanylypdyr. Häzirki wagtda ol zurna bilen bilelikde, tanslara we ýörişlere sazandarlyk edýär.

XIX asyrda ermeni professional saz döredijiligi has ösüp başlaýar. Ermenistanda, Zakawkazýede, Aleksandropolda aşuglar täze merkezleri döredýärler. Şol döwürde iň tanymal aşug – gusançylaryň biri *Djiwani* bolup, onuň hakyky ady *Şerob Bekoýensdir*. Konstantinopolda *Ambarsumýan Limanjanýan* Ýewropanyň nota ýazgylary bilen tanşyp, ermeni dini aýdymlarynyň ýazuwy üçin 7 sany belgi oýlap tapypdyr.

1873-nji ýylda Eçmiadzine Konstantinopoldan dini aýdymlary öwreniji *Nikogaýos Taşçýan* çagyrylýar. *Makar Ekmalýanyň* kömegi bilen, 1974-nji ýylda ermeni nota ýazuwynda ýazylan «*şarakan*» atly ermeni dini aýdymlarynyň kitabyny çap edýär, şeýle hem ermeni nota ýazuwynyň kitaby çykarylýar.

XIX asyrda ermeni halk döredijiliginde ilkinji gezek ses we fortepiano üçin aýdymlary we romanslary ýazmak synaglary edildi. Şol döwürde ilkinji opera ýazan mukamçy *Tigran Çuhadzýan* bolup, ol «Arşak II» operasyny ýazdy. Mundan başga-da bu döwürde ermeni saz medeniýetini ösdürmek üçin, *N. Kara-Murza, M. Ekmalýan, N. Tugronýan, G. Korganow* halk aýdymlaryny

täzeden toplap, öwrenip, olaryň üstünde täzeden işläpdirler. *Kara-Murza* tarapyndan dört sesli hor üçin ermeni liturgiýasy garmoniýalaşdyrylýar. *Makar Ekmalýan* Peterburg konserwatoriýasynda N. A. Rimskiý-Korsakowyň elinde okap, ýokary bilim alan ilkinji ermeni mukamçydyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda milli mukamçylyk mekdebi açylýar. Bu mekdebiň ýolbaşçysy we düýbüni tutujy *Komitasdyr*. Komitasyň döredijilik ýoly ermeni halkynyň saz sungaty bilen aýrylmaz baglanyşykly. Komitasyň hakyky ady *Sagamon Georgewiç Sagomonýandyr*. Ermeni milli saz medeniýetini ösdürmekde mukamçy, sazçynas, etnogrof, ýerine ýetiriji, dirižýor, täze milli saz mekdebiniň düýbüni tutujy Komitasyň bitiren işleriniň ähmiýeti örän uludyr. Ussat sazanda ermeni halk aýdymlarynyň mazmunyny we gurluşyny, gözelligini, ýitiligini, özboluşly öwüşginlerini açyp bilipdir. Soňra Komitasyň döredijiligini *Spiridon Melikýan, Wasiliý Korganow* dowam etdirýär.

XX asyrda ermeni saz medeniýetinde tanymal mukamçylar *A. Tigronýan, A. Spendiarow, A. Maýlýan, A. Fer-Gewondýan, S. Barhudarýan* öz mynasyp yzlaryny goýupdyrlar.

**?** **Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Ermeni halkynyň folklor žanrlary haýsy toparlara böünýär?
**2.** Orowella žanrynyň ýerine ýetirijileri kimler?
**3.** Dini aýdymlary we hor liturgiýalar barada gürrüň beriň.
**4.** Halk aýdymlarynyň gurluş aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň?
**5.** Ermeni halk saz gurallaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?
**6.** Gusanlar we aşuglar kimler? Meşhur ýerine ýetirijilerden kimleri bilýärsiňiz?
**7.** Gadymy epik žanrlaryny häsiýetlendiriň.

## 3. Gruzinleriň saz medeniýeti

Gruzin halk sazynyň kökleri üç müň ýyl öň döredilipdir. Gadymyýetden gruzin halkynyň aýdym döredijiligi uly ösüşlere eýedir. Biziň eýýamymyzdan öň VIII–IV asyrlara degişli bolan resminama-



**Pandurçy**

larda bu halkyň *zähmet, ýöriş* we *horowod* aýdymlary barada beýan edýän maglumatlary saklanyp galypdyr.

Soňra köp wagtyň dowamynda Zakawkaz saz medeniýetiniň merkezi bolup Tiflis hereket edýär. XII asyrda Tamara şanyň eýelik etmeginde Gruziýanyň welaýatlary birleşdirilip, edebiýatyň, arhitekturanyň, şekillendiriş sungatynyň ösmegi sazyň hem ýokary derejä ýetmegine ýardam etdi. Şota *Rustaweli, Şotweli, Çahrukadze* ýaly gruzin şahyrlarynyň odalary we poemalary aýdymçylary tarapyndan dürli saz gurallarynyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilipdir. Şol döwrüň professional halk aýdymçylary *mutripler* we *mgosanlar* diýlip atlandyrylýar.

Gruzin folklorynda birnäçe dialektleri kesgitlemek bolýar: *tuşinli, hewsurly, mtiully, kartaliý, kaheti, raçi, pşawa, mohe, leçhum, swan, megrel, imereti, guriý, adjara, laz*. Köp asyrlaryň dowamynda gruzin halklarda hor köpseslilik döräp, ajaýyp özboluşlylygy özüne siňdirýär. Bu dessur hristian dininiň ornaşdyrylmagy bilen baglydyr. V asyrdan başlap buthana mekdeplerde aýdym ders hökmünde girizilýär. Dürli hor toparlary gurnalýar: *gundy, dasi, mtskobri*. Saz ýazuwynyň ulgamy döredilýär. **Köpseslilik** (iki, üç, dört sesde aýdylýan aýdymlar) gruzin halk sazynyň esasy aýratynlygy bolup durýar.

Birsesli aýdymlar *Urmuli, Nana* (hüwdi), *Orowela* (zähmet aýdymlary), *Tirili, Datireba* diýlip atlandyrylýar. Olar sazandarlyk edilmeginde hem-de a’kapella ýerine ýetirilýär. Iki sesli žanrlara zähmet, däp-dessur, durmuş we tans aýdym-sazlary girýär. Bu aýdymlary horuň burdoniki fonunda bir ýa-da iki sany solist ýerine ýetirýär.

Üç seslilik gruzin sazynyň esasy bolup durýar: heň basyň fonunda, ýokarky seslerde dürli görnüşlerde ýerine ýetirilýär. Üçsesliligiň gündogar we günbatar stillerini kesgitlemek bolýar. Günbatar Gruziýanyň aýdym-saz döredijiligi özüniň gutarnyklylygy we gazaplylygy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýoluň «Mrawalžamiýer», «Çakrulo», «Supruli», «Zamtari» ýaly aýdymlaryna akkordlaryň dissonirleýji sazlaşyklary häsiýetlidir.

Halk polifiniýa usullary *guriý* we *ajar* aýdymlarynda ýüze çykýar. Bu ýoluň eserlerinde *krimançuli* diýlip atlandyrylýan özboluşly belent ses gatnaşýar. Erkek tarapyndan ýerine ýetirilýän bu ses bogaz tembrde beýik registrde çylşyrymly *fiorituralary* ýerine ýetirmelidir.

Köp seslilikde sesleriň atlandyrylyşy: *mzhar (ýokary), žyr (ortaky), bam (bas)*. Bu sesler gruzin sazynyň garmoniýasyny düzýärler.

Gruzinleriň şäher saz folklory hem iki topara bölünýär: dostluk, watançylyk, söýgi temalardan aýdymlary düzýän *Mgosani* (aýdymçy-şahyryň) döredijiligi we ýewropa sazynyň täsirinden dörän eserleri. Ýurt geziji aýdymçynyň, şahyryň, improwizatoryň, wolynkada ýerine ýetirijiniň wezipelerini özünde jemleýän sazanda *Mestwire* diýlip atlandyrylypdyr.

Gruzin halkynyň iň gadymy saz gurallaryna dürli görnüşler degişli. **Üflenip çalynýan saz gurallar:** alty gamyşly tüýdük *soinari (larçemi), nestwi, stwiri, awili, naý, buki, kwirostwiri* (trubanyň görnüşi), *sakwiri* (nyşan berýän buýnuz), *karahsa (rožok), gudastwiri, çiboni (wolynka)*.



**Dudukçy**

**Çirtilip çalynýan saz gurallar:** *çangi (arfa)*, *knari, ebani (lira* görnüşli), *panduri, çonguri (lýutnýa)*, *tsintsili (tsymbalalar)*; kemençeli çianuri, çuniri.

**Kakylyp çalynýan saz gurallar:** *bobgani (timpan), dabdabi, dumbo, noba, doli* (barabanyň görnüşi), *kosi* (uly harby baraban), *tablaki* (kiçi baraban), *tsintsila* (*tarelkalar*), *doýra (buben),* spilençuri (uly mis litawra), *diplipito* (kiçi litawra). Gruzinleriň ata-babalarynda süňkden ýasalan *salamuri* – üç deşikli swirel ýörgünli bolupdyr.

**Panduri** – gündogar Gruziýada ýaýran üç kirişli saz gural. Onuň sazandarlyk etmeginde gahrymanlary wasp edýän aýdymlar ýerine ýetirilýär. Gruziýada bu saz guralyň iki görnüşi ýörgünli: biri panduri, beýlekisi *çonguri*. Ikinjisi meňzeş bolsa-da, düýpgöter başga saz guraldyr.

9. Sargyt № 2977



**Panduriniň we Çonguriniň görnüşleri**

Panduriniň gurluşy we göwrümi boýunça dürli görnüşleri bar. Ol ýekelikde instrumental sazlarda, şeýle-de aýdymlara sazandarlyk etmek üçin peýdalanylýar. Bu saz guralda, esasan, erkekler çalýarlar. Gruziýada panduri, çonguri we salamuri saz gurallary öz içine alýan trio-ansambllar ýörgünli.

Öňler üç we ýedi perdeli panduriler bolupdyr. 1934-nji ýylda meşhur gruzin sazanda *Kiril Waşakidze* bu saz gurala ýarym ton aralyklary goşup, onuň täze wariantyny döredipdir. Şeýlelikde, «*Panduri prima*» (nusgawy) we «*Panduri tenor*» (12 perdeli) diýen görnüşleri emele geldi.

Panduri primanyň düzülişi şeýle: «e» (birinji kiriş), «ces» (ikinji kiriş), «a» (üçünji kiriş). Saz guralyň sapynda «b» notadan «c» nota çenli iki oktawa aralykda 12 sany perde çekilen. Panduri tenoryň düzülişi: «a»-«d»-«g», diapazony «b»-«g». *Şerman Darçinaşwili* panduri saz guralyny ýasaýan belli ussalaryň biridir.

**Çonguri** saz guraly panduri bilen deňeşdireniňde, gurluş we ses tarapdan has kämildir. Saz guralda 4 sany kiriş bar, «*zili*» diýlip atlandyrylýan dördünji kiriş galanlardan 1/3 esse gysga. Öňler çonguride atyň gylyndan ýasalan kirişler ulanylýan eken, häzirki wagtda olary ýüpekden ýasaýarlar. Saz guralyň uzynlygy 978–1156 *mm*. Çonguride perde bölünişigi ýok. Bu saz guralda dürli tonallyklary almak bolýar, emma sazlar başdan aýak bir tonallykda ýerine ýetirilýär.

Çonguri panduriden diňe göwrümi we kirişleriň sany bilen däl-de, ýerine ýetiriliş usullary boýunça hem tapawutlanýar. Onuň kakuwlarynda barmaklar ýokardan aşaklygyna kakylýar (panduride – aşakdan ýokaryk). Gurallaryň ikisi hem, esasan, aýdymlaryň akkompanimentinde ýerine ýetirilýär. Alymlaryň arasynda çonguri panduriden emele gelýär diýen çaklama bar.



**Çonguri**

Öňler bu saz gural ähli öýlerde bolupdyr, bolmadyk ýagdaýynda, panduri satyn alnyp, sowgat berlipdir. Gowy ýasalan saz guralyň ýerine bir goýun berilýän eken. Öýde panduri (çonguri) iň görnükli ýerde asylyp goýlupdyr. Onsuz toý, halk dabarasy ýa-da dini baýramçylyklar geçirilmändir. Bu saz gurallar şatlygyň, bagtyň nyşanydyr.

Gruzin ertekilerinde esasy gahrymanlar hökmünde, köplenç, daýhan çykyş edýär. Ertekileriň köpüsinde ahlak taýdan ýokary derejeli, zähmetsöýer, çydamly, sahy, jomart gahryman gatnaşýar. Işçileriň arasyndan çykan, ertekileriň esasy gahrymany adalatsyzlyga, gysgançlyga, nebsewürlige garşy durýar. Ertekilerde halkyň parasatlylygy, uly täsir ediş tejribesi ýüze çykýar.

*Amiran* – halkyň bagty üçin azap çekýän, gruzinleriň söýgüli milli gahrymanydyr. Biziň eýýamymyzdan III asyr öň, grek awtorlarynda Amiran barada rowaýatlar bellidi. *Amiran barada epos* – gruzin folklorynyň nusgawy ýadygärligidir. Epiki ýerine ýetirijiler uly söýgi bilen gahrymanyň şekilini döredýärler. Häzirki wagtda Amiran barada rowaýatlarynyň ýa-da gysgaldyp aýdanyňda, «*Amiranini*» eposynyň dürli wariantlary belli; eposyň sýužeti köpsanly üýtgeşmelere sezewar boldy. Diňe XX asyrda onuň 95 sany görnüşi hasaba alyndy.

Amiraniniden soň gruzin eposynda esasy orun «*Eteriani*» eseri eýeleýär. X asyrdan öň dörän *Abesalom* we *Eteriniň* söýgüsi ba-

rasyndaky gynançly taryhyny soňra *Şota Rustaweli* özüniň «Gaplaň derisindäki pälwan» atly ajaýyp poemasynda beýan edipdir.

Epiki döredijiliginde esasy orun zähmet temasy tutýar. Daýhanlardan başga halk eserlerinde, hrustaldan ýasalan köşklerde «*mzetunahawi*» diýlip atlandyrylýan gözel gyzlar zähmet çekýärler. *Amiran* we onuň doganlary awçylyk bilen meşgullanýarlar. Asman köşkde ýaşaýan *Kamar* öý hojalyk işleri bilen meşgul bolýar («Amiran»). Eteri meýdanda sygyr bakýar («Abesalom we Eteri»), daýhan gyzyny şazada diňe ol hünär öwrenensoň berjekdigini aýdýar, bu hünär hem ony ölümden halas edýär. Ertekilerde dürli hünärli adamlar gatnaşýarlar: daýhanlar, çopanlar, agaç ussalar, neçjarlar, jaý salyjy işçiler, dokmaçylar, demirçiler, ädikçiler, tikinçiler we başgalar. Olar diňe halka hyzmat etmän, sungatyň ýokary derejeli eserlerini hem döredýärler.

?

**Soraglar we ýumuşlar**

**1.** Gruzin halkynyň folklor žanrlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?
**2.** Halk aýdymlar haýsy alamatlar esasynda toparlara bölünýär?
**3.** Köp sesli aýdymlar barada gürrüň beriň.
**4.** Mestwire, mutripler, mgosanlar kimler?
**5.** Gruzin halk saz gurallaryny häsiýetlendiriň.
**6.** Çonguri we panduri saz gurallarynyň arasynda nähili tapawut bar?
**7.** Gruzin halkynyň epiki döredijiligini häsiýetlendiriň.

## 4. Abhazlaryň saz medeniýeti

Abhaz halkynyň sazlary köp seslidir. Abhazlaryň 2–3 sesli aýdymlary özboluşlydyr. Aýdymlaryň köpüsi gurluş babatda özleriniň gadymylygyny subutlandyrýarlar. Bu žanrlara *dini, awçy* we *zähmet* aýdymlary degişlidir.

*Awda* ýerine ýetirilýän aýdymlar iň gadymy gahrymançylyk žanra degişlidir. Bu aýdymlaryň mazmunynda esasy orun *Ajweýpşaa* we *Aýerg* atly, tokaýyň we awçylygyň hudaýlary tutýar. Awuň üstünlikli geçmegine, haýwanlaryň hereketini suratlandyrýan totem tanslary ýerine ýetirilerdi. Olaryň içinde «*Aýynyň tansy*» has gadymydyr.



**Abhaz tanslary**

Gurakçylyk ýyllarda ýaş oglanlar we gyzlar derýanyň ýanyna baryp, atyň üstüne *Dziiuou* atly gurjagy mündürip, soňra ony derýanyň akymyna ugradýar ekenler. *Dziiuou* – suwuň hudaýydyr. Bu hereketler bilen adamlar hudaýdan ýagyş diläpdirler. Şeýle-de halk aýdymlarynyň üsti bilen gadymy adamlar öz kesellerini bejeripdirler.

*Däp-dessur* žanrlaryna ilki bilen toý aýdymlary girýär. Olar iki topara bölünýär. Birinji bölümde deklamasiýa häsiýetli dabaraly ýöriş ýerine ýetirilýär, soňra – ýiti ritmli joşgunly saz. Abhaz toýunyň iň dartgynly pursady – gelniň adamsynyň öýüne girmegidir. Şonda toýuň esasy dabarasy başlanýar we «Toý tanslary» ýerine ýetirilýär. Abhazlaryň *toýy* birnäçe günüň dowamynda geçirilýär. Däp boýunça toý aýdymlardan, tanslardan, at göreşlerden we nyşana gönükdirilen atyşyklardan düzülen birnäçe sahnalary öz içine alýar. «*Uauredada*» (ýa-da «*Radeda*») toý aýdymynyň manysy özboluşlydyr, ol täze gelniň oglanyň öýüne girýän wagtynda ýerine ýetirilipdir. Bu aýdymyň mazmuny, ýaş juwanlaryň mukaddes gylyçlaryň aşagyndan geçilýän pursadynda aýdylýan sözler bilen bilelikde, ýaşlary belalardan goramak ýaly alkyş sözleri özünde jemleýär.

Abhazlaryň durmuşy olaryň hereketler bilen bezelen, köpçülik bolup aýdylýan aýdymlarynda beýan edilendir. «*Şaratyn*», «*Aýbarkra*», «*Auaraşýa*» aýdymlaryň gelip çykyşy Güni görkezýän hudaýy bilen baglanyşyklydyr. Abhazlarda köpçülik bolup barmaklarda söweşijileriň arasynda ýerine ýetirilýän halk tanslar ýörgünlidir. Romen Rollan bu tanslary şeýle şekillendirýär: «Giň köýnekleri bilinde dartyp guşalan, gylyçly, ýumşak, ökjesiz ädikli, uzyn, ýokarlygyna giňeldilen telpekli ýaş abhazlar özleriniň ajaýyp joşgunly tanslaryny ýerine ýetiripdirler. Aýdymçylar horowoda durdular. Oba tüýdügi, barabany we adamlaryň çapaklary bu tanslaryň dartgynlygyny has hem güýçlendirýärdiler».

Abhazlaryň saz folklorynda «*Auou*», «*Azar*», «*Dziuou*», «*Atsunuh*», «*Atlarçopa*» ýaly gadymy relikt aýdymlar hem bar. Olaryň

gurluşy arhaik häsiýetlidir. Özüniň ýerleşmegi we tebigaty bilen Abhaziýa gadymy döwürlerden köpsanly basypalyjylaryň ünsüni özüne çekýärdi. Grekler, rimliler, wizatiýler, araplar, türkler bilen yzy üzülmedik söweşleri abhazlaryň pikirlenişinde watançylyk duýgularynyň berkidilmegine getiripdir. Şeýlelikde, halkda «*afyrhatsa*» diýlip atlandyrylýan, iň gowy häsiýetleri özünde jemleýän gahrymanlaryň gahrymany döredilipdir.

Abhazlaryň saz folklorynda *liriki žanrlar* aýratyn orun tutýarlar. Halkyň arasynda iki sany belli aýdymçylaryň bäsleşikleri ýörgünli bolupdyr. Abhazlaryň *tanslary* hem däp-dessur žanrlara girýär. Häzirki zaman tanslarynyň arasynda erkekler, aýal-gyzlar, şeýle-de iki toparyň bilelikde ýerine ýetirilýän görnüşleri bar. Olar, köplenç, garmonikanyň we barabanyň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär. Tanslar hökmany suratda hereketlere laýyk gelýän çapak çapmagy we joşgunly ses gykylyklary bilen doldurylýar. «Nanynkära» diýen degişme aýdymyň žanry hem tans hereketleri bilen ýerine ýetirilýär.[14]

Abhaz halkynyň arasynda *aýumaa* (üçburçly arfa), *ahymaa* (tsitra görnüşli saz gural), *aphýartsa* (iki kirişli kemençeli saz gural), *açarpan* (fleýta görnüşli) ýaly saz gurallar giňişleýin ýaýran. Olary *üflenip çalynýan, kirişli çirtilip* çalynýan we *kemençeli* toparlara bölmek bolýar. Halk saz gurallary aýdymlara sazandarlyk edip we özboluşly instrumental sazlarda hem peýdalanýarlar.

**Aphýartsa** – iň ýörgünli saz gurallaryň biridir. Bu uzyn iki kirişli saz guralyň sapy we köwlen kädisi bir agaçdan ýasalýar, gapagy – arçadan. Onda birnäçe ses berýän deşikler bar. Kädiniň yzky tarapynda, sapy bilen baglaşýan ýerinde kemençäni saklamak üçin ýörite deşigi bar. Kirişler içegeden edilýär, eşegi uly. Atyň gylyndan ýasalan kemençe göni, çalmazdan öň onuň üstüni smola bilen çalýarlar. Aphýartsada oturyp, saz guraly dyzyň arasynda goýup çalýarlar. Bu saz guralyň sazandarlyk etmeginde, köplenç, taryhy-gahrymançylyk aýdymlar ýerine ýetirilip-



**Aphýartsa**

[14] *Хашба М. М.* Жанры абхазской народной песни. – Сухуми, 1983.

dir. Öňler her goşunda ýörite *aphýartsaçylar* bolup, söweş wagtynda olar goşunyň öňünde ýöräp, aýdymlary aýdýar ekenler. «Aphýartsa» sözi hem «öňe gitmäge ymtylýan» manyny berýär. Abhazlar bu saz guralyň sesini keselden bejerýän serişde hökmünde hem ulanypdyrlar.

Halkyň taryhyny we häsiýetini beýan edýän gahrymançylyk eposy abhaz saz folklorynda aýratyn orunda durýar. *Epiki aýdymlar* birnäçe jümlelerden hem-de gahrymanlaryň atlaryndan düzülen gaýtalanýan refrenden ybaratdyr. Bu aýdymlaryň iň owadanlary *Kähba Hajarat, Pşkäç-Ipa Mançe, Smys Gudis* ýaly gahrymanlara bagyşlanandyr. *Nartlaryň eposy* – gahrymançylyk eposynyň iň irki arhaik nusgasydyr. Ol asyrlaryň dowamynda döredilen abhazlaryň taryhyny özboluşly beýan edýär. Onuň esasy gahrymany – halky üçin göreşýän nart *Sasrykwa*. Eposda gahrymanyň we onuň 99 doganlarynyň edermenligi suratlandyrylýar. Eser özünde kyssa we goşgy bölümleri jemleýär. Aýratyn parçalar *aphýarsanyň* sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär. Halkda bu aýdymlar *nartlaryň heňleri* diýlip atlandyrylýar.

Ondan başga-da abhazlarda *Abrskil* (Prometeýe ýakyn), *Pşkäç-ipa Mançe, Danakaýe Aşuba, Inapha Kägua, Mustafa Çolokua, Kudj Kapyt, Hadjarat Kähba* ýaly epiki gahrymanlar ýörgünlidir. *Mahadjir* toplumyň aýdymlary we rowaýatlary gahrymançylyk žanra degişlidir.

Abhazlaryň halk aýdymlaryny ýygnamak ugrundaky işleri 1925-nji ýyldan geçirilip başlandy. Birinji saz-etnografik ekspedisiýasyny saz folkloryň belli öwreniji *K. Dzidzariýa* we kompozitor *K. Kowaç* gurupdyrlar. Bu işiň netijesinde «101 sany abhaz halk aýdymy» we «Kodor abhazlaryň aýdymlary» ýaly ýygyndylar döräpdir. Saz folklory hem ylmy tarapdan öwrenilýär: 1976-njy ýylda Inna Haşbanyň «Abhazlaryň halk saz gurallary» diýen monografiýasy, 1988-nji ýylda W. Aşbua we I. Şambanyň halk aýdymlaryň ýygyndylary çap edilipdir. Abhazlaryň döwlet aýdym we tans ansambly, döwlet tans ansambly «*Şaratyn*», etnografiki ansambl «*Nartaa*», halk saz gurallaryň ansambly «*Gunda*» uly meşhurlyga eýedirler. Halk döredijiliginiň esasynda *A. Çiçba, R. Gumba, M. Berikaşwili, W. Çka-*

*dua, L. Çepelýanskiý, K. Çengeliýa, P. Petrow, T. Adjapua, I. Lakerbaý, I. Kortua* ýaly kompozitorlar özleriniň meşhur eserlerini döredipdirler.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Azerbaýjan halkynyň haýsy folklor žanrlaryny bilýärsiňiz?
**2.** Awçylyk we däp-dessur žanrlaryny häsiýetlendiriň.
**3.** Arhaik aýdymlardan haýsylaryny bilýärsiňiz?
**4.** Liriki žanra haýsy aýdymlar girýär?
**5.** Abhazlaryň saz gurallary barada gürrüň beriň.
**6.** «Aphýartsa» diýmek näme?
**7.** Nartlaryň eposyny häsiýetlendiriň.

## 5. Osetinleriň, çeçenleriň we inguşlaryň saz medeniýeti

Osetinleriň halk saz döredijiligine folklor aýdymlary, epiki eserleri we instrumental sazlary degişlidir. Halk žanrlaryna hüwdi, zähmet, liriki, taryhy-gahrymançylyk we däp-dessur aýdymlary girýär. Däp-dessur aýdymlary toý, awçylyk we tebipçilyk žanrlaryna bölünýärler. Bu aýdymlary, köplenç, erkekleriň hory ýerine ýetirýär: bir aýdymçy esasy heňi aýdyp başlaýar, galan sesler iki ýa-da üç seslilikde bu heňi jemleýärler. Ýekelikde iki sany aýdymçy gezekleşip aýdyp biler. Erkekler bilen tapawutlylykda, aýallaryň aýdymlary ýeke sesde (unisonda) aýdylýar.

Halkyň arasynda «Narty» eposy örän ýörgünlidir. Onuň balladada görnüşli kyssa we aýdym bölümlerini (umumy ady **kadag**) ýerine ýetiriji kirişli **dyuadastanon** ýa-da kemençeli **kisyn-fandyr** atly saz guralynyň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirýär.

Osetinleriň sazy diatonika häsiýetlidir, aýdymlarda lad çalyşma usuly köp gabat gelýär. Heňleriň diapazony kwartadan undesima çenlidir. Käbir taryhy-gahrymançylyk aýdymlarda heňiň hereketi has ösdürilen we zähmet, degişme, hüwdi we liriki folklor nusgalardan tapawutlylykda, olaryň ösüşi äheň waryirleme usulyna esaslanan. Osetinleriň aýdym-sazlary ritm taýdan çylşyrymlydyr. Olara iki we

üç ülüşli ritmler bilen bilelikde, bäş we ýedi ülüşli ritmler mahsusdyr. Şeýle-de sinkopalar we triollar köp ulanylýar.




Osetinleriň instrumental sazyna **Simd** (köpçülikleýin ýerine ýetirilýän), **honga-kaft** (iki-ikiden ýerine ýetirilýän haýal tans), **gogyzy kaft** (iki-ikiden ýerine ýetirilýän degişme tansy), **rog kaft, ýerysy kaft** (erkekleriň tanslary) ýaly žanrlar degişlidir. Olaryň atlary dörän sebitleri bilen baglydyr. Instrumental sazlary ritmikasynyň durnuklylygy bilen tapawutlanýar, olarda, köplenç, 2/4 ýa-da 6/8 ölçegler, şeýle-de sinkopalar, triollar köp peýdalanylýar. Osetin halk sazynyň ösüşi üçin ritm taýdan üýtgedilen gaýtalamalar, sekwensiýa usullar häsiýetlidir.

Milli saz gurallaryna **dyuadastanon** (iki kirişli arfa), **dala-fandyr** (iki ýa-da üç kirişli çirtilip çalynýan saz gural), **kisyn-fandyr** (2–3 kirişli skripka), **kyrnag-fandyr** (iki dekaly, wiolonçel görnüşli saz gural), **uandyz** (swirel), **kazyn-uandyz** (gamyşly fleýta), **lalym-uandyz** (wolynka), **fidiuag** (buýnuz görnüşli saz gural), **kartsganag** (tresçetkalar), **gumsag** (baraban), **dala** (buben), şeýle-de **iron-kandzal-fandyr** diýlip atlandyrylýan diatoniki we hromatiki garmonikalar girýär. Milli saz gurallarynyň arhaik we dikeldilen görnüşleri ýekelikde, ansaml we orkestr toparlarynda ulanylýar. Halk arasynda **Bibo Dzugutow, Inaldyko Kallagow, Dabeg Gatuýew, Zaurbek Tulaýew, Hasako Dzampaýew, Gaha Slanow, Kaýsyn Merdenow, Batçeri Kargiýew, Wano Guriýew, Ilar Hugaýew** ýaly aýdymçy-sazandalar we epiki ýerine ýetirijileri belli.

Fleýta görnüşli saz gurallarynyň gelip çykyşy gadymyýete degişlidir. Olaryň ilkinji nusgalary eýýäm paleolit zamanasynda döräpdir. Şumer, Wawilon, Palestina, Hytaý we Müsürde tapylan, b.e. öň III müňýyllyga degişli ýadygärliklerde fleýta görnüşli saz gurallarynyň şekilleri ýüze çykdy. Köp halklarda bu saz gurallar «çopanlaryň» gurallary diýlip hasap edilýär, olaryň atlary bolsa çopanlaryň durmuşy bilen baglanyşyklydyr. Käbir alymlar (H. S. Kuşnarýow, K. W. Kowaç) çopan sazlarynda sürä niýetlenen (suwa ýakmak, öýe gaýtmak) äheňlerini kesgitleýärler.

**Uandyz** atlandyrylýan fleýta görnüşli saz gural milli matallardyr ýaňaltmaçlarda, halk pähimlerinde, şeýle-de «Nartlar baradaky rowaýatlarda» köp duş gelýär. Eposda saz gurallara, aýdymlara we tanslara aýratyn orun berlen. Saz bilen Nartlaryň esasy gahrymanlary – **Uryzmag, Soslan, Batradz, Syrdon, Atsamaz** (osetin mifologiýasynyň Orfeýi) ýakyn baglanyşyklydyr. Swirel çalýan Atsamaz gahrymanyň sazy Günüň güýjüni eýeläp, tebigaty oýandyrýar we dünýä ýagtylyk, durmuş we bagt çaýýar. Batyrgaýlyk we aýdymlara, saza, tanslara aýratyn ýakynlyk gahrymanlary häsiýetlendirýän alamat bolup durýar. Gylyç we fandyr (kirişli saz gural) – nartlaryň goşa nyşanydyr.

Osetinleriň toý-dabaralaryny aýdym-sazsyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Aýdymçy sazandalar öz aýdymlarynda halkyň gahrymanlaryny wasp edýärler. Bu aýdymlarda azatlyk söýýän, dagda ýaşaýan halka mynasyp bolan häsiýetler: adalatsyzlyga närazylyk, gahrymançylyk, öz şahsy mertebäňi saklamak duýgulary eýeleýär. Eposyň aýdymlary kesgitli äheňlere sanalyp, 5–6 sany goşgulardan düzülen saz kompozisiýany döredýärler. Her kompozisiýanyň öňünden we soňunda aýdymçy fandyrada instrumental girişleri we interlýudiýalary çalýar, aýdymyň dowamynda bolsa kwarta we kwinta ses aralygyny berýän iki sany ostinatoly ses gezekleşip saklanylýar. Fandyr saz guralynyň terbiýeçi-



**Osetinleriň toýy**

lik roly uludyr, ol osetinleriň jemgyýetini diňe baýramçylykda däl-de, her günki durmuşda birleşdirýärdi.

**Çeçenleriň** agzeki halk döredijiligine **folklor aýdymlar, ertekiler, rowaýatlar, taryhy-gahrymançylyk eserler** girýär. Tans sungaty çeçenlerde aýratyn orun eýeleýär. Dag sebitlerde ýaşaýjylar tans hereketlerine ýaşlykdan gatnaşýar ekenler. Dürli dabaralarda ritm boýunça çylşyrymly *«Urus-Martan», «Şalyly», «Nazran»* ýaly tanslar ýerine ýetirilýär ekenler.



**Pondar**

XVI–XVIII asyrlarda çeçenleriň (*waýnahlaryň*) jemgyýeti *patriarhal* gatnaşyklary eýeleýär. Bir kökden gelýän maşgalalar obalary tutup, ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar. Olar «*tukhum*» ýa-da «*taýp*» diýlip atlandyrylypdyr. Birnäçe tukhum *jamaat* (jemgyýet) döredipdir. Gadymy döwürlerden çeçenlerde myhmansöýerlik we *konakçylyk* däpleri ösdürilipdir. Dürli taýpalaryň we halklaryň wekilleri konaklaşyp, öz dostlugyny we garyndaşlyk gatnaşyklaryny nesilden-nesle saklapdyrlar.

Wagty kesgitlemek üçin çeçenler aý, ýyldyzlar we gün senenamalary ulanypdyrlar. Ýyldyzlar boýunça dünýäniň taraplaryny, ýyl pasyllaryny we günüň wagtyny kesgitläpdirler, asmana we güne görä aýyň gününi hasaplapdyrlar. Bu senenamalara esaslanyp, tebigat bilen baglanyşykly hojalyk işlerini tertipleşdiripdirler. Halkyň arasynda bu däp bolan ýyl we gün hasabatlary XIX asyra çenli saklanylypdyr.

Sene däpleri we halk baýramçylyklary bütin ýylyň dowamynda duş gelýär. Her paslyň däpleriniň öz wezipeleri we aýratynlyklary bolupdyr. Mysal üçin, gyş sene baýramçylyklarda täze hojalyk ýyla taýýarlyk ýüze çykýar. Üç günläp dowam edýän täze ýyl baýramçylygynda geljekki ýylyň howasyna, hasyl ýagdaýyna we maşgala hadysalaryna degişli pal atmalar geçirilýär. Şeýle-de bu günler dürli bäsleşikler, at çapyşyklar we aýdym-sazly çäreler geçirilipdir.

Ýaz pasly hem köp sanly däpleri we baýramçylyklary öz içine alýar. Halkyň pikirine görä, bahar baýramçylyklarynda geçirilýän

däp-dessurlar hasylyň baý bolmagyna we malyň köpelmegine täsir edipdir. Bu baýramçylyklaryň arasynda esasylaryň biri – ýazda gije-jündiziň deňleşmegi we «plugy çykarmak» (*gota ýodude*) däpleridir. Şeýle-de çeçenler *Tuloşi* (ýazyň, hasylyň hudaýy) we *Sely* (ýyldyrymyň) hudaýlaryna bagyşlanan baýramçylyklaryny dabaraly geçiripdirler. Olaryň ikisi hem halkyň daýhançylyk ugurlaryny aýan edip, XIX asyra çenli saklanypdyr.



Tomus paslynda gije-gündiziň deňleşmegi, hasylyň ýygnalyp başlanmagy we işleriň üstünlikli tamamlanmagy bilen baglanyşykly däpler geçirilipdir. Tomus we güýz döwürlerde güni we ýagşy dilemek däpleri aýratyn orunda durýar.

Ýagyş dilenýän däbi çeçenleriň iň gadymy folklor žanrlaryna degişlidir. Ol «*kýarşkýuli*» diýlip atlandyrylýar. Ony ýerine ýetirmek üçin, adama agaç şahalardan ýasalan haltany geýdirip, ony ýagyş dileýän däp aýdymy bilen obanyň öýlerine aýlapdyrlar. Bu dessuryň dürli görnüşleri bolupdyr. Ýerine ýetirijiler ýörite däp aýdymy ýerine ýetirip, ýagşyň ýagmagyny, hasylyň, maşgalanyň baý bolmagyny diläpdirler. Her obada aýdymyň dürli aýdylyşy bolupdyr.

Yslamyň ýaýramagy bilen ýagyş we gün dileýän däpler uly üýtgemelere sezewar bolupdyrlar. Köp hudaýlaryň atlary ulanyşdan çykypdyr, baýramçylyklaryň manysy we ýerine ýetirijilik pursatlary üýtgedilipdir.

Çeçen halkynyň saz döredijiligini diatoniki sklad, kwarta-kwintaly we sekundaly sazlaşyklar, hor we instrumental sazlaryň 2–3 sesli-

ligi häsiýetlendirýär. Hromatiki sesler we ulaldylan sekundalar çeçen sazlarynda ýokdur.

Heňler, has hem tans žanrlar (*lezginka*) ritm taýdan ýiti. Ölçegiň häli-şindi çalşyp durmagy we sazda triollaryň anyk ritm bölünişigi bilen gezekleşmegi mahsus. Halk heňler žanrlaryň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Reçitatiw görnüşde düzülen *Illi* (*Illeş*) atly epiki-gahrymançylyk aýdymlary erkekler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Erkekleriň 2–3 sesli hor aýdymlaryna *Nazma*, liriki aýal-gyzlaryň aýdymlaryna *Eşarh, Halharan* degişlidir. Olaryň dürli welaýatlarda köpsanly ýerli wariantlary bardyr. *Laduga* ýiş žanry instrumental sazlara degişlidir.

Halk saz gurallardan çeçenlerde *degiç-pondur* (kirişli çirtilip çalynýan), *atuh-pondur* (kemençeli), üflenip çalynýanlardan *şedag* (tüýdük), *zurna, maa* (malyň şahasyndan ýasalýan), kakylyp çalynýanlardan *wota* (iki taraply baraban), *žirgia* (dep), *tsuzam* (gazyň ýeleginden ýasalýar) hem-de *gündogar garmonika* giňden ýaýrandyr.

XVII asyrda dörän gahrymançylyk aýdymlary halkyň basypalyjylara garşy bolan söweşlerini suratlandyrýar. 1952-nji ýylda meşhur rus ýazyjy L. N. Tolstoý öz dostlaryndan (Balty Isaýew we Sado Misirbiýew) iki sany çeçen aýdymyny goşgulary bilen ýazyp aldy: «Gehin Gamzat barada aýdym» we «Ýer». Ol «Daglarda ýaşaýanlaryň rowaýatlary – bu özboluşly şygyr hazynasy» diýip belläpdir. Soňra bu aýdymlary L. Tolstoý özüniň «Hajymyrat» powestinde ulanypdyr.

**Inguşlaryň** sazy çeçenlere ýakyndyr. Inguşlaryň saz folklorynyň žanrlary üç topara bölünýär: instrumental sazlar, tanslar we marşlar hem-de wokal sazlar (illi, aşaraş, ýiş, aga illi). **Illi** – gahrymançylyk we harby mazmunly epik aýdymlardyr. Bu žanry ýerine ýetirijiler **illança, illialarho** ýa-da **aşarho** diýlip atlandyrylýar. Aýdym, köplenç, saz guralyň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär. **Aşaraş** – bellibir tekstlere sanalýan aýdymlar, ýiş – toý başynda aýdylýan gutlag aýdymlar, **aga illi** – improwizirlenýän hüwdi aýdymlary.

Inguşlaryň milli saz gurallaryna **dahçan-pondar** ýa-da **mýrza-pondar** (3 kirişli çirtilip çalynýan), **atyh-pondar** (3 kirişli kemençeli), **kumuh** (garmonika), **gawal** (baraban) we **žirgia, tep** (buben) ýaly görnüşler girýär.

**Kabardinleriň** we **balkarlaryň** sazy çylşyrymly ritm we lad esaslaryna daýanýar. Bu halklaryň ýörgünli saz gurallaryna kirişli saz gurallaryň (**şyke-pşine, žiýa-kobuz (kemençeli), pşine-dykuakue, kyngyr-kobuz (arfa görnüşli), ape-pşine, kyl-kobuz** (çirtilip çalynýan), üflenip çalynýan saz gurallaryň **(nakyre, syryna (zurna görnüşli), bžemiý, sybyzgy (fleýta görnüşli**) we kakylyp çalynýan saz gurallaryň **(phaçyç, kars (hlopuşka), baraban; dillije saz gurallary – pşine, diatonik garmonika)** toparlary degişlidir.

Kabardin-balkarlaryň tans sungaty hem örän baýdyr. Olaryň halk arasynda **týuz-tepseý tansy, týogerek-tepseu, abzeh** ýaly tanslary ýörgünlidir. **Sultan-Bek Abaýew, Käzim Meçiýew, Bekmürze Paçaýew, Kilçuka Sižažew** ýaly halk sazandalary we epiki ýerine ýetirijileri uly meşhurlyga eýe bolupdyrlar.



**?**

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Osetinleriň instrumental sazyny häsiýetlendiriň.
**2.** Çeçen halkynyň agzeki halk döredijiligine haýsy žanrlar degişli?
**3.** Halk dabaralarda ýerine ýetirilýän tanslardan haýsylaryny bilýärsiňiz?
**4.** «Tukhum», «taýp» we «jamaat» diýmek näme?
**5.** Çeçenleriň aý, gün we ýyldyz senenamalary barada gürrüň beriň.
**6.** Dürli ýyl pasyllarynda haýsy žanrlar ýerine ýetirilýär?
**7.** Inguşlaryň saz gurallary barada gürrüň beriň.
**8.** Kabardin-balkarlaryň saz sungatyny häsiýetlendiriň.

# IV Hindileriň saz medeniýeti

Hindi nusgawy saz sungaty özünde gadymy däplerini jemleýär. Önuň kökleri *Wedalar* (b.e.öň II a.) bilen baglanyşyklydyr. Biziň eýýamymyzyň başlarynda döredilen teatr, saz we tans baradaky «*Natýa-şastra*» taglymatynda, hindilerde eýýäm şol döwürde ýokary derejeli ösen saz sungatynyň bardygy görünýär. Şeýle-de bu çeşmede sazyň tans we drama ugurlary bilen baglanyşygynyň bardygy ýüze çykarylýar.

Hindileriň nusgawy sazynda ilkinji orna *monofoniýa* çykýar: ýekelikde we ansambl ýerine ýetirilişde esasy heň kesgitli burdon sesleri bilen gurulýar. Heň gurluşlar *raga* diýlip atlandyrylýar, ritm gurluşlar – *tala*.

**Raga** – nusgawy sazda däbiň çäginde berkidilen lad-ritmik gurluşdyr. Ýewropa dil serişdeleri bilen olar «*heň*» manyda düşündirilýär. Raganyň ýerine ýetirilmeginde esasy heň improwizasiýa usulda äheň taýdan ösdürilýär. Emma raga diňe heň däl-de, özboluşly çuňňur manyly saz-şygyr toplumydyr. Şeýlelikde, *Raga-wasanta* bahar paslyny aňladýar, *Raga-Kamala* – lotos, *Raga-megha* – ýagyn getirýän bulut, *Raga-şanti* – rahatlyk, *Raga-şringara* – söýgi, *Raga-hasýa* – şatlyk we ş.m. Olaryň hersiniň ýerine ýetirilişi günüň belli wagtyna niýetlenen.

Nusgawy hindi sazynyň ses hatary günbatar sazlara mahsus bolan 12 ýarym tonlardan ybarat bolan oktawadan üýtgeşikdir. Hindileriň oktawasy 22 sany *şrutilere* (mikrohromatiki basgançaklara) bölünýär. Her ragada umumy toplumdan ýedi sany esasy basgançak saýlanylýar:

***sa ri ga ma pa dha ni***

Bu basgançaklar bir-birinden birnäçe şruti aralykda ýerleşýär. Şonuň üçin her basgançagyň birnäçe beýiklik derejeleri bar. Saz gural düzülende, adamyň sesi hem peýdalanylyp bilner.

XIII asyrdan başlap hindileriň nusgawy saz sungaty iki sany esasy ugurlara bölünýär:

**1.** *Hindustani* – öz köklerini Demirgazyk Hindistandan alýan we

**2.** *Karnataka* – köklerini günorta Hindistandan alyp gaýdýan.

**Hindustani** sazynda ritm esasy hereket edýär. Bu saz däplerinde hindi sazynyň nyşany bolan **tabla** atly goşa baraban we **tanpura** köp ulanylýar. Tanpura kesgitli ragalarda peýdalanylyp, olara ritmik burdon berýär. Adat boýunça, tampurada ussanyň şägirdi çalýar. Hindustani sazlarynyň mazmuny – romantiki söýgi, tebigatyň gözelligine waspnama, *Rama, Krişna, Hudaýa* baglanyşykly dini äheňler. Ragalarda ulanylýan goşgular kesgitli esere berkidilen däldir.

Raga, *alap* formada düzülen temanyň haýal girişinden başlanýar. Alap, solistiň islegine görä, 30–40 minutyň dowamynda ýerine ýetirilýär. Ondan soň, *drut* ýa-da *džor* diýlip atlandyrylýan raganyň esasy bölümi başlanýar. Bu ýerde ritm çaltlaşdyrylýar, heň bolsa melizmler bilen baýlaşdyrylýar. Üçünji bölüm tala diýlip atlandyrylýar, bu ýerde *tabla* saz guraly hem goşulýar.

Hindustani sazyna häsiýetli saz gurallary: *sitar, sarod, tanpura, bansuri, şenaý, sarangi we tabla*. XIII–XIV asyrlarda döräp, *beýik mogollaryň* höküm süren döwründe kämil derejä ýeten hindustani sazynda parslaryň ähmiýeti duýulýar. Bu saz däpleri diňe Hindistanda däl-de, Päkistan we Bangladeş ýurtlarynda hem ýaýran.

**Karnataka** däplerinde sazyň, adamyň içki we daşky dünýäsine edýän täsiri ilkinji orna çykýar. Nusgawy hindi sazynyň tilsimleri ýekelikde we agzeki usulda öwredilýär. Ýazuwyň döredilmegi bilen agzeki däpleriniň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary üýtgemedi. Emma ses ýazgylaryny döredýän serişdeler bu ugra özboluşly ähmiýet berdi. Günüň bellibir wagtynda ýerine ýetirilýän ragalar indi patefona ýazylyp, ol baradaky düşünjeleri tutuşlugyna üýtgetdi.

Hindistan heniz Garaşsyzlygyny almanka (1947-nji ýyla çenli) sazandalar ähli rajlaryň saraýlarynda bardy. Soňra nusgawy saz däpleri, esasan, induistik hramlaryň töwereginde jemlenipdir. Aýry sazandalara hökümet tarapyndan goldaw berlipdir. 1969-njy ýylda ABŞ-nyň festiwalynda Rawi Şankar çykyş edip, Günbatarda hindi sazlaryna uly gyzyklanma döredipdir.

Karnataka üçin wenu, gottuwadýam, *wina, mridangam, kandžira, ghatam* we *skripka* ýaly saz gurallary häsiýetli.

Hindistanyň çäklerinde saz gurallaryna degişli iň irki maglumatlar Hind derýasynyň boýunda tapyldy we olar biziň eýýamymyzdan öňki 3000-nji ýyla degişlidir. Hindistana saz gurallaryň köpüsi Orta Aziýadan gelen halklar taparyndan getirilýär. Saranginiň, saroda we şenai ýaly käbir lýutnýa görnüşli saz gurallarynyň Hindistanda barha ösýän söwdanyň we demirgazykdan, demirgazyk günbatardan uruş bilen gelinmeginiň üsti bilen ýaýran bolmagy mümkindir.

Saz gurallaryň toparlara bölünişiniň iň gadymysy *Bharata* döwrüne degişlidir (b.e. öňki II asyr). «Wadýa» adalgasy bilen saz gurallarynyň umumy ady tutulýar. «Natýa şastrasynda» taglymatynda hindi saz gurallary dört sany topara bölünýär:

*Tata* – «dartgynly», bu saz gurallarynda ses kirşiň wibrasiýasy netijesinde gazanylýar;

*Awanaddha* – «örtülen», barabanlary we depleri göz öňünde tutýar;

*Ghana* – «dykyz», «bütewi», taýajyklara, çybyjaklara we tarelkalara degişli;

*Suşira* – üflenip çalynýan saz gurallary aňladýar.

**Sitar** (Sitara) – hindileriň nusgawy sazlarynyň ýerine ýetirilmeginde peýdalanylýan köp kirişli saz gural. Orkestriň köp tembrlerini özüne siňdiren bu saz gural kirişli çirtilip çalynýan toparyna degişlidir.

Sitar ýedi esasy (5 sany melodiki we iki sany burdonly) we 9–13 sany *taraf* (orkestr) atly ses berýän (rezonirleýän) kirişleri özünde jemleýär. Rezonirleýän kirişler esasy sesler bilen baglylykda, sitara ony başga saz gurallardan tapawutlandyrýan, özboluşly öwüşgin berýärler. Sesler «*mirzap*» diýlip atlandyrylýan, süýem barmaga dakylýan mediatryň üsti bilen ýaňlandyrylýar.



**Sitar**

«Sitar» adalgasy parslaryň «*setar*» adyndan emele gelýär. Bu saz gural Hindistanda XIII asyrda döräp, ilki täjikleriň üçkirişli setoryna meňzeş bolupdyr («se» – üç, «tar» – kiriş). Emma Hindistanda bu saz guralyň daşky gurluşy üýtgedildi: orta göwrümli rezonator kädiden ýasalan uly rezonatora çalşyldy, ondan başga, ýene-de bir kädiden ýasalan rezonatory

10. Sargyt № 2977

sapyň ujuna asypdyrlar. Saz guralyň gapagyny gyzyl agaçdan we pil süňkünden ýasalan nagyşlar bilen bezäp, içegäniň perdelerini metal simlere çalşypdyrlar. Meşhur sitarçylar: *Rawi Şankar, Anuşka Şankar, Muşaraff Han*.

**Saranji** (Sarangi) – hindileriň lýutnýa görnüşli kirişli kemençeli saz guraly. Hindi däplerine görä, ol *tata-wadýa* toparyna girýär we hindustani sazlarynda ulanylýar. Saranga meňzeş saz gurallar Demirgazyk Hindistanda, Päkistanda we Nepalda belli.

Saz guralyň kädisi agajyň bitin böleginden, ýokarky gapak hamdan ýasalýar. Onda 3–4 sany kwarta we kwinta düzülýän esasy çalynýan hem-de 11–13 sany diatonik zwukorýad boýunça düzülen rezonirleýji kirişleri bar. Olar guralyň boýnundan geçip, gapdalynda gulaklar bilen berkidilýär. Sarangi çalnanda dikligine tutulýar we kemençe bilen ýaňlandyrylýar. Saranginiň diapazony iki oktawa golaýdyr. Bu saz guralda dürli improwizasiýalary çalmak mümkin.

Saranginiň köp sanly görnüşleri bar. Deli şäherinde ýasalýan görnüşi has çylşyrymlydyr, Nepalyň saz guralynda diňe erkekler çalýarlar. Sarangi kybapdaş saz gurallaryna *sarinda, dilbura, rawanahasta (rawanhatha), esraj, çikara, kamaýça* we başgalar degişlidir. Sarangi Hindistandan başga-da Owganystanda, Täjigistanda we Özbegistanda giňden ýaýran.

Sarangi diňe solo konsert saz guraly bolman, ansambllarda hem alypbaryjy rol oýnaýar. Bu saz gural teatr sahnalarda we tanslara sazandarlyk edilmeginde ulanylýar, onuň indomusulman wokal we tans däpleri bilen baglanyşygy şübbesizdir. Ilkibaşda bu saz guralyň ýerine ýetirijilik sungaty *khýal, thumri* atly wokal hem-de *kathak* diýen tans kompozisiýalaryna sazandarlyk etmekliginde döräp, kämillige ýetipdir, şol sebäpli onuň stilinde bu ugurlara ýakyn gelýän tehniki we ekspressiýa alamatlary saklanyldy. Meşhur ýerine ýetirijilerden *Bundu Hanyň* (Päkistan) we *Ram Naraýanyň* (Hindistan) atlary belli. Naraýan sarangini ýokary däpleri eýeleýän saz gurallaryň hataryna ýetiripdir.

**Sarod** – hindileriň nusgawy sazlarynda ulanylýan, lýutnýa kybapdaş, perdesiz, kirişli çiritilip çalynýan saz gural. Hindustanda onuň

ýaýradylyşy sitara deňdir. Simpatik kirişleriň labzyndaky sarodyň ýaňlanyşy çuňňur, mähirli, meditasiýa häsiýetlidir.

Sarodyň gurluşy takyk kesgitli bolman, sazandanyň stiline baglydyr. Köplenç, ol 20–25 kirişli bolup biler, olardan diňe dördüsi ýa-da bäşisi heňi ýaňlandyrmak üçin peýdalanylýar, 1–2 sany *çikari* kiriş ritm saklamak üçin, galan 9–10 – simpatik rezonirleýji kirişlerdir. Ses *jawa* ýa-da *mizrab* diýlip atlandyrylýan plektr bilen ýaňlandyrylýar, ol kokosyň hoz agajyndan ýa-da pil süňkünden ýasalýar.

XX asyrda onuň ýaýramagyna *Maýhar dharana* atly ýerine ýetirijili mekdebini esaslandyryjy *Alladin Khanyň* hyzmaty uludyr. Bu ussat *Rawi Şankar, Akbar Khan* ýaly meşhur sazandalaryň halypasy bolupdyr.

**Esraj** – hindileriň 24 kirişli kemençeli saz guraly. Onuň dyza ýa-da ýere dikeldip çalynýan ýerine ýetirijilik usullary bar. Belli sazandalardan *Şri Çinmanyň* we *Randhir Raýyň* atlaryny tutmak bolýar.



**Esraj**

**Wina** – nusgawy hindi sazynda ulanylýan gadymy plektrli çirtilip çalynýan saz guraly. Lýutnýa kybapdaş bu saz guralyň formasy dürli görnüşli bolup biler:



**Wina**

- *Rudra-wina* (Hindustani sazlarynda peýdalanylýar) – kädiniň ýörite görnüşinden ýasalýan, iki uly rezonatordan (tumbadan) we perdeli sapdan düzülen uly göwrümli saz guraly;
- Saraswati-wina (Karnataki sazlarynda peýdalanylýar) – esasy gaby rezonator hökmünde hyzmat edýär, oňa kädiden ýasalan sapa birikdirilen goşmaça rezonator dakylýar;
- Wiçitra-wina (Hindustani sazlarynda peýdalanylýar) ýa-da çitra-wina (Karnataki sazlarynda peýdalanylýar) – perdesiz iki tumbaly saz gural.

Ulanyşda 24 perdeli görnüş has ýaýran, onda 4 sany *eşekden* geçirilen esasy we 3 sany ritmik akkompanementini berýän, *eşekden* geçirilmedik kirişler bar.

Hindilerde sungatyň howandary *Saraswati* atly aýal hudaýy elinde wina saz guraly bilen şekillendirilýär.

**Rabanastr** – hindileriň 2 kirişli, kemençeli çalynýan saz guraly. Ol hytaýlaryň *Erhu* we mongollaryň *Morin huur* saz gurallaryna kybapdaşdyr. Rabanastryň agaçdan ýasalan silindrik kädisi uly däl. Dekasy (gapagy), köplenç, ýylanyň hamyndan, kirişler ýüpekden ýa-da içegeden ýasalýar.

Rabanastrda oturyp, saz guraly dikligine saklap çalýarlar. Gazaklaryň *Kyl-kobyz* saz guralyndaky çalnyşy ýaly, bu ýerde hem kirişler çep eliň barmaklary bilen gysylyp ýaňlanýar.

**Tambura (tampura, tanpura)** – hindileriň kirişli çirtilip çalynýan saz guraly. Ol raganyň ýerine ýetirilmeginde *burdony* – fon akkompanementini – bermek üçin ulanylýar. Gurluşy we ýaňlanyşy boýunça bu saz gural sitara meňzeş, emma perdesiz, kirişler diňe açyk görnüşde ýaňlanýar.


**Bansuri**

Dört kirişli tamburyň (kirişleriň sany 5 we 6 bolup biler) üç sany kirşi *sura* düzülen – ýokarky oktawanyň «a» sesi, dördünji kirşiň düzülişi bolsa ýerine ýetirilýän raga baglydyr. Aýallar we erkekler tarapyndan ýerine ýetirilýän tamburlaryň göwrümi, sesleriň beýikligi we güýji taýdan tapawutlydyr. Häzirki günlerde elektron tambur hem döredilipdir, ol dürli ragalara dürli tonallyklarda sazandarlyk edýär.

**Bansuri (b'ansri)** – Demirgazyk Hindistanda ýaýran, *kese fleýta* ýakyn üflenip çalynýan saz guraly. Bansuri bambukdan ýasalýar, onda 6–7 sany deşik edilýär. Saz guralyň *kese* we *dikligine* tutulyp çalynýan iki sany görnüşi bardyr. Dikligine çalynýan saz gural çalynýan pursady jürlewük ýaly dodaklary bilen saklanylýar. Bansuriniň ke-

seligine çalynýan görnüşi bolsa hindileriň nusgawy sazlarynda has ýaýran.

Çopanlaryň däpleri hem-de *Krişna* we *Radha* hudaýlaryň taryhy bilen baglanyşykly bolan bu gadymy saz guralyň şekillerini eýýäm biziň eýýamymyzdan 100 ýyl öň döredilen budda žiwopisiň eserlerinde beýan edilen. **Wenu** diýlip atlandyrylýan bansuri, Krişnanyň mukaddes saz guraly hökmünde kabul edilýär. Gadymy miflerde Krişnanyň fleýtada çalynýan heňleriniň aýallara hem-de dürli haýwanlara güýçli täsir edýändigi barada gürrüň berilýär.

Bansurini ýasamak aýratyn sungatdyr. Saz gural bambugyň üýtgeşik görnüşinden ýasalýar. Barmaklar üçin deşikler gyzgyn demir çybyk bilen ýakylyp deşilýär. Soňra bansuri antiseptik ýaglardan garyşdyrylan ergine çümdürilýär, arassalanýar we guradylýar. Onuň ýüzüne owadanlyk üçin hem-de howanyň täsirinden goraýan ýüpekden ýa-da neýlondan ýasalan baglar daňylýar.

Bansuriniň uzynlygy 30 santimetrden (*Murali bansuri*) 120 *sm* (*Şankha bansuri*) çenli bolup biler. 50 santimetrli görnüşler has ýaýrandyr. Guralyň ses düzümi onuň uzynlygyna we galyňlygyna bagly – bansuri näçe uzyn bolsa, onda şonça-da aşaky sesleri ýaňlandyryp bolýar. Saz guralyň tonallygy «*Ca*» sura düzülýär. Çalnan pursadynda deşikleri ýapmak üçin süýem, ortaky we atsyz barmaklar ulanylýar, deşigiň sany ýedi bolanda bir eliň külembike barmagy hem goşulýar.

Hindileriň nusgawy sazynda bansuri, köplenç, *tampur* we *tabla* saz gurallarynyň sazandarlyk etmeginde ulanylýar. Demirgazyk hindileriň bansuri saz guraly akompanement hökmünde hem ulanylýar. Ony hindi kinolarynyň sazlarynda-da eşitmek bolýar. Bansurini halk saz gurallaryndan nusgawy derejesine ýetiren meşhur ussalaryň biri *Pannalal Ghoş* (1911–1960). Ýerine ýetirijilikde ol deşikleri diňe barmaklaryň ujy bilen ýapýar. Bu sazandadan tapawutlylykda, *Hariprasada Çaurasiýa* saz guralyň deşiklerini tekiz barmaklary bilen ýapyp, ýerine ýetirijiligiň täze usulyny döredipdir. Deşikler doly ýapylmadyk ýagdaýynda bemol we diýez sesleri alynýar.

Meşhur sazandalara *Pannalal Ghoş, Hariprasada Çaurasiýa, Wijaý Raghaw Rao, Dewendra Murdeşwar, Raghunath Set* we başgalar degişlidir.



**Mridanga**

**Mridanga** – ortaýer we gündogar Hindistanda ýaýran kakylyp çalynýan saz guraly. Onuň ady sanskritleriň «*mrid*» (palçyk, toprak) we «*ang*» (beden) sözlerinden gelip çykýar. Bu saz guraly başgaça *mridangam, mrdangam, mritangam, mirutangam, mirudh, angam* diýip atlandyrýarlar. Saz gural palçykdan ýasalýar we akkustika taýdan gowy seslenilişi berýär. Mridanga jyns at bolup, umumy barabanlary aňladýar.

Mridanga sekiz sany keramatly saz gurallaryň biridir, hindiler onuň kömegi bilen pudju (pata däbini) geçirýärler. Onuň iň ilkinji atlandyrylyşy biziň eýýamymyzdan has ozal gabat gelýär. «*Nadýa-Şastrada*» ol esasy barabanlaryň biri diýlip ýatlanylýar. Bu çeşmede mridanga jikme-jik häsiýetlendirilýär. Onuň ýasalmagy üçin peýdalanylýan palçygyň we *membrananyň* ýasalyşy hem suratlandyrylýar.

Mridanganyň gelip çykyşy bilen bagly gyzykly rowaýat bar. Öz fleýtasyny hiç haçan goýmaýan *Krişna*, adamlara Hudaýyň atlaryny öwretmek üçin, *çaýtanýa Mahaprabhu* şekilinde ýere düşýär. Bu barada bilen fleýta: «Hudaýym, men seniň bilen hiç haçan aýrylyşmaýardym, näme üçin sen meni taşlap gidýärsiň?» diýip aglap başlaýar. Onda Krişna: «Gaýgy etme, men seni ýanym bilen alaryn, ýöne başga görnüşde» diýip aýdýar. Şeýlelikde, fleýta mridanga öwrülýär. Şonuň üçin bu saz guralyň sesi adamlaryň ýüreklerine şeýle ýakyn.

Mridanganyň çep tarapy Hudaýyň güýjüni we kuwwatlylygyny, uzyn sag tarapy bolsa onuň lezzet hyjuwlaryny aňladýar. Mridanganyň gaby – Hudaýyň özüdir, onuň iki tarapyny berkidýän 32 sany kemerleri bolsa Hudaýyň atlaryndan düzülen *Hare Krişna mantranyň* sözlerini aňladýar. Bu saz gural ýörite Hudaýy wasp etmek üçin döredilendir. Onda 198 sany dürli sesleri çykarmak mümkin. Saz guralyň

giň tarapyndan alynýan «julkuldaýan» sesler adamyň bedeni we ýüregi üçin has täsirlidir.

Mridanganyň membranasy üçin öz ölümi bilen ölen sygyrlaryň ýa-da gäwmişleriň hamy ulanylýar. Rezonansy güýçlendirmek üçin, membrananyň ýüzüne palçykdan, daşdan we bürünçden ýasalýan ýörite garyndy guýulýar.

Mridanga Karnataki ugrunyň saz guralydyr, emma ol başga akymlarda hem ulanylýar. Bu saz guraly öwrenmek üçin birnäçe halk mekdepleri döredilen. Mdridanganyň berýän lezzetini almak üçin, ony ussat sazandanyň ýerine ýetirmeginde eşitmeli.



**Tabla**

**Tabla** – göwrümi boýunça meňzeş bolmadyk, iki barabandan düzülen saz gural. Onuň ulusy «*baýan*», kiçisi «*daýna*» diýlip atlandyrylýar. «Tabla» ady başga medeniýetlerden alnan hem bolsa, bu iki barabanyň şekilleri gadymy hindi relýeflerinde duş gelýär, şeýle-de iki müňýyllyk taryhyny özünde jemleýän «*Natýa şastra*» çeşmäniň tekstlerinde bu guralyň membranasyna çalmak üçin ulanylýan pastanyň düzümi barada gürrüň edilýär. Onuň gelip çykyşy barada takyk maglumatlar ýok. Emma däp boýunça, saz guralyň döreýşi *Amir Husro* bilen baglanyşdyrylýar (XVIII asyr).

Rowaýatlaryň birinde *Akbar* döwründe ýaşaýan, iki sany bir-biri bilen bäsleşýän *pakhawajda* ýerine ýetirijileriň durmuşy suratlandyrylýar. Günleriň birinde *Sudhar Han* özüniň utulyşyna çydaman, öz saz guralyny ýere urýar. Baraban iki bölege bölünip, *tabla* we *dagga* görnüşlerine öwrülýär.

Häzirki günlerde tablada çalmak öwredýän birnäçe mekdepler – *gharanlar* bar, olaryň stili boýunça altysy has bellidir: *Ajrara gharana, Benarses gharana, Deli gharana, Farukhabad gharana, Lakhnau gharana* we *Penjab gharana*. Hindi sazanda *Zakir Hüseýin* öz sungaty bilen bu saz guraly bütin dünýä meşhur etdi.



Tabyl

**Tabyl** – ortaýer Hindistanda ýörgünli bolan kakylyp çalynýan saz gural. Adaty ansamblllarda ol üflenip çalynýan nasgwara saz guraly bilen bilelikde ulanylýar. Tabylyň kädisi *jekfrut* atly agaçdan ýasalýar, onuň iki tarapyna hamdan ýasalan membranalar çekilýär. Saz guralyň sag tarapy çep tarapyndan uly, onuň membranasy hem has dartgynly çekilen. Tabylyň gapdalyndan geçýän kemerler onuň düzgünini kesgitleýärler.

Ony barabanda oturyp çalýarlar ýa-da kemere asýarlar. Köplenç, eliň aýasy bilen çalýarlar, käbir ýagdaýlarda ýörite taýajyklar ýa-da barmaklara dakylan halkalar ulanylýar.

**Dholak (dhool)** – çelek görnüşli, dürli göwrümli membranaly baraban. Onuň ýaňlanmagynda el ýa-da ýörite taýajyklar ulanylýar. Dholagy dyza goýup ýa-da dik durlanda kemere asyp çalýarlar. Membranalaryň dartgynlygy daşyndan oralan ýüplere we halkalara bagly. Bu saz gural Demirgazyk Hindistanda, şeýle-de Päkistanda we Nepalda giňden ýaýran. Dholak dini we halk däp-dessur aýdym-sazlarynda peýdalanylýar.

Çigitli miwelerden edilen gurallar iň ýönekeýleriň hataryna girýärler. Silkilende olar pogremuşkalar ýaly ses çykarýarlar we Hindistanda çaga oýnawajy hökmünde ulanylýar. Has guran miweler ýüpe düzülýär, biliňe oralýar we dürli taýpalaryň tanslarynda ulanylýar. *Andharly çençularyň gilabadasy* şunuň ýalydyr.

Eger şunuň ýaly gurallar demirden ýasalan bolsa, onda olar düwmejiklere öwrülýär, tansçylar olary topuklaryna berkidýärler. Bu saz gural Hindistanyň demirgazygynda **ghungru**, günortasynda bolsa **gajaý** diýlip atlandyrylýar. Bu düwmejikleriň şowhun döretmekde uly ähmiýeti bar. Düwmejikleriň aýaklara berkidilmegi tansçylyga kabul etmekligiň hökmany dessurydyr. Olar aýaga bilezik ýaly dakylýar ýa-da olar elde saklanyp silkilýär.

Jaňjagazlaryň toparyna degişli we konsert sazynda ulanylýan ýeke-täk gural **jaltarangdyr**. Ol «suwuň tolkunlary», «suwdan doldurylan jam görnüşindäki jaňlar» diýmekligi aňladýar. Ýarym tege-

lek görnüşinde ýerleşdirilen farfor jamlaryň ençemesi dürli derejede suwdan doldurylýar. Ölçegiň, diwarjyklaryň galyňlygynyň we jamyň materialynyň saýlanylyp alnyşy, şeýle hem ondaky suwuň möçberi sesiň beýikligini kesgitleýär.

**Danga** – jaňjagazly ýa-da iki sany taýak bolup, olary biri-birine urýarlar. Däp bolan halk tanslarynda ulanylýar.

**Tala (tal, taal, talan)** – bu adalga Hindistanyň saz sungatynda iki sany düşünjäni aňladýar. Sanskritden «tala» sözi «el çarpmak», «ritm», «tans» manylaryny berýär.



**Tal**

Birinji manyda bu adalga ritm barada ylmy, şeýle-de belli öwrümlerden (*djati*) düzülen ritm toplumlary aňladýar. Her öwrüm dürli sanly ülüşlere esaslanýar. Hindustani nusgawy sazynda iň meşhur tal *Tintal* diýlip atlandyrylýar – ol dört ülüşli dört sany taktdan düzülýär. Bu ritm ulgamlara meňzeş düzgünlere arap, türki sazlarynda we mugamlarynda duş gelmek bolýar.

Ondan başga **Tala (kimwal)** – kakylyp çalynýan saz guralyň adydyr. Goşa demir çanakdan düzülen bu saz gural ortaýer Hindistanda has ýörgünlidir. Tallaryň göwrümi we formasy dürli-dürli bolup biler (iki sany içine egik diskler). Olaryň yzynda ýüpekden ýa-da agaçdan ýasalan sap ýerleşýär. Talyň sesi ýumşak we ýakymlydyr. Tala kybapdaş saz gurallary dürli ýurtlarda ýaýrandyr.

Aýdymyň ritmine we ladyna görä, iki sany meňzeş diskler ýasylyk ýa-da gyrasy bilen keseligine ýa-da dikligine tutulyp, bir-birine kakylýar. Gadymy şekillerde çanagyň biri gymyldaman tutulyp, ikinjisiniň bolsa oňa urulýan usullarynyň hem bardygyny görmek bolýar. Gerekli ýagdaýda ses uly barmak bilen ýatyrylýar. Hindileriň iň gadymy çeşmelerinde tallaryň dürli görnüşi häsiýetlendirilýär. Teatr sungatyna bagyşlanan «Nastýa şastra» taglymatynda hem tala meňzeş saz gurallar suratlandyrylýar.

**Rabindranat Tagor** – beýik hindi ýazyjysy, şahyr, suratçy, publisist we jemgyýet işgäri. Tagoryň döreden iki ýüzden gowrak aýdymlary Hindistanda uly meşhurlyga eyedir. Her ýyl R. Tagoryň doglan

gününde *Kalkuttada, Şantiniketonda* we Hindistanyň ençeme beýleki medeniýet merkezlerinde onuň aýdymlarynyň, saz dramalarynyň we aýdym-tans oýunlarynyň festiwallary geçirilýär. Bu zatlaryň hemmesi R. Tagoryň aýdym döredijiligi häzirki zaman Hindistanyň medeniýet mirasynyň aýrylmaz bölegini düzýändigini, milli buýsanjyň we köpçülik hormatynyň çeşmesi bolup durýandygyny tassyklamaga ygtyýar berýär. R. Tagoryň aýdym döredijiligi britan kolonial zulumlygyndan azat bolmak üçin hindi halkynyň söweş taryhynyň in gowy sahypalary bilen berk baglanyşyklydyr.

Rabindranat Tagor 1861-nji ýylyň 8-nji maýynda Bengaliýada doguldy. Bengaliýanyň merkezi *Kalkutta* 1911-nji ýyla çenli Britan Hindistanynyň paýtagtydy. Tagorlaryň jaýy Kalkuttanyň medeniýet durmuşynyň özboluşly merkezidi. Onuň ýanyna görnükli jemgyýet işgärleri, meşhur ýazyjylar, dramaturglar, has görnükli sazandarlar gelýärdiler. Ilkinji goşgularyny R. Tagor ýedi ýaşynda, ilkinji sazyny – on dört ýaşynda düzdi. R. Tagoryň saz bilen meşgullanmagyna köp babatda onuň saza bolan ajaýyp zehini, gowy saz ýatkeşligi we oňat wokal ukyplylygy ýardam etdi. R. Tagoryň kakasy çagalaryna her taraplaýyn gowy bilim bermäge we öýde döredijilikli ýagdaýy saklamaga çalşypdyr.

R. Tagoryň döredijilik ýoluny üç özbaşdak döwre bölmek bolar. Olaryň birinjisinde ýaş kompozitor öz güýjüni dürli hindi žanrlarda synap görüpdir, *wişnuit* şahyrlaryň esasynda *podaboli* (saz poemalary) düzüp, ýewropa saz medeniýeti bilen tanyş bolupdyr. Tagoryň *Şilaýdoho* atly, nesilden-nesle geçýän mülküne göçmesini (1891) ikinji döwrüň başlangyjy diýip hasaplamak bolar. Ikinji döwrüň soňunda, 1913-nji ýylda Nobel baýragynyň eýesi bolýar. Şol döwürde ol halk aýdym döredijiliginiň düýpli öwrenilmesi bilen meşgullanýar. Hut şol ýyllarda Tagoryň özboluşly kompozitorçylyk stili kämilleşýär. R. Tagoryň ünsüni ýurt geziji hindi aýdymçylarynyň döredijiligi (*bauleý*) özüne çekdi. Aýdym aýdyş pursatlarynda ýerine ýetirijiler (*baul*), çep eli bilen bile daňlan uly bolmadyk barabanda (*baýa*) aýdymyň ritmik şekilini tutýarlar, sag eli bilen çirtilip çalynýan saz guralda (*gopiçand*) özüne sazandarlyk edýär, şol bir wagtda olar aý-

dym aýdyp, aýaklarda berkidilen jaňjagazlary goşup, tans edýärdiler. Aýdymyň heňi kyn däl, emma örän labyzly. Tagor baul stilinde köpsanly aýdymlary döretdi: «Gije-gündiz umydyňy sakla», «Näme üçin sen gözýaşyň sillerini dökýäň», «Wah, menin ýurdumyň topragy», «Meniň altyn Bengaliýam».

1910-njy ýylda R. Tagoryň «*Gitanjali*» (Gurbanlyk edilýän aýdymlar) diýen toplumy çykdy, ol aýdymlaryň şahyrana beýany üçin awtora 1913-nji ýylda *Nobel baýragy* gowşuryldy. Tagoryň döredijilik işiniň soňky, kämilleşen döwri 1913–1941-nji ýyllarda döredilen eserleri öz içine alýar. Bu ýyllaryň aýdymlary filosofiki çuňlugy, sözüň güýçlüligi bilen tapawutlanýarlar. Aýdymlardan başga-da R. Tagor täze saz dramalary döredip başlaýar: «*Phalguni*» (Ýaz dabarasy), «*Taşerdeş*», «*Çitran gada*». Politematizm – R. Tagory beýleki hindi şahyr-sazandalardan tapawutlandyrýan, onuň bütin aýdym döredijiliginiň aýratyn häsiýetidir.

Hindi sesiniň milli tebigatyny çuň duýan R. Tagor onuň geljegini däp-dessurlary görnüşleriň saklanyp galmasynda däl-de, eýsem üýtgeýän taryh ýagdaýyna laýyklykda olaryň dinamiki ösüşinde görüpdir. Hindi saz medeniýetiniň taryh ösüşinde R. Tagoryň aýdymly mirasynyň ýerini kesgitläp, öz täsirini häzirki döwürde hem saklaýan, XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda *rabindroşongidiň* – onuň güýçli özbaşdak ugry bolandygyny aýtmak bolar. Rabindroşongit – bu milletiň ruhy baýlygy, täze döwrüň hindi medeniýetiniň saz-şahyrana hazynasy.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Hindi sazy haýsy döwürden öz köklerini alyp gelýär?
**2.** Raga diýmek näme? Onuň gurluşyny we bölümlerini häsiýetlendiriň.
**3.** Ragany ýerine ýetirijiler kimler?
**4.** Hindustani we Karnataki ugurlary barada gürrüň beriň.
**5.** Hindi halk saz gurallary barada gürrüň beriň.
**6.** Hindileriň rowaýatlary boýunça, haýsy saz gurallaryň döreýşine Hudaýlar gatnaşýar?
**7.** R.Tagoryň döredijiligini häsiýetlendiriň.

V

# Araplaryň saz medeniýeti

Arap sazy – bu araplaryň we orta asyrlarda Uzak we Ýakyn Gündogarda, demirgazyk Afrikada we günorta-günbatar Ýewropada mekan tutan halklaryň sazydyr. Arap sazy öz gözbaşyny biziň eýýamymyzdan öňki iki müňünji ýyldan alyp gaýdýar. Arap sazynyň esasy merkezi demirgazyk Arabystan bolupdyr. Yslam döwrüne çenli saz medeniýeti barada örän az maglumat bardyr. VII asyrda arap tire-taýpalarynyň birleşmegi netijesinde, bitewi, ýeke diniň, yslamyň kabul edilmegi, demirgazyk Afrika, günorta-günbatar Ýewropa döwletleriniň basylyp alynmagy bilen Arap halyflygy döreýär we arap medeniýetiniň, esasan-da, sazyň ösüşine uly üns berilýär. Arap sazy gündogar sazynyň ösmeginde özboluşly orun eýeläp, ol arap medeniýetini we basyp alan döwletleriniň medeniýetini özünde jemleýär.

Arap sazy nesilden-nesle geçip gelen, agzeki däp-dessurynyň sazydyr. Nota ýazgylary on dokuzynjy asyra golaý wagtda peýda bolupdyr. Gadymy «beduin» döwründe arap sazyny ýeke saz we şygryýet häsiýetlendirýär. Arap aýdymçylaryna we şahyrlaryna «Şair» diýlipdir. Her bir tire-taýpanyň jadylaýjy güýji bolan şairi bolupdyr. Giňden ulanylýan aýdym görnüşlerine *marsa* (gaýgyly), *marathi* (ýas aýdymy), *urjuza* (söweşe çagyrylýan), *hija* (gülküli, satiriki), *hida* (düýebakarlaryň aýdymy), *habal* (atbakarlaryň aýdymy) we başgalar degişlidir. Demirgazyk etraplarynda giňden ulanylýan žanr *ataba* (zaloba) bolupdyr. Bu žanr aýdymly, gürrüňli bolup, ýekelikde ýerine ýetirilýär. Şol döwrüň saz gurallaryndan *mizhar* (5 kirişli lýutnýa), *rebab* (bir kirişli kemençe), urlup çalynýan *düf* (kiçijik dörtburçly buben), *mizaf* (on iki kirişli arfa) ýaly görnüşler bellidir.

Yslam özüniň döredilen ilkinji ýyllarynda (VII asyryň başlarynda) arap saz medeniýetiniň ösmegine ýardam edýär. Professional sazandalar gullar bolupdyr. Omeýadlar nesilşalygynyň halyflygynyň

köşgi (661–750) ilki Damaskda ýerleşipdir, ol ýerde alymlar, sazandalar, suratkeşler, ýazyjylar bolupdyr. Sazanda bir wagtda hem aýdymçy, hem şahyr, hem saz gurallarynda ýerine ýetiriji we saz dörediji hem bolupdyr. Ilkinji arap nazaryýetçilerden *Isa ben Abdallah*, (lakamy *Towais* – kiçijik tawus) we esasy arap ses hataryny döreden *Ibn Musajik* bellidir. Olaryň döreden aýdymlary, sazlary arap aýdymçylary tarapyndan ussatlyk bilen ýerine ýetirilipdir. Onuň usulyýeti grekleriň we parslaryň sazyny öwrenmekligiň netijesinde ösýär (ol Siriýada we Eýranda bolup kämilleşipdir). Musajiniň zähmetinde gadymy arap saz nazaryýetiniň esaslary bardyr. Ol sekiz sany perde ulgamyny düzýär. Olary «barmaklar», ýagny bu perdeleriň tonikasyny lýutnýada barmaklaryň ýerleşişini görkezýär diýip atlandyrypdyrlar.

Mundan başga-da, Musajik alty sany giňden ulanylýan ritmiki görnüşler ulanypdyr. Musajik öz döredijiliginde ses hatarynyň diapazonyny giňeltmäge çalşypdyr. Onuň okuwçysy *Muslim ibn Muhzir* saz nazaryýetine degişli soraglary, ýazgylary öwrenip, iki müňe çenli saz jümlesini ulanypdyr. Şeýle gurluşly jümleler häzir hem birnäçe etraplarda saklanyp galypdyr. Muhzir arap sazynda köp ulanylýan «*ramal*» ritmik formulany işleýär. Saz nazaryýetine degişli aýdymly antologiýalar çykyp başlaýar. Gadymy arap mekdeplerinde ilkinji arap aýdymlarynyň ýygyndylary «*Kitab til-agani*» (Aýdym baradaky kitap) we «*Kitab al nagm*» («Heň barada kitap») diýlip atlandyrylýar. Bu kitaplarda nota ýazgylary hem görkezilýär.

Arap sazy *Abbaslar halyflynyň* döwründe has hem gülläp ösýär. Abbasylaryň dolandyran döwrüniň ilkinji ýüz ýyllygy (750–847) arap medeniýetiniň «altyn asyry» hasaplanýar. Yragyň täze paýtagty Bagdat diňe bir araplaryň däl, eýsem ähli gündogar siwilizasiýasynyň merkezine öwrülýär (762-nji ýyl). Eýran sungaty arap sazyna uly täsir edýär. Eýrandan köp sanly sazandalar, saz gurallaryny ýasaýan ussallar çagyrylypdyr. Araplar parslaryň nota ýazuwyny kabul edýärler. Arap *udunyň* düzgüni boýunça, parslaryň *pandurasynyň* düzgüni çalşylýar. Köşk sazandalarynyň meşhur bolan döwri, sazandalar işlenilen maksatnama boýunça saz çalypdyrlar, aýdymçylar hem biri-biriniň yzyndan çykypdyrlar.

Abbasylaryň sazandalarynyň arasynda uly abraýa eýe bolanlaryň biri-de Eýrandan gelen *Mausilileriň* maşgalasydyr. Aýdymçy *Ibrahim al-Mausili* ençeme aýdymyň awtorydyr (oňa 900 aýdym degişlidir). *Al-Isfaganiniň* «Aýdymly uly kitaby» esasynda «Saýlanan ýüz aýdym» atly ýygyndysy ýatyr. Onuň ogly *Ishak al-Mausili* Bagdat mekdebiniň düýbüni tutujy, şahyr, nazaryýetçi, lýutnýada güýçli ýerine ýetirijidir (dokuz sany saz hakyndaky traktatyň awtory). *Ishak al-Mausili* arap udunda dogry ýerine ýetirmekligi dikeldýär. Ol öz işlerinde her dürli arap perdelerini ulanýar.

IX asyryň ortalarynda Bagdatda «Paýhaslar öýi» döredilýär we onda alymlar işleýärler. Arap diline birnäçe grek alymlarynyň saz baradaky eserleri terjime edilýär. Arap sazynyň nazaryýetini işlän *Al-kindi, Abu Hasr Muhammet, Ibn Sina* (*Awisenna*) ýaly dünýä meşhur ynsanlardyr. Olar hem grek alymlarynyňky ýaly, sazyň manysyny düşündirmek we kanunyna gabat getirmek ugurlary boýunça işläpdirler. *Safi-ad-din* ilkinji nota ýazgylaryny dikelden mukamçydyr. Nota ýazgysy harplardan (sesiň beýikligi) we sanlardan (notanyň uzynlygy) ýygnalypdyr, nota elipbiýi otuz bäş harpdan ybarat bolupdyr. Mundan başga-da Safi-ad-din kirişli saz gurallarynda ussatlyk bilen sazlary ýerine ýetiripdir we birnäçe saz gurallaryny döredipdir: *mugni* – (lýutnýanyň bäş görnüşi), *nusga* – (gusliniň görnüşi) we başgalar. Arap saz medeniýetine türk sazlarynyň aralaşmagy netijesinde, täze saz eserleri döräp başlaýar (semai, nakiş, kiami-natşk). Şol döwürde sazlar Andalusyň mekdebinde ýüze çykan halyflygynyň *zoile* saz guralynda ýerine ýetirilýär.

Arap saz medeniýetinde özbaşdak andalus mekdebiniň dikeldilmeginde aýdymçy, şahyr, mukamçy, sazanda, nazaryýetçi *Ziryabyň* bitiren işleri uludyr. Andalus mekdebiniň özenini düzen onuň ýigrimi dört sany *nubasydyr*. Ziryab saz görnüşine örän köp üýtgeşikler girizipdir. Onuň düzgünine görä, saz düzmek temadan başlanýar, soňra erkin ritmde aýdym başlanýar, soňra haýal templi bölüme (*basit*) geçilip, iň ahyrynda iki bölümli haýal tempde gutardyş bölümi (*maharraýat we hazaýat*) bilen gutarýar. Ol lýutnýadan daşary birnäçe saz gurallaryny ýasapdyr: plektrli saz gurallary, lýutnýanyň sesini has

ýumşak, owadan ýaňlanar ýaly agajy plastinka bilen çalşyp ýasapdyr. Zirýabi ussat saz mugallymy hem bolupdyr. Onuň wokal usulyýeti häzirki zaman wokal sungatyna golaýdyr. Zirýabiniň iň gowy eserleri halk içinde has belli bolup, ol eserler wagtyň geçmegi bilen halk eserlerine öwrülipdir.

Ispan halk sazynyň täsir etmegi bilen, araplaryň sazy nusgawy gurluşly goşgy görnüşli, deň aralykly tsezura bilen bölünýän, birnäçe rifmalar bilen gutarýandyr: **a a, b a, c a, d a.**

Arap saz medeniýetinde X–XI asyrlarda täze *zajal muwaşşah* žanry döreýär. Täze žanrlar bir-birinden ritmik taýdan tapawutlanyp, saza uly erkinlik berlipdir. *Muwaşşah* žanrda, esasan, ýönekeý ölçegler ulanylypdyr (ramal). *Zajal* – bu muwaşşahyň dürli görnüşdäki nusgasydyr. Ol halkyň däp-dessuryna we andalus ýerli gepleşigine bagly bolupdyr. Zajallarda her bir goşguda täze ýönekeý heň bölümleri ýazylypdyr.

XII asyrda muwaşşah we zajal ýaly žanrlar bütin Gündogara we demirgazyk Afrika belli bolupdyr. Andalussiniň sazy we nazaryýeti barada birnäçe çeşmelerde saklanyp galypdyr: «Sekiz ses barada okuw» atly taglymatynda lýutnýanyň düzülişi hakynda söhbet edilýär. Andalus sazy, Magribanyň saz medeniýetiniň gülläp ösmeginde uly ähmiýete eýedir. X asyryň başlarynda *Munis al-Bagdadi Keruanitde* ilkinji sazçylyk mekdebini açýar. 1517-nji ýylda Türkiýe araplaryň ýerlerini basyp alyp, Osman imperiýasyna birikdirilenden soň, arap medeniýeti özüniň ähmiýetini ýitirýär. XIX asyryň ikinji ýarymynda arap döwletiniň medeniýeti janlanyp başlaýar. 1932-nji ýylda Kairde kongres işläp başlaýar. Onda arap sazynyň meseleleri, arap sazynyň geljegi barada, onuň ýoly baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. 1971-nji ýylda arap sazy boýunça akademiýa açylýar. Arap sazy ýewropa saz gurallary bilen baýlaşýar.

Arap nazaryýetçileri grek tetrahordlary we onuň görnüşleri baradaky okuwy özleşdirýärler. Grekler gammanyň sesleri biri-biriniň yzyndan gelen halatynda, durnuksyz sesleriň bardygyna üns beripdirler. Araplar bolsa, olaryň tersine, melodiki ses hatarynyň durnukly gurulýandygyny belläpdirler.

Araplaryň *makamat sungaty* – gündogar halklarynyň professional sazynyň iň ýokary nusgasydyr. Makamat düzgüni köp asyrlaryň dowamynda düzülip, oňa Orta Gündogaryň welaýatlarynyň halklary öz goşandyny goşupdyr. Häzirki döwrüň ylmy işleri uzak taryhy we saz nazaryýetiniň edebiýatyny özünde jemleýär. Olaryň içinde makamat düzgüniniň döreýşi, halklaryň ruhy baýlygynyň ösmegi we döredijilik güýçleriniň artdyrylmagy bilen bagly traktatlar hem bar. «Makam» sözi arapça «duralga», «belli ýer» manylary aňladýar. Bu adalga edebiýatda, çeperçilik sungatda we saz medeniýetinde ulanylypdyr. Arap makamlary halk heňleriniň esasynda düzülip, şäher saz medeniýetine mahsusdyr. Şonuň üçin olar daýhan durmuşynda köp ulanylmandyr.

Her makam birnäçe owazlary özünde jemleýär, olar bellibir perdäniň kanunyna daýanýar. Makamyň ses hatarlary 7 basgançakly diatonikidir, ýöne olar ýewropa düzgüninden tapawutlanýar. Bu tapawut uly we kiçi ýarym tonuň, uly we kiçi bir tonuň arasyndaky *pifagor kommasyndan* ybaratdyr. Bu ses hatarlarynyň ähli basgançaklary öz atlaryna eýedir: birinji sesi – tonika, emma oktawa ýokarlygyna ýa-da aşaklygyna alanyňda başga bir aýratyn ses bolup durýar. Dürli makamlaryň bir esasy tony bolup bilýär. Meňzeş ses hatarly makamlar hem duş gelýär. Ýöne olar owazlary bilen tapawutlanýar. Her bir makamyň bellibir etiki we kosmologiki manylary bar.

Makamlar kiçi we uly göwrümli görnüşlerde ýazylan saz eserleriniň improwizasiýa ýörelgesiniň esasy bolup durýarlar. Kiçi görnüşler bir makamyň esasynda düzülýär. Uly görnüşlerde bolsa bir makamdan beýleki makama geçme, ýagny modulýasiýa usuly ulanylýar. Şonuň bilen bilelikde makamyň perdesi we heň owazlary üýtgeýär. Uly görnüşlerde iki bölümleriň yzygiderli geçmegi köp duş gelýär. *Taksim* – instrumental we wokal bölümi, *başrawa* – kakylyp çalynýan saz gurallaryň topary bellibir ritmiki şekili gaýtalaýar. Onuň esasynda heň ösüp özgerýär. Ritmoformulalaryň sany köp we dürlüdir.

Makamyň gurluşynda durnukly hem durnuksyz elementleri bar. Onuň gurluşyndaky iki sany dürli gatlaklar içki kontrasty döredýär.

Şeýlelikde, makam – arap gündogarynyň saz döredijiliginiň ýokary derejesi bolup durýar. Onuň uniwersal görnüş ýörelgeleri instrumental we wokal sazyň dürli žanrlaryna siňýär.

Ýene-de bir uniwersal çeper hadysa, makama meňzeş, «*nouba*» (*nuba*) diýlip atlandyrylypdyr. Ol *Magrib* we *Andolusiýa* sebitlerinde ýörgünli. Nubanyň ösüşi görnükli alym, şahyr, sazanda, mukamçy *Zariab* (IX asyr) bilen baglanyşykly. Taryha ol 24 nubanyň döredijisi hökmünde giripdir. Magrib nubalaryň düzgüni orta asyrlarda ulanylyp, nusgawy görnüş adyna eýe boldy.

Gurluş taýdan nuba köp bölümliligi we sýuita häsiýetliligi bilen tapawutlanýar. Ses belentliginde gündogar-arap makamlaryna mahsus bolan ¼, ¾ ton ädimleri ýokdur. Nubanyň adaty gurluşy 5 bölümli bolup, olaryň her biri köpdürli bölümlerden, gutarnykly parçalardan we heň öwrümlerinden ybaratdyr. Meselem, giriş bölümi birnäçe gutarnykly prelýudiýalardan (*estihbar* we *tuşinodan*) ybarat bolup bilýär.

Nubanyň I bölümi *massader*, ol *kürsi, çsen, matla retjuwa, juab* ýaly bölekleri öz içine alýar. Btaýhi atly II bölüminde birinji bölüminiň esasy görnüş ýörelgeleri ulanylýar. Bu bölümiň häsiýeti ýeňil, eýjejik. III bölümiň heň gurluşy I we II bölümleriň elementlerinden düzülýär. Bu bölüm çalt depginli, tans häsiýetlidir. IV bölüm (*ensifar*) – uly giriş bilen başlanýar, ol bölümleriň arasynda baglaýjysy hökmünde çykyş edýär. Uwertýura tans häsiýetli, 2/4 ölçeglidir. V bölüm (*hlass*) eseriň finaly. Bu toplumyň ösüşi äheň we dinamiki joşgunlylygy taýdan ösdürilýär. Esasy ähmiýeti hora düşýär.

Arap saz döredijiliginde dini däp-dessur sazlary aýratyn ähmiýete eýedir. Gadagan edilmeleriň zulmunyň astynda bolup, araplaryň dini däp-dessur sazy gaty bir üýtgeşikliklere sezewar bolmady, muny musulman dini däp-dessurlary-da talap edip durmady. Aýry-aýry döwürlerde edilen çäklendirmelere garamazdan, ol hiç-haçan gadymy *Müsürde, Wawilonda* ýa-da *Siriýada* bolşy ýaly, döwlet sungatynyň derejesine galdyrylmady.

Saza bolan erkin garaýyşlary dört sany akymyň – *matahebleriň* – döremegine getirdi. Bu mekdepler olara ýolbaşçylyk edýän şyhlaryň adyny göterýärdi. Bu mekdepleriň arasynda has aýratynlygy bilen

11. Sargyt № 2977

tapawutlanýany *Abu Hanafi* mekdebidir. Musulmanlaryň durmuşynda sazyň bolmagyny delillendirmäge çalyşmaklyk sazyň sagaldyjy täsiri hakyndaky nazaryýetiň «gowy sazyň» has päk ahlakly, arassalaýjy ähmiýeti hakyndaky taglymatyny, şonuň üsti bilen tebigat bilen, hudaý bilen birikmäge mümkinçiliginiň barlygy barada pikiriniň döremegine itergi berdi. Şol sebäpli hakyky musulman ýolundan şatlandyryjy sazlar gadagan edildi. Musulman däp-dessurlaryna sazyň *azan, milýaw* (Gurhany owazly okamak) we *zikr* ýaly dini aýdymlary degişli.

Dini mazmunly sazlara Muedziniň halka ýüzlenýän sözi girýär. Ol günüň dowamynda bäş gezek «Alla ýeke-täkdir, Muhammet hem onuň pygamberidir» diýen sözleri bilen halky namaza çagyrýar. Her gezek şu formula täze improwizirlenen görnüşde ýaňlanýar. Musulman dünýäsinde Gurhanyň sürelerini owazly okamak hemmeler tarapyndan kabul edilendir. Süreler diňe bir metjidiň çäginde däl, eýsem durmuşda-da dürli sebäplerde okalýar. Professional ussatlar – şyhlar (owadan, tapawutly sesli adamlar), meşhur arap aýdymçylarynyň köpüsi – öz ýollaryny Gurhanyň okaýjysy hökmünde başlapdyrlar. Gurhany owazly okaýan ýedi sany mekdepleriň arasynda Müsür, Siriýa, Magrip mekdepleri öňdebaryjy bolup durýar. Musulmanlaryň zikrleri görnüş aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Erkekler topary gurhan kesgitlemelerini labyzly aýdýarlar, sazandarlyk etmek üçin deprek ulanylýar. Zikriň düzüminde otuz bäşe golaý bölümler bar.

Araplaryň dini sazlardan başga, halkyň durmuşynda owazly okamagyň aýratyn görnüşleri giňden ýaýrandyr, ýagny nusgawy şygryýetiň goşgularyny aýdymlaşdyryp okamak, dini sýužetli sazly hekaýalar. Köpsanly durmuş we dini aýdymlar Remezan baýramynda aýdylýar. Arap Gündogarynda dini sazlarda instrumental ansambl sazandarlyk etmeýär. Gurhanyň süreleri ýa-da azan diňe aýdym görnüşinde aýdylýar. Diňe dini çärelerde zikr deprek saz guralyň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär.

Arap saz gurallary dürli toparlary düzýärler: kirişli, üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary. Aýratynam, milli sazyň baý ritmi-

kasyny görkezýän, kakylyp çalynýan saz gurallarynyň topary uludyr. Saz gurallary dürli materiallardan: çiňrikden (тростник), gamyşdan, agaçdan, metaldan, palçykdan, deriden we daşdan ýasalýar.

Kirişli saz gurallarynyň toparyna *mizhar, ud, tanbur, rebab, kanun, kemança* degişlidir. Üflenip çalynýanlaryň toparyna *naý (fleýta)*, *raýta (goboý), gosba (uzyn fleýta), argül (dudka)* ýaly saz gurallary girýär. Kakylyp çalynýan saz gurallarynyň topary has köp görnüşlidir, oňa *duff (kiçi buben), darbuka (baraban), tabl, bendir (buben), kus (uly baraban), nakkart (kiçijik litawra)* ýaly saz gurallary girýär.

**Ud** (arap lýutnýa) – arap dünýäsiniň esasy saz guralydyr. Ýemeniň gazuw agtaryş işlerinde dört kirişli, Siriýada – bäş kirişli saz gural tapyldy. Köp asyrlaryň dowamynda ud 5 kirişli bolup ulanylýardy, kirişleriň atlary: *al-bam, al-maslas, al-masna, az-zir we f'atly*.

Bu guralyň eýýäm 1300 ýylyň içinde arap sazynda mukamçylar we ýerine ýetirijiler bilen esasy gural hökmünde ulanylandygy belli. Gadymy sazandalaryň al-udy saz gurallarynyň «patyşasy» diýlip atlandyrandygy belli. Ony ençeme şahyrlar şöhratlandyrypdyrlar. *Ibn Masum* udy adama durmuşyň yaşlygyny, güýjüni we şatlygyny berýän gudrat diýip atlandyrypdyr. X asyrda yaşan şahyr *Kaşam* «Uduň täsin seslerinde tebigatyň ajaýyp görnüsleri doreýär, ol söygülisiniň



**Uduň görnüşleri**

sesini ýatladýar» diýip ýazýar. Aýdyma sazandarlyk edýän gural hökmünde udy ilkinji bolup ulanan, hijriniň birinji asyrynda *Al-Medinede* ýaşan *Saip Hasir* bolupdyr. Ol arap şygryýetine pars owazlaryny girizdi. Parslarda ud «*al-barbat al-bagdadi*» diýlip atlandyrylýar.

Araplaryň udy hytaýlylaryň pipa, ýaponlaryň biwa, wýetnamlylaryň tiba saz gurallaryna meňzeş. Olarda içegeden edilen goşa kirişleriň düzgüni hem deňdir. Alžirde *kuitra* atly uduň beýleki görnüşi bar (gitaranyň kiçeldilen ady bolmagy mümkin). XX asyrda Siriýadan gelip çykan arap kompozitory *Farid al Artaş* uda altynjy «*c*» bas kirşini goşýar. Farid al Artaş meşhur ýerine ýetirijileriň biridir, onuň «Arap tango» eseri bütin dünýäde meşhurlyk gazandy.



**Rebab**

**Rebab** (*rabab*) – kirişli kemençeli saz gural. Onuň kädisi tegelek, guralyň gapagynda uly bolmadyk rezonirleýji deşik ýerleşdirilýär. Müzürde saz gural «rababa» diýlip atlandyrylýar.

Şahyrlaryň «*Rebab-eh-haýer*» saz guraly ýeke kirişlidir. Onuň diapazony: $d^1$-$b^1$. Rebab dyza goýlup, kemençe bilen çalynýar. Birmeňzeş melodiki şekili gaýtalaýan usulda aýdymlara we labyzly okaýşa sazandarlyk etmek üçin ulanylýar. Araplaryň orkestrlerinde rebap ulanylmaýar.

Dürli halklarda bu saz gural dürli atlar bilen belli. XII asyrda rebap «rebek» ady bilen Ýewropa ýaýradyldy. Türkiýäniň rebaby üç kirişlidir. Parslarda «*rabet barbitus*» diýen saz gural hem ýörgünli.

**Kanun** – keseligine ýatyrylýan, arfa meňzeş saz gural, onda barmaklara metal «*dyrnaklary*» dakynyp çalýarlar. Onuň ýerine ýetirilişi çylşyrymlydyr. Kanunyň sesine tans ýerine ýetiriji özüniň ussatlygyny görkezýär.



Dumbek

**Dumbek** (*tabla, darbuka*) – araplaryň kakylyp çalynýan saz guraly. Tanslarda dumbekiň kömegi bilen esasy ritm saklanyp tutulýar. Başda dumbekler keramikadan ýasalyp, üstüne balygyň ýa-da geçiniň hamy çekilerdi. Häzirki günlerde plastikden ýasalan dumbekler ýörgünli.

**Buben** – eserde esasy ritmi alyp barýan kakylyp çalynýan saz guraly. Şeýle-de ol tanslarda owadanlyk bermek üçin peýdalanylýar. Ýerine ýetiriliş pursatlarda sazanda bubeniň daşynda berkidilen latun tarelkajyklaryna ýa-da tegelegiň gyrasyna barmaklar bilen kakýar.



Buben

**Krakeb** (*karakib, krkib, karkaba*) – magripleriň halk saz guraly. Ol iki sany birleşdirilen metal çemçelerden düzülen. Saz ýerine ýetirilende, her elde goşa çemçelerden tutup, ritmiň üýtgeşik ornamentini kakyp berýärler. Bu saz gural, esasan, Alžirde we Marokkoda ýaýran.



Krakeb

**Sagatylar** – tanslarda ulanylýan, kiçijik tarelka görnüşli saz gural. Tarelkalar bürünçden ýasalýar, olaryň diame-

tri 2 *sm*. Ortada halkany geçirmek üçin deşik edilen. Sagatylar her eliniň uly we süýem barmaklaryna geýdirilýär. Ýerine ýetiriliş usullaryna görä, bu saz guralda labyzly ýaňlanma ýa-da pitik seslerini çykarmak bolýar. Käwagtlar sagatlylar erkekler tarapyndan hem ýerine ýetirilýär, olaryň ulanylýan tarelkalary göwrümi boýunça ulurak.



**Sagatylar**

Arap saz gurallary aýdyma-tansa, oýna-ýaryşa goşulyp çalynýar, makamlary ýerine ýetirýärler, her dürli dabaralara we dini baýramlara gatnaşýarlar. Makamlary ýerine ýetirýän esasy saz gurallaryna ud, rebab, kanun; häzirki döwürde skripka hem degişlidir. Aýdymlar we epiki rowaýatlar, köplenç, rebabyň, we naýyň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär.

**?** **Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Arap sazynyň gelip çykyşy barada gysgaça gürrüň beriň.
**2.** Arap halk saz mirasyna haýsy žanrlar degişli?
**3.** Dini žanrlaryň esasynda haýsy alamatlar ýatyr?
**4.** Araplaryň mugamçylyk sungatyny häsiýetlendiriň.
**5.** Mugamlar haýsy saz gurallaryň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär?
**6.** Arap halk saz gurallary barada gürrüň beriň.
**7.** Haýsy saz gural saz gurallarynyň «patyşasy» diýlip atlandyrylýar?

VI

# Hytaýlaryň saz medeniýeti

Hytaý sazy – dünýä saz medeniýetiniň iň gadymylarynyň biridir. Onuň gözbaşlary dini häsiýetli bolup, özüniň ýokary ösüşine biziň eýýamymyzdan öňki II–I müňýyllyklardan gaýdýar, tire-taýpa aýdymlaryny we tanslaryny hem öz içine alýar. Hytaý sazy özüniň ösüşiniň dowamynda, dürli taryhy döwürlerde Hytaý döwletiniň düzümine giren (mongollar, uýgurlar, tibetliler, mançžurlar we beýlekiler) we özleriniň saz sungatynyň özboluşlylygyny saklap galan halklaryň saz medeniýetleriniň elementlerini özüne siňdiripdir.

*Konfusiniňki* diýlip hasap edilýän «*Aýdymlar kitaby*» toplumy b.e. öňki VI asyra degişlidir. Aýdymlardan we senalardan ybarat bolan bu kitap halk-aýdym sungatynyň gymmatly ýadygärligidir. «Aýdymlar kitabynda» 25-den gowrak dürli saz gurallarynyň ady agzalýar: sin, se (kirişli, çirtilip çalynýan), ýue, şen, di, şan (üflenip çalynýan), çjun (kakylyp çalynýan) we beýlekiler. 3000 ýyla golaý wagtyň dowamynda hytaý sazy halk baýramçylyklaryna, dini we jemgyýetçilik dessurlaryna girýär.

B.e. öňki X-VIII asyrlarda aýdymlar we tanslar giň durmuş ähmiýetine eýe bolýarlar, ýuwaş-ýuwaşdan özbaşdak sungata öwrülmek bilen (b.e. öňki VI asyrdan başlap), aýdym sazdan bölünip başlaýar. Has giçki hytaý miflerinde we rowaýatlarynda (b.e. öňki VI–III asyrlar) sazyň tebigata edýän täsiri barada gürrüň edilýär. Sazyň kömegi bilen ýagyş ýagdyrmaga, däneli we beýleki ösümlikleriň ösüşine täsir etmäge çalşypdyrlar.

*Han* döwründe (b.e. öňki 206 – b.e. 220 ý.) umumy medeni ýokary göteriliş sazyň ösüşine hem öz täsirini ýetirýär, ol, esasan hem, aýdym we tans görnüşlerinde döwlet ähmiýetli täsire eýe bolýar. B.e. öňki II asyrda imperatoryň köşgünde «ýuefu» diýlip atlandyrylan ýörite saz palatasy döredilýär; onda Hytaýyň dürli welaýatlaryndan bolan aýdymçylaryň we tansçylaryň topary (800-e golaý adam) he-

reket edipdir. Günorta hytaý aýdymlary we tanslary demirgazykda ýaýran halatynda «ýuefu şyge» atly täze halk aýdymlary peýda bolupdyr.

Hytaý sazynyň aýratynlygy – onuň şygryýet bilen pugta baglanyşygydyr. Wagtyň geçmegi bilen, *ýuefu şige* edebi görnüşe öwrülýär. Sazyň söz bilen baglanyşygy instrumental görnüş bilen deňeşdireniňde wokal görnüşleriniň has ähmiýetlidigini görkezdi. *Ýuefu* bilen iş salyşýanlar (*syma sýan-žu*, b.e. önki II asyr) halk aýdymlaryny toplamak we täzeden işlemek bilen meşgul bolupdyrlar.

*Halk aýdymlary birnäçe alamatlar boýunça öwrenilipdir we toparlara bölünipdir:*

- ýerine ýetirilişiniň häsiýeti boýunça – *naoge* (gongyň sazandarlyk etmeginde) ýa-da *sýanhege* (hor);
- geografiýasy boýunça – «U» welaýatynyň aýdymlary we beýlekiler;
- wezipesi boýunça – *däp-dessur, buthana, köşk*;
- ýerine ýetirilişi boýunça – dürli saz gurallarynyň ýa-da horuň, a’capella sazandarlyk etmeginde.

Hytaý halk aýdymlaryna birseslilik we geterofoniýa häsiýetlidir, gadymy zamanlarda olarda, köplenç halatlarda, punktirlenen we sinkopirlenen gaýtalanyp duran äheňler agdyklyk edýärdi. Ýerine ýetiriliş usuly sesiň falsetleýin ýa-da bokurdaklaýyn öwüşgin berilmegi bilen tapawutlanýar. Instrumental sazda, esasan hem, ansambllaýyn ýerine ýetirilişde köpsesliligiň alamatlary peýda bolýar.

Saz ylmy ösýär. B.e. öňki II–I asyrlarda beýik hytaý taryhçysy we sazandasy *Syma Sýan* düzümi güýçlendirmäge çalyşýardy, ýöne onuň hödürleýän güýçlendirmesi gyradeň däldi. *He* dinastiýasy döwründe saz nazaryýetçisi *Çen-týan* (370–447) 12 basgançaklaýyn gyradeň güýçlendirilen ses hataryny girizýär, bu bolsa hytaý saz ulgamynyň mundan buýanky ösüşini kesgitledi. B.e. öňki III–VI asyrlarynda hytaý sazynyň häsiýetine we onuň nazaryýetine şol wagtlar Hytaýda giňden ýaýran *daosizm* we *buddaçylyk* akymlary öz täsirini ýetirýär.

*Tan* döwründe (VII–X) medeniýetiň umumy ýokary göterilişi bilen baglanyşykly, köki özboluşly tan täri bolan (şol wagt Koreýa-

da we Ýaponiýada hem giňden ýaýran) Hytaý sazynyň gülläp ösüşi başlanýar. Saz bilimi hem ýokary ösüşe eýe bolýar. 714-nji ýylda 5 sany ýörite okuw jaýy açylýar, onda saz we tans öwredilýär. Sazandalary birleşdirýän ilkinji aktýorçylyk köşk professional toparlary, köşk ýerine ýetirijilik mekdepleri, şol sanda «*Liýuan*» («Armyt bagy») döredilýär. X asyrda *Duan An-szeniň* «Saz hakynda ýazgylar» atly iň uly hytaý saz-nazaryýet taglymaty peýda bolýar. Iň ýönekeýje nota ýazuwy kämilleşýär. Täsir ediji şahyrana nusgalar agdyklyk edýär – dörtsetirli «şi», «dasýuý» diýlip atlandyrylan täze aýdym-tans nusgasy emele gelýär. Soňra şahyrlar (*DuFu, LiBo, Bo Szýuý-i*) dörtsetirlilikden peýdalanmak bilen, birnäçe aýdym ýazýarlar. Bu halk döredijiliginiň esasynda döredilen, özüniň saz düzümi boýunça çylşyrymly bolan görnüş ýuwaş-ýuwaşdan halk döredijiliginden bölünip aýrylýar we köşk saz sungatynda giňden ýaýraýar. Aýdym döredijiligi goşgy düzülişiginiň berk düzgünleri bilen çäklendirilýär (setir 5 ýa-da 7 iýeroglifden, ýagny 5–7 bogundan ybarat bolmalydyr).

*Sun* döwründe (X–XIII) biraz üýtgedilen görnüşinde sazyň *konfusiý* nazaryýeti dikeldilýär, onda esasy zat – sazyň gönüden-göni işjeňligi, ikinji derejeli bolsa – onuň gözellik ýörelgeleri (saz pelsepesi, nazaryýeti). Aýdymçy we şahyr *Kun San-çžuan* (Sun döwrüniň ortalary) aýdymyň bölümleriniň gezekleşişine laýyklykda dürli tonallyklarda ýerine ýetirilen *çžugundýao* (köp bölümli aýdym) diýlen täze erteki-aýdym nusgasyny döredijileriň biridi; aýdymyň her bölümi diňe bir öz tonallygyna däl-de, eýsem tonallygyň üýtgemegi bilen üýtgeýän öz özgermesine hem eýedir. Sun döwrüniň saz traktatlarynda saz hytaý şäheriniň, buthanalarynyň we köşkleriniň köpdürli we öndümli saz durmuşyna şaýatlyk edýän materiallara duş gelmek bolýar. Kanunlar köşk durmuşynda we hususy durmuşda saza aýratyn hukugyň basgançaklaýynlygyny berk çäklendiripdirler.

XIII–XVII asyrda saz medeniýeti uly ösüşlere eýe boldy. Köp sanly wokal, instrumental we tans stillerden *ýange* (aýdymly halk tanslar), *länžen'çžuan'* we *länžen'taý* (aýdyşyklar), *huagu, huaden* (saz guralyň akkompanementinde däp bolan aýdymlar we sahnalar), *tibet nanma* (reçitatiwli tans) ýaly görnüşler tapawutlydyr. *Dagu* (baraban

we kirişli saz gurallaryň sazandarlyk etmeginde), *tsin'şu* (tsitranyň sazandarlyk etmeginde), *tan'tsy* (pipanyň sazandarlyk etmeginde) we *tszouçan* (teatrlaşdyrylan erteki) ýaly epiki žanrlar ösdürilýär. Sazly ertekiler (*ban'tsýanti, län'tsýuýti*) depginine görä *kuaýban'* (çalt ýerine ýetirilýän) we *man'ban'* (haýal) toparlara bölünýär.

XIII–XIV asyrlarda sazda iki sany ugur – *demirgazyk* we *günorta* mekdepleri emele gelýär. Olar butparazçylyk pelsepesinde, şygryýetde we suratçylykda demirgazyk we günorta mekdepleri bilen bilelikde hereket edýärdiler. *Demirgazyk mekdebi* üçin gahrymançylykly tematika, mukamçylyk serişdeleriniň erkin peýdalanylmagy, saz diliniň ýönekeýligi, ýedi basgançakly ladlaryň ulanylmagy, *günorta mekdebi* üçin bolsa – söýgi äheňleriniň, sazyň beýan edilişiniň inçe serişdeleriniň kämilleşdirilmegi, kompozisiýanyň berk düzgünleri, pentatonika, agaçdan ýasalan üflenip çalynýan saz gurallarynyň ulanylmagy häsiýetlidir.

Hytaý sazynyň ýokary derejede gülläp ösmegi XIII–XVII asyrlara degişlidir. Şol döwürde sazyň nazaryýeti, esasanam, teatr bilen hytaý dramaturgiýasynyň we teatrynyň ýokary derejesi bolan, ýuan dramasy diýlip atlandyrylýan saz dramasy bilen baglanyşykly bolan saz uly ösüşe eýe bolýar. XV–XVI asyrlarda Günorta Hytaýda kunsýuý žanry (kunşan pýesasy) uly ösüşe eýe bolýar. Oňa aktýor, aýdymçy we mukamçy *Weý Lýan-fu* (XV–XVI) uly goşant goşýar; XVI asyryň başyndan başlap, bu žanr demirgazyk Hytaýa-da ýaýraýar.

*Ýuan* döwrüne degişli bolan, näbelli ýazaryň «Aýdym barada oýlanmalar» diýen traktatynda Ýuan dramasynda sazyň ilkinji derejeli ähmiýeti açylyp görkezilýär. Onda wokal partiýa – bellibir ladda (*taoşu*) ýaňlanýan ariýa (*sýuý*) esasy hasaplanýar. «Aýdym barada oýlanmalarda» depgin tapawutlary görkezilýär (*gun* – çalt, *man* – haýal), ariýanyň 3 bölümli nusgasy peýda bolýar, esasanam, kodanyň dürli nusgalary işlenip düzülýär (mysal üçin, «garaşylmadyk ýagdaýda», «ýasama»); 17 sany esasy lada bölünmeklik getirilýär: ýagny esasy bolmadyk seslerden düzülen 6 gun we 11 lýao. Ýuan nazaryýetçileri diniň görnüşine we şonuň bilen baglanyşyklylykda dini aýdymyň häsiýetine laýyklykda, buthana sazynyň hem aýratynlyk-

laryny açyp görkezipdirler; bu häsiýetler saz dramasyna hem mahsusdyr (daoslar duýgular hakda, butparazlar – düýp esas hakda, konfusiýçiler – ýörelgeler hakda aýdym aýdypdyrlar). Ýuan döwründe ýewropa mažoryna meňzeş bolan, ýöne Hytaýda özbaşdak ösüşe eýe bolan 7 basgançakly gamma giňden ýaýraýar (şol döwürde Ýewropa sazynda grigoriança aýtmaklyk agalyk edýärdi, onda mažor lady heniz esasy däldi).

XVII–XX asyrlar aralygynda hytaý sazy däpleýinligine galýar; ýöne welin demokratizasiýa tarap bolan ymtylyş göze ilýär –aýdym medeniýetiniň, teatral-saz düşünjeleriniň, şol sanda soňra giň meşhurlyga eýe bolan Pekiniň szin-szýuý sazly dramasynyň köpsanly ýerli görnüşleriniň ösüşi dowam edýär. Gündogar Hytaýda üflenip çalynýan, kirişli, kakylyp çalynýan saz gurallarynda ýerine ýetirilýän orkestr sazy («*şi fan gu*» ýa-da «*su si şu fan*» diýlip atlandyrylan) giňden ýaýraýar. XIX–XX asyrlarda Hytaýa Ýewropanyň täsirleri aralaşýar. Ýewropanyň saz medeniýeti bilen tanyşlyk Ýaponiýanyň üsti bilen amala aşyrylýar. Ýewropanyň saz gurallarynda oýnaýan ilkinji hytaý sazandalary, ýewropa tipli orkestrler we ýewropa sazynyň nusgawy eserleriniň ilkinji hytaý neşirleri peýda bolýar.

XX asyryň başlaryna, medeniýetiň hemme ulgamlarynda giňişleýin düşündiriş işleri geçirilen döwri, sazy Hytaýyň okuw jaýlarynda öwrenip başlaýarlar. Ezişe garşy milli garşylyk görkezýän aýdymlar peýda bolýarlar. Hytaý halkynyň daşary ýurt imperialistlerine garşy göreşi häsiýeti boýunça rus işçiler synpynyň aýdymlaryna golaý bolan täze öwrülişik aýdymlarynyň peýda bolmagyna getirýär. Hytaýa rus öwrülişik aýdymlary aralaşýar. Saz dili boýunça elýeterli bolan, hytaý halk sazynyň däp-dessurlaryna golaý bolmak bilen, olar meşhurlyk gazanýarlar. Häzirki zaman ýewropa sazyny özleşdirmeklik başlanýar.

Hytaý medeniýetinde «*ýue*» düşünjesi diňe sazy däl-de, sungatyň çeperçilik taýdan ýokary derejeli başga ugurlaryny hem aňladypdyr. Saz sungatyna häsiýetli bolan köpderejeli simwoliki pikirlenişinde, sazyň seslerini, gurallaryny, žanrlaryny dünýä älemi hem-de jemgyýet-syýasy ulgamlary bilen baglanyşdyrmak ymtylyşlary ýüze çykýar. Şeýlelikde, 12 basgançakly ses hatary eýeleýän «*lýuý-lýuý*»

ulgamynyň sesleri Günüň we Aýyň ýerleşmegi, ýylyň aýlary bilen baglanyşdyrylypdyr. Şonuň esasynda *pentatonika* ses hatary döredildi, onuň sesleri hytaý diline mahsus semantiki äheňlendirişiň 5 topary, tebigatyň hadysalary, dünýäniň taraplary we jemgyýet basgançaklary bilen deňeşdirilýärdi.

Biziň eýýamymyzdan öň V-III asyrlarda pentatonika ses hataryna ýene-de 2 sany ses goşuldy. Şeýlelikde, *lidiý lada* gabat gelýän 7 sesli gamma döredildi. X–XIII asyrlarda, *Sun* döwründe, Hytaý sazynyň lad konsepsiýasy *Şen Kua, Tsaý Ýuan'din, Şan Ýan', Şen' Ýuantsin* ýaly sazanda-alymlar tarapyndan täzeçe işlenildi. Ladyň (*týao*) gurluşy 12 sesden haýsysynyň esasy bolup saýlanmagyna bagly. Nazaryýet taýdan 84 ladyň bardygy belli, Emma saz tejribesinde hemmesi ulanylmaýardy. 12 basgançakly ses hatary iki sany bir-birine aralaşýan ses hatarlardan düzülen: *in*' (*minor*) we *ýan* (*mažor*). Gadymyýetde Iýerogliflerden düzülen hytaý nota ulgamy dürli görnüşlerde (lýuý-lýuý, 5–7-tonly, *gunçepu*) häzirki günlerde hem ýörgünlidir.



**Pekin operasy**

**Hytaý operasy** özünde aýdym, saz we çeper hereketleri jemleýär. Onuň gelip çykyşy XIII–XIV asyrlarda dörän *ýuan dramasy* bilen baglanyşykly. XVIII asyrlaryň ahyrlaryna Hytaý teatrlarynda bellibir ulgamda düzülen birnäçe esasy sýan-motiw aýdymlary emele gelip, döwrüň ahyryna çenli düýpleýin özgermegi dowam etdirdi. Şol döwürler halkyň arasynda ýerli opera žanrlary giňden bellidi – *gaosiýan, iansiýasy, bansyzýan, lýuszysýan*.

Çeper hereketlerden başga, hytaýlaryň opera düşünjesine aktýorlaryň grim we geýim üsti bilen gahrymanlaryň hereketini ýüze çykarmak häsiýetlidir. Şeýle-de hytaý operasyna aýdymlaryň ýokarky registrleri, sazyň sahna hereketlerine baglanyşygy, ondan döreýän depginiň haýallamagy we çaltlaşdyrylmagy mahsusdyr. Sazandarlyk etmek üçin hytaý operasynda *suona, tszinhu, erhu* we başga-da birnäçe kirişli hem-de, hökmany suratda, kakylyp çalynýan saz gurallar peýdalanylýar.

Häzirki zaman Hytaý opera žanrlardan *Pekin operasy* has ýaýrandyr. *Kýun'tsýuý* hytaý operasynyň žanry halkara ÝUNESKO guramasy tarapyndan adamzadyň maddy bolmadyk gymmatlyklarynyň hataryna goşuldy.



**Operanyň baş gahrymany**

Hytaý medeniýetinde ýekelikde we ansambl görnüşinde ýerine ýetirilýän instrumental saz däpleri ýaýran. Saz gurallaryň köpüsi başga medeniýetlerden alnandyr. Däp boýunça, hytaý saz gurallaryny ýasalyş materiallaryna görä 8 tembre bölmek bolýar:

- Ýüpekden ýasalýan kirişli saz gurallary – 絲 (iň uly topary öz içine tsitrany, kemençeli saz gurallary alýar);
- Bambukdan ýasalýan üflenip çalynýan saz gurallary – 竹;
- Agaçdan ýasalýan ksilofonlar – 木;
- Daşdan ýasalýan litofonlar – 石;
- Metaldan ýasalýan jaňlar, metallofonlar, tsimballar, gonglar – 金;
- Palçykdan ýasalýan *sýun, fou* – 土'
- Kädiden ýasalýan üflenip çalynýan saz gurallar – 匏;
- Hamly membranofonly kakylyp çalynýan saz gurallar – 革.

**Pipa** – hytaýlaryň lýutnýa görnüşli dört kirişli çirtilip çalynýan saz guraly. Hytaýda pipa iň ýörgünli saz gurallaryň biridir. Pipa baradaky ilkinji ýatlamalar III asyr edebiýatynda ýüze çykýar, onuň birinji şekilleri V asyrda döreýär. Emma pipa kybapdaş saz guraly Hytaýda eýýäm b.e.öň III asyrda bardy. Pipa diýen at saz guralyň ýerine ýetiriliş usuly bilen baglanyşykly: «pi» – barmaklary kirşiň aşaklygyna ugrukdyrmak manyny berýär, «pa» – ýokarlygyna hereket.



**Pipa**

Pipanyň kädisi armyda meňzeş, onda hiç hili ses berýän rezonatorlar ýokdur. Birinji dört sany perde gysga sapyň üstünde ýerleşýär, galan 13–14 sany perde inçe taýajyklar görnüşde gapagyň ýokarsynda ýerleşdirilen. Kirişler ýüpekden ýa-da metaldan ýasalýar. Saz guralyň uzynlygy 100 sm, giňligi 30–35 sm. Ses plektr ýa-da käwagtlar, ýörite ösdürilen dyrnak bilen ýaňlandyrylýar. Kirişleriň düzgüni: ***A – d – e – a***. Diapazony *A*-$a^2$. Doly hromatiki ses hatary ulanylýar.

Pipada oturyp, kädini dyza goýup, sapyny çep egne diredip çalýarlar. Pipa ýekelikde çalynýan hem-de ansambl we orkestr saz guraly hökmünde peýdalanylýar, onuň sazandarlyk etmeginde aýdym we deklamasiýa ýerine ýetirilýär. Ýekelikde, esasan, liriki sazlary we programmaly fantaziýalar ýerine ýetirilýär. Pipa Merkezi we Ortaýer Hytaýda giňden ýaýran. VIII asyrdan başlap Ýaponiýada *biwa* ady bilen ýaýradyldy.



**Erhu**

**Erhu** – hytaýlaryň gadymy kemençeli saz guraly. Çalyş pursadynda ýerine ýetiriji kemençäniň kirişlerini sag eliniň barmaklary bilen gysýar, kemençäniň özi bolsa saz gural bilen kirişleriniň arasyndan geçirilip, bir bitewülik döredýär. Çep eliň barmaklary tegelek sapda *wibrato* usulyny ýerine ýetirýärler. Hytaý sazandalar agaçdan ýasalan silindrik rezonatoryň üstüne *kanifoly* damdyrýarlar we şoňa kemençäni sürtýärler. Rezonatoryň membranasy ýylanyň hamyndan ýasalýar. Erhu Hytaýyň ähli künjeklerinde ýaýran.



**Ban'hu**

**Ban'hu** – hytaýlaryň kemençeli saz guraly, *hutsiniň* görnüşi. Kokosyň hozundan ýasalan kädisini ýukaja agaç gap ýapýar. Uzyn perdesiz sapyň ujunda gulaklar ýerleşdirilen. Saz guralyň umumy uzynlygy 700 *mm*. Iki sany kiriş kwinta düzülen ($d^2$-$a^1$). Modellezirlenen saz guralyň hromatik diapazony $c^1$-$e^1$.

Ýerine ýetiriji kirişleri sapa degirmän basýar. Demirgazyk hytaý sazly dramalarda gadymy ban'hu, esasan, akkompanirleýji saz gural hökmünde ulanylýardy. XX asyrda ol orkestr saz guraly hökmünde çykyş edip başlady.

**Çžu** – hytaýlaryň bäş kirişli gadymy saz guraly. Ýerine ýetirijilik usuly boýunça *tsimbalalara* ýakyn, *tsitra* bilen hem köp meňzeşlikler bar.

Häzirki döwürde bu saz gural ulanyşdan çyksa-da, onuň üç sany nusgasy heniz bar. Olaryň biri b.e. öňki 433-nji ýyla degişlidir. Saz gural *Suý* we *Tan* dinastiýalarda örän ýörgünli bolup, *Sun* imperiýasynda ulanyşdan çykýar.

**Guçžen** – hytaýlaryň halk saz guraly. *Tsitra* toparyna degişli. Häzirki zaman guçženler ýarym tegelek gurluşly, kirişleriň sany 21–25. Öňler kirişler ýüpekden ýasalýardy, soňky wagtlarda – metaldan (ýokarky registrdäki sesleri berýän kirişler polatdan, bas kirişler – daşyna mis bilen oralan polatdan ýasalýar).



**Guçžen**

Bu saz guralda dürli ýerine ýetirijilik usullary bar, köplenç, sag el bilen kirişleriň dartgynlygyny kesgitleýärler, çep el bolsa sesleri almak üçin ulanylýar. Käbir sazandalar sag eliň barmaklarynda plektrleri dakýarlar.

**Di** – gadymy üflenip çalynýan saz gural, alty deşikli kese fleýtadyr. Köplenç, bambukdan we gamyşdan ýasalýar, emma onuň agaçdan hem-de daşdan (nefritden) ýasalan görnüşleri hem bar. Guralyň ýapyk ujunyň ýanynda ýukajyk gamyşdan ýasalan, plýonka bilen ýapylan deşik ýerleşýär. Tüýdügiň açyk tarapynyň ýanynda ýerleşýän galan dört sany deşik bolsa sesleri düzmek üçin niýetlenen. Fleýtanyň nili gara lak bilen boýalan ýüpler bilen oralýar. Ýerine ýetirijilik usullar kese



**Di**

fleýta ýakyn. Saz guralyň tembri arassa we güýçlüdir, bu aýratynlyk gamyş plýonkanyň seslenilişi bilen gazanylýar.

Di Hytaýda iň ýörgünli üflenip çalynýan saz gurallaryň biridir. Onuň, takmynan, b.e. öň 140-87-nji ýyllar aralygynda Hytaýa Orta Aziýadan getirilendigi barada çaklamalar bar. Emma *Çžetszýan* prowinsiýada geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, 8000 ýyl gadymylygy bilen kesgitlenýän, süňkden ýasalan di saz guralyna meňzeş kese fleýtalaryň tapylmagy, diniň hakyky hytaýlaryň saz guraly bolandygyny öňe sürmäge mümkinçilik berýär.

Di saz guralynyň iki sany görnüşi bar: *tsýuýdi* («*kýuntsýuý*» sazly dramanyň orkestrinde ulanylýan) we *bandi* (demirgazyň prowinsiýalaryň «*bantszy*» sazly dramalarynda peýdalanylýar). Deşigi ýapylmadyk görnüşleri *mendi* diýlip atlandyrylýar.

**Gong** – gadymy hytaýlaryň öz-özünden ýaňlanýan kakylyp çalynýan saz guralydyr. Ol metaldan ýasalan *idiofonlara* degişli bolup, beýkligi kesgitli bolmadyk, gamgyn, howply, gorkuly tembri bilen tapawutlanýar. Bürünje meňzeş erginden ýasalýar. Kakylandan soň, saz guralda uzak wagtyň dowamynda wibrirlenýän ses saklanylýar.

Gongyň peýdalanylyşy örän giň: milli saz gurallar orkestrinde gong esasy orun eýeleýär, şeýle-de halk saz gurallar ansambllarynda, operanyň ýerine ýetirilmeginde. Gonguň kakylmagy tanslarda hem peýdalanylýar. Şeýle-de Ortaýer Hytaýda *Duan'u* baýramçylygyň öň ýanynda geçirilýän drakon şekilli gämileriň bäsleşiginde gonguň sesi giňişleýin ulanylýar.



**Uly gong**

Taryhy maglumatlara görä, gong ortaýer-gündogar Hytaýyň *Ýawa* adasynda b.e. öň II asyrda döredildi. Medeni etniki gatnaşyklary sebäpli, gonguň meşhurlygy ýurduň ähli sebitlerinde ýaýrap başlady. Şol döwürlerde serkerdeler gong seslerine daýanyp, goşunlary söweşe alyp barýardylar. Gadymyýetde

gong, esasan, harby maksatlary üçin ulanylýardy. Häzirki wagtda gonguň 30-dan gowrak görnüşleri bar, olardan iň belliler *uly gong* we *kiçi gongdur*.

Gong – erkin asylan, içine oýulan uly göwrümli disk bolup, ýörite tokmak bilen urulýar. Onda *tremolo* meňzeş sesleri hem almak mümkindir. Has çylşyrymly ritmleri gazanmak üçin, kiçi barabanyň taýajyklaryny ulanýarlar.

Gonglar görnüşi boýunça iki topara bölünýärler: asylýan we gap görnüşli. Asylýan gonglardan ses tokmaklar bilen ýaňlandyrylýar. Gap görnüşli gonglarda sesiň ýaňlandyrylmagy barmagyň sürtülmegi bilen hem gazanylýar. Olar, esasan, dini däplerde, buddaçylyk ýörişlerde peýdalanylypdyr. *Gong çhau* Ýewropada «nyşan» diýlip atlandyrylýar. Öňler ol ýokary derejeli wekillere ýol bermek üçin kakylýardy. «*Tam-tam*» diýlip atlandyrylýan *Uly gong* häzirki wagtda ähli simfonik orkestrlerde ulanylýar.

**?** **Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Hytaýyň taryhy ösüşi barada gysgaça gürrüň beriň.
**2.** Konfusiniň saz bilen baglanyşykly haýsy çeşmelerini bilýärsiňiz? Olarda haýsy saz gurallarynyň atlary tutulýar?
**3.** Hytaý halk aýdymlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz? Olar haýsy alamatlar boýunça toparlara bölünýär?
**4.** Demirgazyk we günorta mekdepleri häsiýetlendiriň.
**5.** Hytaý saz ladlary barada gürrüň beriň.
**6.** Pekin operasyny häsiýetlendiriň. Ol haýsy saz gurallaryň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär?
**7.** Hytaý halk saz gurallary barada gürrüň beriň.

12. Sargyt № 2977

# VII Ýaponlaryň saz medeniýeti

Ýapon sazy özünde ýurduň emele gelmeginden häzirki wagta çenli dörän köp dürli žanrlary jemleýär. Milli halk saz gurallardan ugur alyp, ýapon sazynyň hytaýlaryň sungaty bilen ýakyn gatnaşykda bolandygyny görmek bolýar. Şonuň bilen bilelikde, Ýaponiýada materikden tapawutly özboluşly ugurlary hem döredildi. Öňler saz diňe teatr oýunlary we baýramçylyk däpleri bilen baglanyşykly bolansoň, ol ýönekeý saz çykyşlarda ulanylmaýar. Emma häzirki wagtyň ýerine ýetirijileri öz sungatynda milli däpleriň elementlerinde giňişleýin peýdalanýarlar.

Ýapon sazynyň ösüşiniň taryhy Ýaponiýanyň sosial-ykdysady we medeni ösüşindäki wajyp döwürlere bagly bolan birnäçe tapgyra bölünýär. Kýusýu adasynda we Merkezi Ýaponiýada Ýaýui döwründe (b.e. öňki V–IV a.) ilkinji tire-taýpa birleşmeleri dörän wagtynda şahyrana aýdym halk döredijiligi peýda bolýar. *Koful* döwründe (III–IV) *Ýamato* döwletiniň dörän zamanynda *sintoist* mifologiýasy emele gelip başlanda (onuň esasynda tebigatyň we ata-babalaryň hudaýlarynyň kulty ýatyr) «*Kaçuryň misteriýasy*» diýlip atlandyrylan dini dessurlar ýaýrap ugrapdyr, olar her dürli däp-dessur aýdymlaryny we tanslaryny öz içine alýardylar.

III asyrda Ýapon adalaryna, esasan, Koreýadan we Hytaýdan materik medeniýeti aralaşyp başlapdy. Bu hadysa *Asuka* döwründe (552–645) ýer-eýeçilik gatnaşyklarynyň güýçlenmegine we Ýaponiýada döwlet dini hökmünde butparazçylygyň ykrar edilmegine getirýär, bu bolsa öz gezeginde ýurduň ruhy medeniýetinde butparazçylyk kultunyň sazynyň gelmegini üpjün edýär. VII–VIII asyrlarda adalardan ybarat bolan ýurduň, esasan, Koreýanyň, Hytaýyň we Hindi–Hytaýyň medeniýetinden ybarat gündogar-aziýa medeniýetine goşulmagy bolup geçýär. Şol wagtyň ýapon sazynyň esasyny sanskritde (*bonsan* – sanskr., gimn), Hytaý (*kansan*) we ýapon (*wasan*)

dillerinde ýerine ýetirilen «*Sutr*» (gadymy hindi butparazçylyk traktatlary) we «*san*» diýlip atlandyrylan senalardan ybarat bolan butparazçylyk ýazgylarynyň heňleri düzýärdi. Naryn (645–794) we irki Heýan (794–894) döwürlerinde butparazçylyk aýdymlary «sýomýo» (şöhle saçýan aýdym) diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Ýazuwdan öňki döwrüň ýapon sazynyň ösüşi baradaky maglumatlar ýapon medeniýetiniň VIII asyra degişli bolan ýadygärliklerinde – «*Kodaiki*» atly mifler toplumynda, «*Nihonsýoki*» (Ýaponiýanyň ýyl ýazgylary) diýen senenamada, şeýle hem gadymy «*Manýoskde*» (Sansyz ýapkarlaryň toplumy) şahyrana antologiýasynda orun tutandyrlar. *Gagaku-re Taýnan* reformasyndan başlap, köşgüň saz durmuşy ýazuw çeşmelerinde bellige alnyp başlanypdyr.

*Nar* döwrüniň (646) professional ýapon sazynda köşk sazandalary tarapyndan **«gagaku»** diýen düşünjesi ilkibaşda kontinental saz teatr sungaty diýen düşünjäni aňladýardy, soňra bolsa bu at goňşy döwletleriň medeniýeti bilen genetiki taýdan bagly bolan milli äheňdäki eserleriň hemmesine degişli ulanylyp başlaýar. Gagakunyň eserleri uly köşk orkestriniň (30 saz gurallardan ybarat bolan) sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilen köşk tanslaryndan ybarat bolupdyr.

**Gagaku** (*ýap*., «inçe», «nepis», «aňry başy») – orta asyrlarda dörän ýapon nusgawy sazynyň žanry. Birnäçe asyrlaryň dowamynda sazyň bu görnüşi imperatoryň köşgünde ýerine ýetirilmek üçin düzülýärdi. Bu saz, umuman, *kangen* (instrumental sazy) we *bugaku* (tans) ýaly görnüşlere bölünýär. Olaryň içinde hem, öz nobatynda, üç sany topary kesgitlemek bolýar: *ýapon däplerini* özüne siňdiren santoist atly dini sazy we *saibara* halk aýdymlary; *koreý däplerinden* gelip çykýan *komagaku* žanry (*bugaku* atly tansa sazandarlyk edýän); *Hytaýyň Tan* döwrüniň däplerinden gelip çykan *togaku* žanry (üflenip, kirişli we kakylyp çalynýan saz gurallary üçin instrumental eserleri). Täze döwürde häzirki zaman ansamllar üçin niýetlenen, *gagaku* žanrynyň *reýga-*



**Gagaku**



**Bugaku tansy**

*ku* atly täze görnüşi döredilipdir. Gagaku stilinde täze eserler hem döredilýär.

VII–VIII asyrlarda ýapon sazandalary «*tan*» Hytaý sazynyň nazaryýetini öwrenmeklige uly üns beripdirler, onuň gagaku sazyna bolan täsiri şol wagt kesgitleýji bolupdyr; muňa gelip çykyşy boýunça hytaý lad gurluşy bolan pentatoniki ses hatarynyň, esasan, dört taktlaryň baglanyşygyna esaslanan takyk simmetriki ritm-arhitektoniki formulalaryň ulanylmagy şaýatlyk edýär. Häzirki zaman ýapon sazşynaslary şu wagtlar hem gadymy ýapon sazy bilen baglanyşykly bolan düşünjeleri aňlatmak üçin hytaý adalgalaryndan peýdalanýarlar. Hakyky gadymy ýapon sazynyň käbir taraplarynyň, Ýaponiýa bilen şol döwürde medeni gatnaşyklarda bolan Hytaýyň we beýleki gündogar ýurtlarynyň saz sungatlary bilen tipologik meňzeşliginiň bolan bolmagynyň mümkindigi baradaky çaklamalar bardyr.

*Heýan* döwründe *Nar* döwrüniň gagakusynyň esasynda mili professional saz medenieýtiniň esasyna öwrülen täze tär döredilýär. Ilkinji professional ýapon sazandalary daşary ýurtly ussatlardan Ýaponiýada (gagaku-rýo) ýa-da Hytaýda sapak alypdyrlar; olaryň arasynda eserleri gagakunyň häzirki zaman repertuarynda saklanyp galan fleýtaçy we mukamçy *Oto Klýogami, Wanibe Otamaro* (798–864), *Manamoto no Makoto* (819–868) bardy (olar halk žanrlary nusgawy ýapon sazynyň ajaýyp nusgalaryna öwrüldiler). Olar tarapyndan gagakunyň üýtgedilmegi amala aşyrylypdyr we ýapon saz gurallarynyň dessur nusgalary işlenip düzülipdir. Üýtgedilenden soň onuň repertuarynda *tagakuny* (*Lini* döwletinde sazandalaryň sahna meýdançasynda ýerleşişine görä «çep tarapyň sazy» diýlip atlandyrylýardy) we komagakuny («sag tarapyň sazyny») tapawutlandyryp başladylar. Togakuda «*sýo*» diýen dilli saz guraly, «*rýuteki*» we «*hitiriki*» diýlen üflenip çalynýan saz gurallary, «*biwa*» diýen kirişli saz guraly, «sýoko», «*kakko*» we «*taýko*» diýilýän kakylyp çalynýan saz gurallary ulanylýar. Ilkibaşda saz we tans «bugaku» žanrynyň bütewi birliginde orun tutýardy. Soňra arassa instrumental eser bolan «*kangei*» peýda bolýar.

VIII–XII asyrlarda saz öwredilişiniň derejesiniň ýokary bolmagy saz sungatynyň ösmegi üçin amatly şertleri döredýärdi. Saz we tans jemgyýetçilik durmuşynda wajyp orny eýeleýärdi. Ýapon sazynda goňşy ýurtlaryň sazyny saklap galmak dessury bilen bir hatarda, ýapon we kontinentiň käbir ýurtlarynyň saz medenieýtiniň sintezi bolup durýan milli täriň peýda bolmagyna ýykgyn edýärler. Onuň düýbüni tutujylaryň biri bolan *Minamoto Hiromaso* barada rowaýatlar düzülýärdi. «Gagaku» diýen instrumental sazynyň dessur nusgalarynyň ösüşiniň dowamy *«saýbara», «roeý», «imaýo»* diýlip atlandyrylan täze wokal-instrumental görnüşleri peýda bolýar. Netijede, uly tersiýadan we kiçi sekundadan, kiçi tersiýadan we uly sekundadan ybarat bolan, esasyny beýgelýän we peselýän trihordalar düzýän özboluşly äheňleýin toplumy emele gelýär. Soňra bu äheňleýin düzümiň esasynda «*in*» we «*ýo*» perdeleri emele gelýärler (*insenpo we ýosenpo*). Instrumental saz bolan gagakunyň *lad-tonal* düzümi 6 sany ses hataryndan ybarat bolýar.

Asikagynyň döwründe (1335–1573) dürli teatral tomaşalaryň esasynda emele gelen **«No»** diýen nusgawy **saz teatry** döreýär. «No»-nyň düýbüni tutujylar – dramaturg, horeograf, kompozitor, drama aktýory, aýdymçy we tansçy *Kanýami* (*Ýusaki Kiýotsugu*, 1333–1384) we onuň ogly *Dzeami* (*Ýusaki Motokiýo*, 1363–1443) bolupdylar. Dzeami şeýle hem ýapon sazynyň dessurlaryny gowy bilýän, «No» teatrynyň nazaryýetçisi, ençeme traktatlaryň awtory bolupdyr. Teatryň sahnajyklary *aýdym, tans* we *teatr* žanrlary özünde jemleýär. Bu žanrlaryň baglanyşygy ýapon sungatynyň ýeten iň beýik derejeleriniň biri bolan «No» teatrynyň peýda bolmagy üçin esas boldy. Onda dramanyň, operanyň, baletiň (ýewropa adalgasy boýunça) elementleri jemlenipdir. «No» teatry häzirki döwürde-de meşhurdyr, eserleriniň tematikasy ýapon we hytaý rowaýatlaryndan, taryhy wakalardan we gahrymanlaryň terjimehalyndan alnypdyr.

«No» teatrynyň wokal sazynyň esasyny solistiň we horuň sazlaşykly ýerine ýetirýän bir sesli sazy düzýär. Bu gürrüňe we aýdyma golaýlaşýan çeýe wokal ugurdyr. Aýdymçylaryň äheňlendirişiniň gözbaşy butparazçylyk «sýomýo» däplerinden we biwa-bodzu re-

çitasiýalaryndan gelip çykýar. «No»-nyň spektakllary saz gurallary toparynyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär. Bu ansambl aýdyma sazandarlyk edýär ýa-da uly bolmadyk interlýudiýalary ýerine ýetirýär. Kakylyp çalynýan saz gurallarynyň ritmiki düzüminde, takmynan, 200 töweregi ritm şekilleri bardyr. Fleýta wokal ugruna özboluşly kontrapunkt düzýär.

Sazda ähmiýetli elementleriň biri bolup durýan, sazandalaryň gepleýşi we wokal «sesleri» spektaklda aýratyn täsirli orny eýeleýärler. «No» oýnuň kulminasiýasy – horuň we saz gurallarynyň toparynyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýän baş gahrymanyň tansydyr. Häzirki wagtda «No» teatrynyň 6 sany mekdebi bardyr.

XVI–XVII asyrlaryň çäklerinde **gurjak teatry** döredilýär. Onuň oýunlarynyň sýužeti ýapon edebiýatynyň söýgüli gahrymany bolan ýer eýesi, mülkdar *Iosisuneniň* gözel *Dzýorury* bilen, söýgi taryhy bilen baglanyşyklydyr. Gurjak teatrynyň goýýan oýunlaryna aýdymlaryň, ertekileriň goşulmagy sungatyň täze görnüşiniň – «**Dzýoruri**» diýlip atlandyrylan **teatryň** döremegi üçin esas bolupdy. Ertekileriň aýdymlary ilkibaşda biwanyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilipdir, Dzýoruriniň pýesalary bolsa, ýapon saz guraly «sýamiseniň» sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilipdir. Dzýoruriniň gülläp ösmeginde dramaturg *Tikamasu Mondzaemonyň* (1653–1724) we rowaýatçy *Takemoto Gidaýýunyň* (1651–1714) hyzmatlary uludyr. Dzýoruri teatrynda sahnada sýamisen çalyjynyň ýanynda *gidaýýu* (rowaýatçy) otyr. Ol giň reçitatiw görnüşinde gahrymanlaryň we awtoryň bellikleri ýerine ýetirýär. Gidaýýunyň aýtmagynda we sýamiseniň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýän Dzýoruriniň rowaýaty soňra **«Gidaýubusi»** diýlip atlandyrylyp başlaýar.

*Tokugawanyň* döwründe şäher medeniýetiniň ýokary galmagy netijesinde **«Kabuki» halk teatry** peýda bolýar («ka» – aýdym, «bu» – ýapon dessur tansy, «ki» – ussatlyk). Bu teatryň ösüşiniň irki döwürlerinde onda sýamiseniň sazandarlyk etmegindäki aýdymly tans pýesalary agdyklyk edýärdi. Şol döwürden başlap Kabukiniň pýesalary sýužetli köp bölümli dramalara öwrülýärler. Kabuki üçin pýesalary professorlar, dramaturglar *Tikamasu Mondzaemon* ýazypdyr. Käbir ýagdaýlarda «No» we «Dzýoruri» teatrlarynda peýdalanylan pýesalar

täzeden işlenilýärdi (bu Kabukiniň sazynda ýüze çykýar). Onda, «Dzýoruri» teatrynda hem bolşy ýaly, gidaýýunyň orny örän uludyr. Ol sýamiseniň sazandarlyk etmeginde diňe bir hereketi düşündirmän, eýsem gahrymanlaryň parçalaryny hem okaýar.


**«Kabuki» teatry**

Saz rowaýatyň hereketi we tansy gidip durka, hor «*nagauta*» (uzak aýdym) diýlip atlandyrylýan deklamasiýa aýdymy ýerine ýetirilýär. «No»-nyň dramaturgiýasyny peýdalanýan Kabukiniň pýesalary, ansamblyň ýerine ýetirmeginde «*haýasi*» diýlip atlandyrylýan uzak intermediýalary hem öz içine alýar. Kabukiniň däp-dessurlary şu wagtlara çenli saklanyp galypdyr; onuň kadalary Tokionyň, Kaotonyň, Osokanyň we Nogoýanyň sahnalarynda gidýän häzirki zaman pýesalarynyň esasyny düzýärler.

Saz folklora degişli *Kagurauta, Adzumaasobi, Ýamatouta, Todaku* we *Komagaku* ýaly žanrlar Tan döwründe Ýaponiýa Hytaýdan gelipdirler. Ýurt geziji rowaýatçylar (*biwa-hosi*), özlerine biwada sazandarlyk edip, halka epiki eserleri ýetiripdirler. Şeýle-de ýurduň dürli sebitlerinde kör monahlaryň erkeklerden (*mo:so*) we aýallardan (*godze*) düzülen kiçi toparlar aýlanypdyrlar. Olar *koto* we *sämisen* saz gurallarynda özlerine sazandarlyk edip, üstünlik getirýän dini aýdymlary ýerine ýetiripdirler.


**Gogenbiwa**

**Biwa** – milli ýapon saz guraly. *Biwa* adalgasy özünde lýutnýa maşgalasyna girýan birnäçe saz gurallary jemleýär. Ýaponiýada eýýäm VIII asyryň ýazuw çeşmelerinde ýatlanylýan, biwanyň *gakubiwa* we *gogenbiwa* ýaly görnüşleri ýaýran.

**Gakubiwa** – armyt şekilli, gysga saply, dört perdeli yza öwrülen kelleli saz gural. Onuň dört sany kirşi ýüpekden ýasalýar, kirişleriň düzgüni *gagaku* atly

ýapon nusgawy sazynyň lad-tonal ulgamy bilen gabat gelýär. Saz guralyň uzynlygy 122 *sm*, giňligi 41 *sm*. Ses plektr (18 *sm*) bilen ýaňlandyrylýar. Gapakda plektrden çyzyk yzlar galmaz ýaly, onuň üstüne gara reňkli giň lenta ýelmenilýär.

Soňra biwanyň *Sasabiwa, Heýkebiwa, Satsumabiwa* ýaly dürli täze görnüşleri emele gelipdir. Olar, esasan, harby we budda rowaýatlaryň okalmagynda sazandarlyk etmek üçin ulanylýar. XIX asyrda bu saz guralyň *Tikudzenbiwa* atly iň soňky görnüşi döreýär.



**Koto**

**Koto** – ýaponlaryň çirtilip çalynýan saz guraly. Bu saz gural *haýasi* we *sýakuhati fleýtalar, tsudzumi baraban* we *sämisen* lýutnýa bilen bilelikde ýaponlaryň milli saz gurallaryna degişlidir. Bu saz gurala meňzeş görnüşleri Koreýada (*kaýagym*) we Hytaýda (*tsisýan'tsin'*) bar.

Ýaponiýa koto saz guraly Naranyň döwründe getirilip (710–793), köşk orkestrlerde we gagaku sazynda ulanylypdyr. Kämillik ösüşe Heýan döwründe ýetýär. Bu saz gural üçin iň belli eserleriň biri «*Rokudan-no sirabe*» («Alty basgançagyň sazy») XVII asyrda kör ussa *Ýatsuhasi Kengö* tarapyndan döredildi.



**Kotoda ýerine ýetiriji**

Kotoda uly, süýem we ortaky barmaklara ýelmenýän dyrnak-mediatry (*kotodzume*) çalýarlar. Saz guralyň ladlary we tonallyklary çykyşyň öňünde sazlaşdyrylýan eşeklere bagly.

Kotoda ýetine ýetirijilik sungaty milli ýapon däpleriniň biridir, ol, ilki bilen, imperatoryň köşgünde ýaýrapdyr. Häzirki döwürde-de bu gural ýapon sazynyň ähli ugurlarynda ulanylyp, umumy medeni ösüşine uly täsir edýär.

*Saz guralyň iki sany görnüşi belli:*

– *Kin* – ýedi kirişli, 1 metr uzynlygy, solo hökmünde ulanylýaк;
– *So* – 13 sany kirişli, uzynlygy 1.80 – 2 metr, orkestr saz guraly hökmünde ulanylýar.

**Sämisen** – ýaponlaryň üç kirişli çirtilip çalynýan milli saz guraly. Ýaponiýada XV–XVI asyrlarda *Sansin* saz guraldan emele geldi. Ýewropa ýurtlary bilen tapawutlylykda, Ýaponiýada halkyň söýgüsini gazanan sämisen we başga-da milli saz gurallary örän ýörgünlidir. Bu alamat ýaponlaryň öz taryhyna we medeniýetine bolan sylag-hormaty bilen däl-de, bu saz gurallaryň *kabuki* we *bunraku* atly milli ýapon teatrlarda ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr.



**Sämisen**

Sämiseniň birnäçe görnüşleri bar, olar bir-birinden sapynyň giňligi bilen tapawutlanýarlar. Inçe saply saz gurallar **hosodzao** diýlip atlandyrylýar, olar, esasan, *nagaut* (kabuki we bunraku) sazlarda ulanylýar. Orta möçberdäki saply saz gurallar **týudzao** diýlip atlandyrylýar, olar *kiýomoto, tokiwadzu* we *dziuta* ýaly žanrlarda ýörgünli. Demirgazyk Ýaponiýada, has hem *Tsugaru* welaýatynda, sämiseniň giň saply görnüşi ulanylýar, ol **tsugaru-dämisen** diýlip atlandyrylýar. Bu saz gural aýratyn ýerine ýetirijilerden ussatlygy talap edýär. *Dzýoruri* atly gurjak teatrynda iň giň saply saz gural ulanylýar, ol *futodzao* diýlip atlandyrylýar.

Sämiseniň kädisi, gymmat baha zatlar işläp çykarmaga ulanylýan *gyzyl agaçdan* ýasalýar, onuň gapagy pişigiň ýa-da güjügiň hamyndan, kirişleri ýüpekden, neýlondan ýa-da tetlondan edilýär. Bu saz guralda çalmak üçin agaçdan, pil süňkünden, pyşdylyň gapagyndan, gäwmüşiň buýnuzyndan ýa-da plastikden ýasalýan, üçburçluk şekilli, ýiti gyraly uly göwrümli plektr (*bati*) ulanylýar. Tsugarudämiseniň plektri kiçiräkdir, ol *ginkgo* agajyň ýapraklaryny ýatladýar.



**Hosodzaoda çalýan geýşalar**

Geljekki *geýşalar* (Ýaponiýada çaýhanalarda oýnaýan professional tansçy we aýdymçy aýallar) sämisende *kout* stilinde («gysga aýdym») çalmagy öwren-

melidir. Bunraku we kabuki žanrlarda ulanylýan *nagaut* stili «uzyn aýdymly» diýlip terjime edilýär.

Ýerine ýetirijilik stillerden iň çylşyrymlysy – gidaýu. Ol Takemoto Gidaýu (1651–1714) atly Osaka gurjak teatrynyň sazandasyna bagyşlanan. Gidaýu saz guralynyň göwrümi we onuň plektri gaty uludyr, aýdymçy hem aýdym aýdýar, hemem sahnada bolup geçýän zatlar barada gürrüň berýär. Çylşyrymlylygy sebäpli, oýnuň ortasynda ýerine ýetirijiniň ýerine başga alyp baryjy gelýär. XIX asyrdan başlap *onna-gidaýu* – ýerine ýetiriji aýallar hem çykyş edipdirler.

**Fue** (tüýdük, jürlewük) – ýapon fleýtalarynyň maşgalasyna girýär. Bambukdan ýasalýar. Sesi beýik. Çalnanda, fleýtadaky deşikler barmaklaryň gyrasy bilen däl-de, ortasy bilen ýapylýar.

Fue hytaýlaryň *Paýsäo* swirelinden gelip çykýar. Ýaponiýada bu saz gural V asyrda, Naranyň döwründe emele gelýär. Häzirki wagtda fue hem ýekelikde ýerine ýetirilmeklikde, hem orkestrde ulanylýar.

Fuenyň *kese* we *uzyn* görnüşleri bar. Kese görnüşlerde deşikler gyradan ýerleşýär, uzyn görnüşlerde – saz gurallaryň ujunda. Fueniň iň belli görnüşi – *säkuhati*.



**Säkuhati**

**Säkuhati** – Nara döwründe Ýaponiýa Hytaýdan gelen, bambukdan ýasalan uzyn fleýta. Häzirki günde säkuhatiniň ýigrimä golaý görnüşleri bar. Nusgawy uzynlygy 54,5 *sm*. Bu saz guralyň üýtgeşik, ajaýyp sesini ýerine ýetiriji öz islegine görä tembr taýdan üýtgedip bilýär. Bu mümkinçilik meditasiýa sazlarda (*suýdzen*) giňişleýin peýdalanýar. Ondan başga-da fleýta, özüniň ýönekeýligi bilen halkyň arasynda örän ýörgünli. Bu saz guralda *No* we *Kabuki* oýunlaryna sazandarlyk edilýär, şeýle-de *kagura* diýlip atandyrylýan *sintoist* sazlary we köp sanly halk heňleri ýerine ýetirilýär.

**Kagurabue** – fueniň iň uzyn (45,5 *sm*) görnüşi. Ol mikagura žanrda ilanylýar.

**Sinobue** we **Takebue** – beýik sesli, bambukdan ýasalýan uzyn fleýta. *Haýasi* ýapon orkestrlerde we *nagaut* žanrynyň ýerine ýetirilmeginde ulanylýar. Bu saz guralyň *Uta* (aýdym) we *Haýasi* (festiwal) ýaly ýerine ýetirijilik stilleri bardyr.

Uta stilini çalmaga niýetlenen fleýtanyň düzgüni gündogaryň nota belligine esaslanyp, ýekelikde ýerine ýetirilýär. Haýasi-sinobue saz guralyny düzmek bolmaýar, onda açyk, labyzly bolmadyk ses ýaňlanýar.

**Hottiku** – bambugyň düýbünden ýasalýan fue. Bu saz guralyna lak çalynmaýar, şonuň üçin ol «*dzinasi nobekan*» (laksyz) diýlip hem atlandyrylýar. Hottikunyň üstünden dört sany, aşagyndan bir deşik ýerleşdirilýär. Diapazon – iki oktawa. Saz guralyň uzynlygyna görä temb üýtgeýär.

Ýerine ýetirijilik usullary babatda hottiku *säkuhati* saz guralyna ýakyn, Emma hottikunyň sesi beýle arassa we labyzly däldir. Bu saz guralyň beýikligini düzüp bolmaýar, şonuň üçin ol diňe solo hökmünde ulanylýar. Onda meditasiýa (*süýdzen*) sazlary we *honköku* žanrdaky eserler çalynýar. Bu saz guralda diňe ýokary ussat sazanda çalyp bilýär.

**Komabue** (fleýta *Koryo*) – alty deşikli, dikligine çalynýan fleýta. Bu saz gural *gagaku* we *komagaku* ýapon köşk sazlarynda ulanylýar. Bambukdan ýasalýar, 36 *sm* uzynlygy bar. Taryhda bu saz guralyň ýasalyşy bilen Oga maşgalasy meşhurlanýar.

**Rýuteki** (drakon fleýtasy) – bambukdan ýasalýan, ýedi deşikli dik fleýta. Onuň uzynlygy 40*sm*. *Gagaku* žanrda ulanylýar. Çalynýan pur-



**Sinobue**



**Hottiku**



**Komabue**



**Rýuteki**

sadynda saz guraly saklaýan eller gorizontal ýerleşýärler. Rýutekiniň sesi asman ýagtylygynda uçýan drakonlary şekillendirýär. Bu saz guralynyň sesi *komabueden* pes, emma *kagurabueden* beýikdir. XX asyrda rýutekini, *sämisen* ýaly, häzirki zaman saz ugurlarynda köp ulanyp başlapdyrlar.

**Nokan** (No teatr üçin trubka) – ýaponlaryň *No* we *Kabuki* teatrlarynyň oýunlarynda sazandarlyk etmek üçin ulanylýan, ýedi deşikli dik fleýta. Ony XV asyrda teatryň aktýory *Kanýami Kiýotsugu* we onuň ogly *Dzeami Motokiýo* döredipdirler. Olar teatry reformirleýän döwründe dengaku (tüwi meýdanyň sazy) we *sarugaku* (maýmynlaryň sazy) ýaly žanrlary goşulypdyr.

Nokany ýasamak üçin, bambugyň kakadylan ýonuşgajyklary (kiçijik agaç owuntygy) ýelmenip, ülje agajynyň gabygy bilen bir-birine daňylýar. Saz guralyň uzynlygy 39,1 *sm*, giňligi 1,7 *sm*. Nokanda 2–3 santimetrli bogaz (*nodo*) ýerleşdirilen. Bu aýratynlyk saz guralda *faltset* sesini çykarmaga mümkinçilik döredýär. Şeýle-de ýörite edilen deşige kagyza oralan gurşun müşdügiň sokulmagy hem göz öňünde tutulýar.

Nokanyň diapazony iki oktawadan uly. Saz gural elde ýasalýar, onuň göwrümine görä, sesiň beýikligi üýtgedilýär.



**Taýko**

**Taýko** – Ýaponiýada ulanylýan barabanlaryň maşgalasy. *Taýko* uly baraban diýmekdir. Bu barabanlar III asyrda Hytaý we Koreýadan getirilen bolmagy mümkin, IX asyrdan başlap, olary ýerli ussalar ýasap başlapdyrlar. Saz gurallaryň gaby gaty agaçdan köwlüp ýasalýar. Taýkoda *bati* diýlip atlandyrylýan taýajyklar bilen kakýarlar. Bu saz gurallar *sintoizmde, Susanoo* atly Hudaýa bagyşlanan däplerde ulanylypdyr. Häzirki wagtda olar halk we nusgawy sazlarda peýdalanýarlar.

Ýaponiýada taýko – barabanlaryň umumy adydyr. Gurluş boýunça olar iki uly topara bölünýär:

**bö-daýko** – membranasy çüýler bilen berkidilen, düzgüni üýtgemeýän; oňa *o-daýko* we *ko-daýko* ýaly görnüşleri girýär.

**sime-daýko** – baglaryň we wintleriň kömegi bilen düzülýän barabanlar. Bu topara *da-daýko, ni-daýko, kakko, uta-daýko* we *tsudzumi* ýaly görnüşleri girýär.

Baraban çalyjylaryň ansambly Ýaponiýanyň milli nyşany bolup, *samuraýlaryň* ruhuny, fiziki we ahlak taýdan ýokary derejeli taýýarlanyşygyny beýan edýärler. Bu ansambllar 1970-nji ýyllarda has hem ýörgünli bolup, Ýaponiýadan daşary hem çykyş edipdiler. Bu çykyşlarda barabanlaryň sesleri hem-de ýerine ýetirijileriň hereketleri (*kata*) tomaşaçylara uly täsir edýär.

**Tsudzumi** – *sime-daýko* toparyna degişli ýaponlaryň kiçi barabanydyr. Onuň hindi-hytaý kökleri bar. Saz gural baglar bilen düzülýär. Onuň *çäge sagada* meňzeş gabyna iki membrana berkidilen. Membrananyň gyrasyndan geçýän baglar onuň dartgynlygyny kesgitleýärler. Sazanda sesiň beýikligini çykyşyň dowamynda üýtgedip bilýär.



**Tsudzumi**

Tsudzumi *No* we *Kabuki* sazlaryna, halk *minýo* aýdymlaryna sazandarlyk etmek üçin ulanylýar. Tsudzumi başgaça *kotsudzumi* (kiçi tsudzumi) ýa-da *okawa* (uly ham) diýlip hem atlandyrylýar. Bu saz gural çalnanda, oňa *otsudzumi* (uly tsudzumi) ýaly saz gural hem sazandarlyk edýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Ýapon sazynyň emele gelmegine täsir eden medeni-syýasy aýratynlyklar barada gürrüň beriň.
**2.** *Gagaku* žanryny häsiýetlendiriň.
**3.** «No» teatrynyň düýbüni tutujylar kim? Teatr haýsy žanrlary özünde jemleýär?
**4.** XVI asyrda dörän gurjak teatry barada gürrüň beriň.
**5.** «Kabuki» teatryny häsiýetlendiriň.
**6.** Ýaponlaryň üflenip çalynýan saz gurallarynyň toparyna haýsylar girýär?
**7.** Barabançylaryň hereketli çykyşlary barada gürrüň beriň.

# VIII Mongollaryň saz medeniýeti

1207-nji ýylyň gyşynda, Çingiz hanyň uly ogly Juçynyň goşunlary buza doňan Ýeniseý derýasyndan geçip, Günorta Sibiriň we Sayano-Altaýyň halklaryny özüne tabyn edipdirler. Şu pursatdan başlap, Sibir halklarynyň taryhynda mongollaryň döwri başlanýar. 1224-nji ýylda Çingiz han eýelän ýerlerini ogullaryna paýlanda, Sibiriň Tuwa, Minus, Dagly Altaý sebitleri Juçynyň paýyna düşýär. 1227-nij ýylda bu ulus Tuluý hanyň eýeçiligine geçýär. Günorta tarapdan Juçynyň ulusy Horezmdäki Jagataýyň ulusy bilen serhetdeşdi. Juçynyň ogly Baty hanyň harby ýörişleri netijesinde, mülk çäkleri Günbatara tarap giňelipdir. XIII asyrda Mongollaryň döwletinden aýrylan bu ulus Gyzyl Ordanyň özeni bolupdyr. Mongollaryň goşunlary dürli milletlerden düzülendi, onda güýçli tertipde mongol, türki we eýran dilli çarwa taýpalaryň wekilleri birleşdirilipdir.

Mongol şekillendiriş sungatynyň iň gadymy nusgalary – daşda çekilen suratlardyr. Mongol sungatyna tibet buddizminiň, hindileriň, nepallaryň hem-de hytaýlaryň medeni däpleri uly täsir edipdir. XIII asyrda döredilen «Mongollaryň syrly rowaýatlary» bu halkyň iň gadymy edebi-taryhy çeşmesi bolup durýar. XIII–XV asyrlarda «32 agaç adam barada rowaýat», Çingiz han barada rowaýatlar emele gelýär, sanskrit, tibet, uýgur dillerden buddaçylyk taglymatlar terjime edilýär.

Mongollaryň saz sungaty özünde halk aýdymlary, instrumental döredijiligi we gadymy epiki rowaýatlary jemleýär. Halkyň wokal sungaty öz köklerini gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. XVII asyrdan «çeküwli aýdymlaryň» žanry ösdürilýär («Keruleniň bosagasy», «Bagtyň we rysgalyň depesi»), olaryň özboluşly ýerine ýetirijilik aýratynlyklary nesilden-nesle geçip saklanylýar. Halk aýdymçylarynyň arasynda *Uldzuý* lubsan-hurçi, *Tudub, Altan-gerel,*

*M. Dugaržaw* ýaly ussatlar bellidir. Olar bokurdakda aýdylýan aýdymlary ýerine ýetiripdirler.

Mongol sazy pentatonika boýunça düzülen. Halk aýdymlary ýeke seslidir. Olary uly diapazon, çylşyrymly ritm, baý ornament heňi tapawutlandyrýar. Aýdymlar liriki, zähmet, degişme we dini görnüşlere bölünýär. Halk aýdymlar saz gurallaryň sazandarlyk edilmeginde ýerine ýetirilýär.

Mongoliýa halklarynda iki sesli aýdym aýtmaklyk däbi gadymy döwürden bäri ýaýran. Aýdymçy birbada iki sesi: bas we flažolet sesleri aýdýar. Biziň günlerimizde mongollardan başga-da bu sungaty tuwalylar, kalmyklar, başgyrtlar we altaýlylar ulanýarlar. Iki sesli bokurdakdan çykýan aýdymlar köne döwürden bäri etnograflary we halk döredijiligini öwrenijileri gyzyklandyrypdyr, olar bu aýdylyş usuly «Sessiz aýdym», «Şamançylyk sungaty», «Bokurdak oýny», «Sesli sykylyk» diýip atlandyrypdyrlar.

Biziň günlerimizde iki sesli bokurdak aýdymlarynyň iki görnüşi belli. Olaryň birinjisi hindi-tibet buthanalarynda *budda* we *lama* tarapyndan aýdylýar. Ikinji görnüşe ýogyn bokurdak sesi bilen aýdylýan ertekiler, taryhy rowaýatlar (*kaý, haý, kaýo, haýlaý*) degişlidir. Bu däp mongollarda, altaýlylarda, hakaslarda, başgyrtlarda, ýakutlarda we altaý sebitlerinde ýaýran.

Mongollaryň esasy saz gurallaryna *amanhur* (dodak garmonikasy), *morinhur* (kirişli kemençeli saz gural) we *limb* (bambuk fleýtasy) degişlidir.


**Morinhur**

**Morinhur** (*Morin huur* – at kelleli saz gural) – Mongoliýada ýaýran kemençeli kirişli saz gural. Morinhuryň sapy atyň kellesi şekilinde ýasalýar. Saz guralyň sesi mongol poeziýada atyň kişňemesi ýa-da ýeliň öwüsmegi bilen deňeşdirilýär; käbir sazlarda atyň kişňemesi şekillendirilýär. Dört burçly trapesiýa şekilli gabyň ýokarsyndan ham-

dan, aşakdan agaçdan ýasalan gapaklar ýerleşýär. Perdesiz sapda iki sany gulak dakylan. Saz guralyň uzynlygy 100–110 *sm*.

Sapa çekilen kirişler «erkegiňki» (130 sany gyldan ýasalan) we «aýallaryňky» (105 sany) bolup biler. Kirişler kwarta düzülen, öňler kwinta düzülişi hem bardy. Morinhuryň kemençesi ýaý görnüşde agaçdan ýasalýar, oňa dartgynly bolmadyk görnüşde atyň gyllary dakylýar. Sesler flažolet görnüşde, sapa degrilmän ýaňlandyrylýar. Kirişler, esasan, süýem we orta barmaklary bilen gysylýar, baş barmak ses çykarmakda ulanylmaýar.

Kemençe sag elde tutulýar, çalynýan pursadynda sazanda eli bilen gyllaryň dartgynlygyny üýtgedip, sesiň tembrini baýlaşdyrýar. Morinhurda oturyp, saz guralyň gabyny dyzlaryň arasynda gysyp çalýarlar. Bu erkekleriň saz guralydyr, ol ýekelikde çalynmak, şeýle-de akkompanirleýji maksatlary üçin peýdalanylýar. Esasan, morinhur çeküwli aýdymlaryň we epik rowaýatlaryň sazandarlyk edilmeginde giňden ulanylýar. Dini sazlarda morinhur gatnaşmaýar.

Mongol rowaýatlarynda bu saz guralynyň döreýşi *Suhe* diýen oglan bilen baglanyşdyrylýar. Rehimdar han Suheniň atyny öldürensoň, bu atyň arwahy oglanyň düýşüne girip, saz guraly ýasamagy tabşyrýar. Suhe ilkinji morinhur döredipdir, onda oglan saz guralyň sapyny atyň süňkünden, kirişlerini atyň gylyndan ýasapdyr, agaç gabyna atyň hamyny berkidipdir we sapyň ujuny at kellejiginiň şekili bilen bezäpdir.

Ýewropa ýurtlaryna morinhury 1275-nji ýylda *Marko Polo* getiripdir, bu saz gural alyma Hytaýda bolan döwründe sowgat hökmünde berlipdir.

Mongollaryň çeküwli aýdymlary aýlaw dem almak usulynda *limbe* saz guralynyň sazandarlyk etmeginde hem ýerine ýetirilýär. **Limbe** – agaçdan ýa-da bambukdan ýasalýan mongollaryň fleýta görnüşli saz guraly. Aýlaw dem almak usuly limbede ýerine ýetirijilere, çeküwli aýdymlara mahsus bolan giň, üznüksiz äheňleri döretmäge mümkinçilik berýär. Bu saz guralda *pentatonika* ladda labyzly, melizmlerden doly heňler ýerine ýetirilýär. Çalyş usullaryň

çylşyrymlylygy bu saz guralda ýerine ýetirijilik tejribäniň ýitmegine getirýär. Häzirki wagtda Mongoliýada limbede professional ýerine ýetirijileriň diňe 14 sanysy bar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Mongollaryň taryhy barada gysgaça gürrüň beriň.
**2.** Mongol halk sazy haýsy žanrlary öz içine alýar?
**3.** Çeküwli aýdymlaryň esasynda haýsy alamatlar ýatyr?
**4.** Olaryň ýerine ýetirijileri kimler?
**5.** Iki sesli aýdym aýdylyş usullary barada gürrüň beriň.
**6.** Bu ýerine ýetirijilik aýratynlyklary başga haýsy halklarda bar?
**7.** Mongollaryň saz gurallaryny häsiýetlendiriň.

13. Sargyt № 2977

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. *Аманов Б., Мухамбетова А.И. Казахская* традиционная музыка и XX век. Алматы, 2002.

4. *Ахметжанова Н.В*. Башкирская инструментальная музыка. Наследие. Уфа, 1996.

5. *Бартольд В.В*. Туркестан в эпоху монгольского нашествия. Сочинения. Т. 5. М.: Наука, 1968.

6. *Бахман В*. Среднеазиатские источники о родине смычковых инструментов // Музыка народов Азии и Африки. Сб. трудов. Вып.2. – М.: СК, 1973, стр. 349–373.

7. *Беляев В.М*. Музыка алтайских народов // Виктор Михайлович Беляев. Сб. статей. М., стр. 1990, 56–62.

8. *Быков Ф.С*. Китай (вступительная статья) // Музыкальная эстетика стран Востока /Общ. ред. В.П. Шестакова. М., 1967, 140-166.

9. *Виноградов В.С*. Музыка Советского Востока. М., 1968.

10. *Вызго Т.С*. Музыкальные инструменты Средней Азии: Исторические очерки. М.: Музыка, 1980, 191.

11. *Гумилев Л.Н*. Древние тюрки. М., 1967.

12. *Ерзакович Б*. Песенная культура казахского народа. Алматы, 1966, 401.

13. *Еолян И.Р*. Традиционная музыка арабского Востока. М.: Музыка, 1990, стр. 240.

14. История музыки Средней Азии (ред. Т.Соломоновой). М., 1995.

15. *Кароматов Ф.М*. Узбекская инструментальная музыка. Т., 1972, стр. 360.

16. Киргизский героический эпос «Манас». Сб.ст. М., 1961.

17. *Кондратьев С. А.* Музыка монгольского эпоса и песен. М.: СК, 1970, стр. 248.

18. *Короглы Х. Г.* Взаимосвязи эпоса народов Средней Азии Ирана и Азербайджана. – М.: Наука, 1983.

19. *Лебединский Л. Н.* Башкирские народные песни и наигрыши. М., 1965.

20. *Луганский Н. Л.* Калмыцкие народные музыкальные инструменты. Элиста: Калм. кн. изд., 1987, стр. 63.

21. *Майдар Д.* Памятники истории и культуры Монголии. М.: Мысль, 1981, стр. 174.

22. «Манас» – героический эпос киргизского народа. Сб.ст. – Фрунзе: Илим, 1968.

23. *Марко Поло*. Книга Марко Поло. 4-е изд. М.: Мысль, 1997, стр. 461.

24. Музыка народов Центральной Азии. Алматы, 2009.

25. *Пахратдинов А.* Роль творчества народных шаиров в развитии каракалпакской литературы. Нукус, 1978, 286.

26. *Рахимов Р. Г.* Башкирская народная инструментальная культура: этноорганология. Уфа, 2006.

27. *Сагитов И.* Каракалпакский героический эпос. Т., 1962.

28. *Садоков Р. Л.* Археологические источники в изучении музыкальной культуры древнего мира. // Народные музыкальные инструменты и инструментальная музыка. Ч. 1. М.: СК, 1987, стр. 137–147.

29. *Садоков Р. Л.* Музыкальные инструменты древнего Хорезма в памятниках изобразительного искусства // Музыка народов Азии и Африки. М., 1969.

30. *Сарыбаев Б. Ш.* Казахские музыкальные инструменты. Алма-Ата: Жалын, 1978, стр. 174.

31. *Сисаури В.* Гагаку музыка древней Японии (характеристика форм и жанров). // Музыка народов Азии и Африки. Вып.4./ Сост. и ред. В.С. Виноградов. М.: СК, 1984, стр. 194–212.

32. *Смирнов Б. Ф.* Музыка народной Монголии. М., 1975.

33. *Сузукей В. Ю.* Тувинские традиционные музыкальные инструменты. Кызыл, 1989, стр. 144.

34. *Толстова Л. С.* Использование фольклора при изучении этногенеза и этнокультурных связей народов (на среднеазиатском материале). // Фольклор и историческая этнография. М.: Наука, 1983, стр. 6–21.

35. *Турсунов Е.* Древнетюркский фольклор: истоки и становление. Алматы, 2001.

36. *Урманчеев Ф.И.* Эпические сказания татарского народа. // Эпос тюркских народов. Казань, 1981, стр. 120.

37. *Утегалиева С.* Хордофоны Центральной Азии. Алматы, 2006.

38. *Халтаева Л.А.* Генезис и эволюция бурдонного многоголосия в контексте космогонических представлений тюрко-монгольских народов. // Автореф. дисс... канд. искусствоведения. Ташкент, 1991, стр. 27.

39. *Хорнбостель Э.М.*, Закс К. Систематика музыкальных инструментов. // Народные музыкальные инструменты и инструментальная музыка. Сб. статей / Под ред. Е.В. Гиппиуса. М.: СК, 1987, стр. 229–261.

40. *Чайтанья Дева Б.* Индийская музыка. М.: Музыка, 1980, 208.

41. *Шейкин Ю.И.* Музыкальные инструменты удэ (этимология, конструкция, наигрыши). // Музыкальное творчество народов Сибири и Дальнего Востока. Сборник научн. трудов. Вып.3. Новосибирск, 1986, стр. 38–72.

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

**I. Merkezi Aziýa halklarynyň saz medeniýeti** ................................... 9

1. Gazaklaryň saz medeniýeti ........................................................ 9
2. Gyrgyzlaryň saz medeniýeti ....................................................... 19
3. Özbekleriň saz medeniýeti ......................................................... 27
4. Garagalpaklaryň saz medeniýeti ................................................. 40
5. Tatarlaryň saz medeniýeti .......................................................... 43
6. Başgyrtlaryň saz medeniýeti ....................................................... 48
7. Uýgurlaryň saz medeniýeti ......................................................... 53
8. Türkleriň saz medeniýeti ............................................................ 60
9. Täjikleriň saz medeniýeti ........................................................... 65
10. Eýranyň saz medeniýeti ............................................................ 71
11. Owganlaryň saz medeniýeti ....................................................... 83

**II. Sibiriň türki dilli halklarynyň saz medeniýeti** ............................. 91

1. Altaý halklarynyň saz medeniýeti ............................................... 96

**III. Kawkaz halklarynyň saz medeniýeti** ........................................ 108

1. Azerbaýjanlaryň saz medeniýeti ................................................. 109
2. Ermenileriň saz medeniýeti ........................................................ 118
3. Gruzinleriň saz medeniýeti ........................................................ 127
4. Abhazlaryň saz medeniýeti ......................................................... 132
5. Osetinleriň, çeçenleriň we inguşlaryň saz medeniýeti ..................... 136

**IV. Hindileriň saz medeniýeti** ...................................................... 143

**V. Araplaryň saz medeniýeti** ........................................................ 156

**VI. Hytaýlaryň saz medeniýeti** ...................................................... 167

**VII. Ýaponlaryň saz medeniýeti** ..................................................... 178

**VIII. Mongollaryň saz medeniýeti** .................................................. 190

Peýdalanylan edebiýatlar ................................................................ 194

*Leýla Babaýewa, Myrat Gurbanow*

# GÜNDOGAR HALKLARYNYŇ SAZ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Ylmy redaktor | *J. Gurbanowa* |
| Redaktor | *B. Atabaýewa* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 07.02.2013. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 12,5. Şertli reňkli ottiski 50,25.
Hasap-neşir listi 9,93. Çap listi 12,5. Sargyt № 2977. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.